**TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET**
**«MIRAS» MERKEZI**
**TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN**
**MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY**

# EPENDI

Çapa taýýarlan
Amangül Durdyýewa
dil – edebiýat ylymlarynyň konditaty

**AŞGABAT «MIRAS» 2006**

## Meni täze öýe göçüreňzokmy?

Günlerde bir gün Ependiniň[1] öýüne giren ogrular tapan-tupan zatlaryny göterip gidipdirler. Muny gören Ependi hem olaryň söbügine düşüp gidiberipdir.

Ogrular şol gidip baryşlaryna öýlerine ýetipdirler. Ependä gözleri düşen ogrular:

– Ýeri, siz nirä gelýärsiňiz? – diýip sorapdyrlar.

Onda Ependi:

– Weý, siz näme meni täze öýe göçüreňzokmy? – diýip, olaryň özlerine sorag beripdir.

## Guýyny çöwrüp goýupdyrlar

Günlerde bir gün Ependi bir minaranyň düýbünde oturan eken. Adamlar Ependiden:

– Bu näme? – diýip sorapdyrlar.

Ependi minara bakyp:

– Päheý, nämedir öýdýärsiňiz? Şonam bileňzokmy? Bu aslynda bir guýy. Muny guratmak üçin çöwrüp goýupdyrlar – diýip jogap beripdir.

## Ahyry geler

Günlerde bir gün bir ogry Ependiniň bir bölek peýnirini ogurlapdyr. Ependi ogryny gözläp, çeşmäniň boýuna barypdyr.

– Ependi, bu ýerde näme işleýärsiň? – diýenlerinde ol:

– Aý, peýniri iýeni tutjak bolýaryn. Ol ahyry suwsap çeşmäniň başyna-ha geler – diýipdir.

## Halwany zor bilen iýdirýärler

Günlerde bir gün Ependi Konýada[2] bazarda gezip ýörkä, bir halwaçynyň dükanyna gabat gelipdir. Halwaçy dükanyny açyp, halwalary dükanyň öňüne çykaryp goýupdyr. Ependi «Bismilla!» diýip, elini uzadyp, halwadan iýmäge başlapdyr.

Muny gören halwaçy:

– Eý, nadan! Näme üçin meniň halwamdan iýýärsiň? – diýipdir.

Ependi oňa jogap bermän, halwadan iýmegini dowam etdiripdir. Halwaçy gazaba münüp, Ependini ýençmäge başlapdyr.

---

[1] Şu nusgada Ependi “Nasreddin Ependi” diýlip atlandyrylýar.

[2] Konýa – Türkiýedäki bir şäher.

Ependi urgynyň zarbyna çydaman, derrew başyny galdyrypdyr-da:
– Eý-weý! Konýanyň adamlary, gör, nähili ajaýyp eken. Olar halwany ura-ura zor bilen iýdirýärler – diýipdir.

## Öýde hiç zat ýok

Günlerde bir gün Ependiniň öýüne bir ogry giripdir. Ony görenler:
– Ependi, öýüňe ogry girdi – diýipdirler.
Onda Ependi:
– Aý, siz ony gaýgy etmäň. Näme bolsa görübereris. Barybir öýde almaga hiç zat ýok – diýip ýatyberipdir.

## Donuň içinde bolmanyma şükür edýärin

Ependiniň öýüniň öňünde bir bakjasy bar eken. Günlerde bir gün aýaly kir ýuwup, Ependiniň donuny bakjanyň içinde ýüpe seripdir. Ependi mundan bihabar eken. Ependi gije garaňkyda görse, bir adam bakjada ellerini serip durmuş. Ependi aýalyna:
– Eý, keýwany! Tiz bol, okumy-ýaýymy getir. Bakjamyza bir ogry giripdir – diýipdir.
Aýaly derrew Ependiniň ok-ýaýyny onuň eline tutdurypdyr. Ependi ok-ýaýyny eline alyp nyşanalap, atyp goýberipdir. Atylan ok «ogrynyň» edil garnyndan degipdir. Ependi hondanbärsi bolup:
– Ine, biziň bilen oýun etseň, şeýle bolar – diýipdir.
Ertesi ir bilen Ependi bakja baryp görse, agşamky ogrudyr öýdüp atany öz dony eken. Ependi muny gören badyna maňlaýyny ýere urup:
– Eý, Alla, seniň rehimdarlygyňa şükür! – diýip, doga okamaga başlapdyr.
Aýaly haýran galyp:
– Sen näme beýle şükür edip, yzyny üzmän, doga okaýarsyň? – diýip soranda, Ependi:
– Alhamdilulla! Donuň içinde özümiň bolmanyma şükür edýärin – diýip jogap beripdir.

## Kyýamat näçe?

Günlerde bir gün adamlar Ependiden:
– Kyýamat haçan gopar? – diýip sorapdyrlar.
Onda Ependi:
– Siz haýsy kyýamat barada soraýarsyňyz? – diýip, olara ýüzlenipdir. Onda töweregindäkiler geň galyp:
– Kyýamat aslynda näçe bolýar? – diýip sorapdyrlar.
Ependi:
– Kyýamat ikidir. Eger meniň aýalym ölse, ol kiçi kyýamat bolar. Eger-de özüm öläýsem, onda uly kyýamat bolar – diýipdir.

## Niresinden tutup çykarmaly?

Günlerde bir gün agşam adamlar Ependä:

– Pylanynyň eşeginiň guýruksyz kürresi bolanmyş – diýenler.

Muny eşiden Ependi:

– Toba, toba! Ýeke gije gaýgysyz ýatyp bolanok-la! – diýipdir.

Onda adamlar:

– Ependi, senem-aý, mundanam bir saňa gaýgy bolarmy? – diýipdirler.

Onda Ependi:

– Ýa, adamlar, sizem bir hili-äý! Ol kürre eşek bolup ýetişenden soň, birden batga ýykylaýsa, onuňam guýrugy bolmasa, biz ony niresinden tutup çykararys? – diýipdir.

## Bu eprik agajy bolmaly

Günlerde bir gün Ependi bir serwi agajynyň aşagynda oturan eken. Adamlar Ependiden:

– Bu agaç haýsy agaçka? – diýip soranlar. Ependi:

– Nähili gowy agaç eken – diýip, başyny ýokary galdyryp, agaja seretse, agajyň üstünde bir garga oturan eken. Birdenkä ol garga Ependiniň üstüne ak nem damdyrypdyr.

Ependi adamlara garap:

– Diýmek, siz bu agajyň haýsy agaçdygyny bileňizok-da? – diýip, sözüni dowam etdiripdir. Olar:

– Ýok, bilemzok– diýipdirler.

Onda Ependi:

– Meniň üstüme daman zada seretseň-ä, bu eprik agajy bolmaly – diýipdir.

## Diňe sarysy galypdyr

Günlerde bir gün Ependiden:

– Erik agajy nähili agaç bolmaly? – diýip sorapdyrlar.

Ependi:

– Ol agaç bir wagtlar ýumurtga getirýän agaç eken. Onsoň günlerde bir gün güýçli doly ýagyp, ýumurtgalaryň agy gidipdir. Ine, şondan soň onuň diňe sarysy galypdyr. Olary hem indi siz ol agaçda görýärsiňiz – diýip jogap beripdir.

## Maňa şol bolýar

Ependi bir gün bazardan bir teňňä dokuz sany ýumurtga satyn alypdyr. Bazaryň başga burçuna barybam: «Onusyny bir teňňä satjak» diýip, gygyryp başlapdyr.

Adamlar geň galyp:

– Ependi, sen näme üçin öz zyýanyňa satýarsyň? – diýip soranlarynda, ol:

– Aý, zyýan boldy, peýda boldy, parhy näme? Esasy zat, dostlarym meniň işlidigimi, ýa işli däldigimi görseler, maňa besdir – diýip jogap beripdir.

## Indi birneme guşa meňzediň!

Günlerde bir gün Ependi leglek tutup, öýüne getiripdir. Görse, leglegiň burny-da, aýaklary-da uzyn eken. Onsoň Ependi eline pyçak alyp, leglegiň burnuny we aýaklaryny kesip gysgaldypdyr-da:

– Ana, indi birneme guşa meňzediň! – diýipdir.

## Men ýalňyşypdyryn

Günlerde bir gün Ependi hoz agajynyň aşagynda oturyp: «Näme üçin gawun-garpyz ýaly gök önümler inçejik golda ösüp, hoz ýaly kiçijik önümler äpet agaçda bitýärkä?» diýip, pikir öwrüpdir. Soňra öz ýanyndan: «Geň galmaly, Allatagala älemi döredende, pikir edip başyny agyrtmadyk bolsa gerek. Ýogsa ol gawun-garpyz ýaly gök önümleri öz göwrümine görä uly baglarda ösdürip, hoz agajyny kiçijik ösümlik ederdi» diýipdir.

Şol wagt güýçli ýel turup, bir hozy sapagyndan tänderipdir, ol hem gelip, onuň çat maňlaýyna degipdir. Ependi agyra çydaman gygyrypdyr-da:

– Wah-eý, Allatagala edýän zadyny bilip edýär eken. Men ýalňyş pikir eden ekenim. Eger şol hozuň göwrümi garpyz ýa-da gawun ýaly bolan bolsa, meniň kellämi mynjyradardy – diýipdir.

## Şonda bilerdiň

Günlerde bir gün Ependi hammama gidipdir. Onuň bagtyna hammamda hiç kim ýok eken. Ependi töweregine göz aýlap aýdym aýtmaga başlapdyr. Öz sesi gulagyna hoş ýaran Ependi: «Şeýle ýakymly sesim barka, näme üçin men öz sesimi adamlardan gizlemelimişim» diýip - pikir eden.

Hammamdan çykan badyna-da, wagtyna biwagtyna garaman, minara çykyp, azan aýtmaga durupdyr.

Bir adam:

– A-how, akmak! Sen näme üçin ýakymsyz sesiň bilen biwagt azan aýdýarsyň? – diýip, aşakdan gygyrypdyr.

Ependi bolsa aşak eglip:

– Eger şu ýerde bir haýyr-sahawatly adam hammam guraýan bolsady, sen meniň owazymyň nähili ýakymlydygyny şonda bilerdiň – diýip jogap beripdir.

## Bag üzümsiz bolmaz

Günlerde bir gün Ependi üzüm iýmäge baga barypdyr we öz-özüne: «Eger bagda üzüm bolmasa, men üzümsiz ölerin. Emma bag hiç haçan üzümsiz bolmaz» diýipdir.

## Erte kyýamat gopýan bolsa...

Ependiniň bir guzusy bar eken. Dostlary degşip, ol guzyny iýmek isläpdirler. Onsoň aralaryndan birini Ependiniň ýanyna iberipdirler. Ol baryp:

– Ependi, bu guzyny näme edersiň? Erte kyýamat gopýarmyş, derrew guzyny soýup, kebap edip iýeli – diýipdir.

Ependi ol adama asla ýüz bermändir-de:

–Gaýtadan baryp ýene oýlan – diýipdir.

Ol adam «Oýlandym» diýip, ýene-de barypdyr, Ependi ahyry razy bolup:

– Onda geliň, bir sähralyga gideliň. Guzyny soýup, kebap edip iýeliň – diýipdir. Olar bir sähralyga barypdyrlar.

Ependi olara garap:

– Siz dem-dynjyňyzy alyberiň. Men kebap bişirerin – diýipdir.

Ol janlyny soýup, tagam taýýarlaýança, dostlary eşiklerini çykaryp: «Biz egin-eşiklerimizi seniň ýanyňda goýjak» diýip, suwa düşmäge gidipdirler.

Ependi oturlyşygyň eýesi hökmünde ot ýakypdyr we olaryň egin-eşiklerini oda oklapdyr.

Bir zamandan soňra dostlary: «Kebap bişendir, iýeliň» diýip, gelip görseler, ählisiniň egin-eşikleri otda ýanypdyr. Olar bu ahwaly görüp:

– Biziň egin-eşiklerimizi näme üçin ýakdyň? Biz indi näme geýeli? – diýipdirler.

Ependi ýalaňaç galyp, busulyşyp duran dostlaryna bakyp:

– Ertir kyýamat gopýan bolsa, size egin-eşik nämä gerek? – diýipdir.

## Kem bolsa almaryn

Ependi her säher ýerinden turup: «Hudaýym, maňa müň tyllany özüň ýetir-dä. Eger birini kem berseňem almaryn» diýip, dileg etmegi endik edipdir. Söwdagär goňşularynyň biri onuň bu dilegini eşidip ýören eken.

Ol Ependini synap görmek üçin bir gün ertir bilen Ependiniň doga okap oturan wagty öýüň tüýnüginden 999 tyllany haltajyga salyp, aşak sallapdyr. Özi hem: «Ependi näderkä»? diýip, diň salyp durupdyr. Ependi: «Allatagala meniň nalyşymy eşidip eçildi-ow» diýip, tyllalary alyp, sanap görüpdir welin, laýyk dokuz ýüz togsan dokuz eken.

Ependi biraz pikirlenip:

– Be-ýeý, Allatagala, bir tyllany haltanyň bahasy hökmünde tutup galan eken-ow! – diýip, tyllalary kisesine salypdyr.

Söwdagär Ependiniň rejesiniň geň däldigini görüp, howsala düşüp, derrew onuň ýanyna ylgap gelipdir-de:

– Ependi, meniň tyllalarymy gaýtaryp ber! – diýipdir.

Ependi agraslyk bilen:

– A-how, seniň akylyň bir ýerindemi? Sen nähili tyllaň gürrüňini edýäň? Hiý, men senden pul diledimmi? Hiý, seniň maňa pul beren ýeriň barmy? – diýip, onuň al-petinden alypdyr.

Söwdagär:

– A-how, Ependi, sen her gün Alladan müň tylla diläp: «999 tylla berseň welin, alman» diýýärdiň. Seniň öz sözüňde tapylýanyňy-tapylmaýanyňy biljek bolup, şunça tyllany öýüň tüýnüginden okladym – diýip, hernäçe janyksa-da, Ependi şelaýynlyk bilen ýylgyryp:

– Şu bihuda gepleriňe özüň beri ynanýarmyň? Heý-de, söwdagärem şeýle köp puly öýüň tüýnüginden oklarmy? Muny Allatagalanyň, hut, özi meniň zaryn nalyşymy eşidip, gizlin hazynasyndan eçildi? – diýip, şol bir depen ýerini depip durupdyr.

Söwdagär bu işiň aňsatlyk bilen çözülmejegini bilip, kaza gitmegi teklip edipdir.

Ependi:

– Men kazydan gaçamok, ýöne maňa pyýada gitmek gelişmeýär – diýipdir. Söwdagär muňa bir oňat gatyr getirip beripdir.

Ependi bolsa:

– Men bir abraýly adam. Egnimdäki şu horaşaja çekmän bilen maňa kazynyň huzuryna barmak uslyp däl – diýip, ýene-de geregini artdyrypdyr.

Söwdagär näme-de bolsa, öz dawagärini kaza äkitjek bolup, oňa bir oňat içmek hem getirip berip, gatyra mündürip, kazynyňka alyp gidipdir.

Ependi bilen söwdagär ikisi kazynyň huzuryna baryp durupdyrlar.

Kazy olardan:

– Size näme gerek? – diýip sorapdyr.

Söwdagär söze başlap:

– Bu adam meniň pylança tyllamy aldy-da, indem ony bermekden ýüz öwürýär – diýipdir.

Kazy Ependä ýüzlenip:

– Ýeri, sen näme jogap berýärsiň? – diýipdir.

Ependi bolsa:

– Tagsyr, siz bu adamdan bir sorap görüň, ol şu aýdan puluny maňa eli bilen berdimikä? – diýipdir.

Şundan soň söwdagär bolan wakany birin-birin kaza gürrüň beripdir.

Ependi ýylgyryp:

– Tagsyr, bu söwdagär meniň duldegşir goňşym. Belki, ol meniň pul sanap oturanymy görendir ýa-da eşidendir. «Gyzyl görse, Hydyr azar» diýlenini edip, başyma guýlup durany hem şonuň üçindir. Dogrudan hem, Allatagala maňa köp puly peşgeş berdi. Mundan müň esse artyk eçilmäge-de ol ygtyýarly. Bir adam açlygyndan öljek bolup ýatanda-da, heý, söwdagärden oňa haýyr bolar öýdýäňizmi? Ol mekirlik edip meniň barja rysgalymy-da elimden aljak bolýar. Men-ä şu münüp gelen gatyryma-da «dawa edermikä» diýip gorkýan – diýipdir.

Söwdägär:

– Elbetde, dawa ederin. Sebäbi ol meniňki. Kaza pyýada gaýtmajagyňy aýdyp, ýer depip duransoň, men öz gatyrymy getirip bermedimmi, eýsem? – diýip gygyrypdyr. Şunda kazyda birneme şübhe döräpdir.

Ependi bolsa sözüni dowam edip:

– Eşitdiňmi, tagsyr? Indi ol meniň egnimdäki içmegime dawa edip başlamasa-da biri – diýipdir. Söwdagär saklanyp bilmän, Ependiniň sözüni soňlaryna mähetdel:

– Eýsem, sen nireden içmekli bolduň? Elbetde, içmegem meniňki – diýip gygyrypdyr. Şonda kazy gaharlanyp:

– Häý, bedasyl, sen indi munuň egnindäki baryna-ýoguna hem dawa edip ugradyňmy? Güm bol, gözüme görünme! – diýip, gygyryp, söwdagäri kowup goýberipdir. Ependi öýlerine gelensoň, söwdagäri çagyryp, onuň zatlaryny yzyna gaýtaryp beripdir.

## Aý söwdasyny edemok

Bir gün Ependiden:

– Bu gün aýyň üçümi ýa bäşi?– diýip sorapdyrlar.

Onda Ependi:

– Men-ä bilmedim. Indi näçe wagtdyr, aý söwdasyny edemok – diýip jogap beripdir.

## Men dirikäm şu ýoldan gatnaýardym

Günlerde bir gün Ependi bir agajyň üstüne çykyp, onuň şahasyny döwmäge başlapdyr. Ýoldan geçip barýan bir adam:

– Eý, Ependi, beýle etme, düş aşak! Ýogsam ýykylarsyň – diýip gygyrypdyr.

Ependi onuň aýdanyna gulak gabartmandyr. Şol barmana onuň oturan şahasy omrulyp, dik başaşak kelemenläp gaýdypdyr. Ependi agyran-ynjan ýerine seretmän, hasanaklap ýerinden turupdyr-da, ýaňky adamyň yzyndan eňipdir. Barşyna-da:

– Sen bir weli adam ekeniň. Meniň ýykyljagymy-ha bildiň. Haçan we nämeden öljegimi hem aýdyp gidersiň – diýip, zar-zelil bolup, onuň synyndan ýapyşypdyr. Ol adam hem munuň elinden çaltrak sypjak bolup:

– Sen odun ýükli eşegiň ýapydan ýokaryk çykyp barýarka, üçünji gezek ýel goýberende ölersiň. Birinji gezekde seniň janyň üçden biri, ikinji gezekde üçden ikisi çykar, üçünji gezekde bolsa, sen bütinleý ölersiň – diýip jogap beripdir. Ol adam şunuň ýaly gödeksi jogap berip, öz ýoly bilen gidiberipdir.

Bir gün Ependiniň eşegi ýapydan ýokaryk çykyp barýarka, birinji gezek ýeňlände Ependi: «Wah, indi ölýän, endamym sowap başlady» diýip oýlanypdyr. Ikinji gezekde: «Wah, ölümim ýakynlaşdy» diýip pikir edipdir. Üçünji saparynda bolsa, «Wah, armanly öldüm» diýip, ýykylyp ýatyberipdir.

Onuň ýykylyp, ýüzüni aktam edip sessiz-üýnsüz ýatanyny gören adamlar daşyna üýşüpdirler. Olar derrew ýakyndaky obalaryň birinden tabyt getiripdirler. Ependini tabyda salyp, şähere alyp ugrapdyrlar. Olaryň ýoly batgalygyň üstünden düşüpdir. Öňlerindäki ýol hem şu ýerden üç aýrylýan eken. Adamlar ol ýollaryň haýsysyndan gitjeklerini bilmän, maslahatlaşyp durkalar, Ependi tabytdan kellesini galdyryp:

– Men dirikäm-ä şu ýoldan gatnaýardym. Indi bolsa özüňiz biliň – diýip, ýol salgy berip, ýene ýatyberipdir.

## Iý, donum, iý!

Günlerde bir gün Ependiniň bir goňşusy zyýapat[1] edipdir. Ol zyýapata Ependi hem barypdyr. Zyýapatyň eýesi oňat geýnüwli adamlary töre geçirip hormatlapdyr.

Öý eýesi Ependiniň eginbaşlary onçakly gowy bolmansoň, ony aşakda, pesräk ýerde oturdypdyr, oňa onçakly üns bermändir. Ertesi gün Ependi gowy geýnip, ýenede zyýapata barypdyr. Zyýapatyň eýesi bu gezek Ependini garşylap, hormat edip ony törde oturdypdyr. Orta tagam gelipdir. Zyýapatyň eýesi Ependä:

– Iýiberiň! – diýipdir. Ependi donunyň ýeňini tutup:

– Iý, donum, iý! – diýen.

Saçagyň başynda oturanlar oňa ýüzlenip:

– Ependi, näme üçin beýle diýýärsiň? – diýipdirler.

Ependi bolsa:

– Düýn köne eşiklerimde geldim. Eşigime seredip, ýüzüme beýle bakylmady. Bu gün bolsa oňat egin-eşigime garap, hormat edildi – diýip jogap beripdir.

## Gözagyryňdan dynmasaň gerek!

Günlerde bir gün Ependiniň ýanyna biri gelip:

– Meniň gözüm agyrýar, näme etmeli? – diýip sorapdyr.

Onda Ependi:

– Gözüňi köwletseň gutularsyň – diýende, ol adam:

– Heý-de, gözi köwledip bolarmy? – diýipdir.

Onda Ependi:

– Ýakynda dişim agyrdy welin, men-ä sogurdyp zordan dyndym, senem gözüňi köwledäýmeseň, o gözagyryndaň dynmasaň gerek – diýip, maslahat beripdir.

## Ependi we büreler

Günlerde bir gün Ependiniň öýüne büreler çozup başlapdyr. Ependi näderini bilmän, öýüne ot beripdir. Özem daşyndan seredip duran, görse, öýi labyrdap ýanyp duranmyş. Ol ellerini biri-birine urup «kah-kah» edip gülüpdir.

Adamlar:

– Eý, Ependi, nämä gülýärsiň? – diýenlerinde, Ependi:

– Öý ýandy. Büre bilen syçandan ahyry dyndym – diýipdir.

## Içi sary, daşy ak

Günlerde bir gün Ependiniň bäsdeşi sebede biraz ýumurtga salyp, ony Ependiden gizläpdir we:

– Eger şu sebetdäkiniň nämedigini bilseň, saňa heýgenek edip bereýin – diýipdir.

[1] Zyýapat – myhmançylyk, toý-meýlis, oturlyşyk.

Ependi:
– Bilerin – diýip, pikire batypdyr-da:
– Sen onuň nähili zatdygyny biraz ugrukdyr, belki, bilerin – diýipdir. Onda bäsdeşi:
– Içi sary, daşy ak – diýipdir.
Ependi:
– Hä, bildim, şalgamy[1] oýup, içine käşir salypsyň – diýipdir.

## Azabym ýerine düşüpdir

Günlerde bir gün Ependi gije guýa suw almaga barypdyr. Ol suw çekmek üçin guýynyň üstüne egilende, onuň düýbünde Aýyň şekilini görüpdir. Ependi: «Wah, Aý guýa gaçaýypdyr» diýip, iňkise gidip, haýdan-haý ony halas etmekçi bolup, öýüne baryp, bir gaňyrçak bilen ýüp alyp gelipdir. Ol Aýy çekip çykarmak üçin ýüpüň ujuna gaňyrçagy daňyp, aşak sallapdyr. Gaňyrçak birden bir uly daşa ilişip, saklanypdyr. Ependi gaňyrçak Aýdan ilişendir öýdüp, arkanrak gaýşyp, zor bilen ýüpi çekipdir welin, gaňyrçak sypaýypdyr. Ependi öz zarbyna çiň arkan serrelip gaýdypdyr. Şol ýatyşyna bir salymdan özüne gelip, ýokarsyna seredende asmandan parahat ýalbyrap bakýan Aýa gözi düşüp:
– Hudaýa şükür, azabym ýerine düşüpdir-ow! – diýip begenipdir.

## Ýa-da köwşümi ber!

Günlerde bir gün Ependi bir uly çeşmeden suw alyp täret kylmakçy bolup egilende, bir taý köwşi suwa gaçyp, suwuň akymyna gidipdir. Ependi şol wagt perýat edip, alan suwuny döküp:
– Eý, suw! Ynha, alan suwum, suwuňy al-da, köwşümi ber – diýip, zarynlap suwa ýalbarypdyr.

## Onda dünýä düňderiler ahyryn!

Günlerde bir gün Ependiden:
– Näme üçin bu dünýäniň adamlarynyň köpüsi ibirt-de zibirt bolşup, dürli taraplara gidip barýarlar? – diýip sorapdyrlar.
Onda Ependi:
– Eger hemme kişi bir tarapa gitse, ýeriň şol tarapy agralyp, dünýäniň düňderiläýmegi ahmal ahyryn! – diýip düşündiripdir.

## Merdiwany nirede satanda näme?

Bir gün Ependi bir çarbagyň haýatyna iç ýüzünden merdiwany söýäp, baga giripdir. Bagban onuň baga girenini görüpdir. Ol derrew Ependiniň ýanyna gelip:

[1] Şalgam – turp.

– Ýeri, halypa, bu ýerde näme işleýäň? – diýip sorapdyr.
Ependi darykman:
– Merdiwan satýaryn – diýipdir.
Onda bagban:
– Eý, Ependi, bu ýeri merdiwan satylýan bazarmydyr? – diýip, Ependiniň al-petinden alypdyr.
Ependi:
– Päheý, sen-ä bir gepe düşmez adam ekeiň. Merdiwandyr-da, nirede sataňda näme, onuň aýratyn bazary ýok ahyryn – diýipdir.

### Reňkini gysganmadyk bolarly

Ependiniň bir gara towugy bar eken. Bir gün ony bazara satmaga getiripdir. Onuň ýanyna bir hyrydar gelip:
– Şu towuk ak bolan bolsady, onda men satyn alardym – diýipdir.
Onda Ependi:
– Sen ertir bu ýere gel. Saňa bir ak towuk getireýin – diýipdir. Ol adam hem «bolýar» diýip, ylalaşyp öz ugruna gidipdir.
Ependi towugy öýe getiripdir. Soňra eline bir tokga sabyn alyp, suw ýyladyp, ol towugy ýuwmaga başlapdyr. Emma näçe ýuwsa-da, ol sähelçe-de agarmandyr. Ahyry Ependiniň jany ýanyp:
– Görýän welin, bu towugy reňklän adam reňkini gysganmadyk bolarly. Ol hakyny tüýs halallap işleýän adam eken – diýipdir.

### Maňa maý berdiňmi?

Bir gün Ependi biriniň bagyna girip, üzüm ýolmaga başlapdyr. Bagyň sakçysy ony görüp, daşdan gygyrypdyr:
– Eý, Ependi, ol ýerde näme işleýäň? Bagyň içinden çyk-da, ýok bol!
– Men meýdan edýän? – diýip, Ependi jogap beripdir.
Bagyň sakçysy:
– Seniň näme edýändigiňi häzir biläýeris – diýip, onuň ýanyna gelipdir.
Ependi golaýynda ýatan sygryň täzeje maçjasyny oňa görkezipdir.
– Ol sygryňky ahyryn – diýip, bagyň sakçysy garşylyk görkezipdir.
Onda Ependi:
– Sen gykylyklap, maňa adamyňky ýaly meýdan etmäge maý berdiňmi näme? – diýipdir.

### Gaş ýaly Aý

Bir gün Ependi Sibrihisar diýen ýere barypdyr. Görse, bir topar adam Aýa bakyp dur eken. Ependi olara:
– Bu ýer ne oňat ýer eken. Biziň şäherimizde arabanyň tekeri ýaly tegelenip duran Aýa-da seredýän ýok welin, bular gaş ýaly Aýa hüşerilişip durlar-aýt! – diýipdir.

## Yzymda araba bilen gelýär

Bir gün Teýmirleň Ependiniň ýaşaýan şäherine ýakyn gelende şäheriň adamlary jem bolup, ony garşy almaga çykypdyrlar. Ependi hem bir arabanyň tekeri ýaly saralan uly sellesini başyna geýip, eşege münüp, Teýmirleňiň öňünden çykypdyr. Teýmirleň:

– Ependi, başyňdaky selläň örän uly eken – diýip, geň galypdyr.

Onda Ependi:

– Tagsyr, bu meniň gije geýýän sellämdir, gündizki sellämyzymda, araba bilen gelýär – diýipdir.

## Örän ýyndamdy

Günlerde bir gün şäher häkimi Ependini çöwgen[1] oýnuny oýnamaga çagyrypdyr. Ependi hem bir garry öküze münüp, oýun meýdanyna barypdyr. Häkim geň galyp gülüpdir-de:

– Çöwgen oýnuny atly oýnamaly ahyryn. Sen näme üçin öküze münüp gelipsiň? – diýipdir.

Ependi:

– On ýyl mundan ozal, bu öküz gölekä örän ýyndamdy, uçup barýan guşy kowup ýetýärdi – diýip jogap beripdir.

## Iýmedik bolsam, ölerdim

Günlerde bir gün Ependi syýahat edip ýörkä, bir oba barypdyr.

Halaýyk onuň öňünden çykyp:

– Sen kim? Käriň näme? – diýipdir.

Ependi:

– Men ussat diş bejeriji hekim – diýipdir.

Olar:

– Gulam aganyň ogly keselläpdir. Seni onuň ýanyna alyp baraly. Oglana bir alaç eýle – diýipdirler.

Ependini hassanyň ýanyna alyp barypdyrlar. Gulam aga oňa tagzym edip:

– Eý, tebip, ussat hekim, meniň şu oglumyň derdine bir çäre tap! – diýip ýalbarypdyr.

Ependi:

– Bu ýerde ýag, bal, çörek tapylarmy? – diýipdir.

Aksakgal:

– Hawa, tapylar – diýip, ýag, bal we çörek getirip beripdir.

Soňra Ependi:

[1] Çöwgen – at üstünde egri taýakly oýnalýan top oýny.

– Men hekimligi jadylyk bilen edýärin. Maňa bir çemçe getiriň – diýen. Ependi başyny örtüp, bal bilen ýagy garyp, iýmäge başlapdyr.
– Bir salymdan soň Ependä:
– Keselli ýogaldy – diýip, habar beripdirler.
Onda Ependi:
– Bu iýmiti iýmedik bolsam, men hem ölerdim – diýipdir.

## Dawa meniň ýorganymyň üstünde

Bir gije Ependi öýde hassa ýatyr eken. Daşarda bir üýşmeleň sesi eşidilipdir. Ependi ýorganyny bürenip, daş çykypdyr. Şol wagt biri peýda bolup, Ependiniň arkasyndan gelip, ýorganyny alyp gaçyp gidipdir. Ependi öýe gelende aýaly:
– Bu nämäniň galmagaly? – diýip sorapdyr.
Ependi:
– Aý, keýwany, galmagal meniň ýorganymyň üstünde eken, ony aldylar, galmagal sowuldy – diýip jogap beripdir.

## Seni gözleýärin ahyryn...

Günlerde bir gün Ependi oglunyň elinden tutup bazara gidipdir.
Ogly Ependä:
– Kaka, men ýadadym – diýipdir.
Soňra Ependi ogluny omzuna alýar. Ol gidip barýarka, görse, ogly ýanynda ýok. Ependi ikibaka aýlanypdyr, emma ogluny tapmandyr. «Be, ol nirä gitdikä?» diýip, bazara baryp, ony gözläpdir. Ol bir halwa satýan dükançynyň dükanyna barypdyr. Şol wagt omzunda oturan ogly:
– Kaka, maňa halwa alyp bersene – diýipdir.
– Oglum, men ertirden bäri seni gözleýärin ahyryn...– diýip seslenipdir.

## Giden zat nämekä?

Günlerde bir gün bäsdeşi Ependä garap:
– Seniň ogluň eşekden ýykylyp, huşy başyndan gitdi – diýipdir.
Onda Ependi bir wagtdan soň aýňalyp:
– Be, meniň oglumyň owal-başda huşy ýokdy. Giden zat nämekä? – diýipdir.

## Towşany nätdiň?

Bir gün Aleddin zyýapat edip, adamlary jemläp, Ependini hem çagyrypdyr. Ependi dosty Imat bilen gidipdir. Baranlarynda soltan Ependä bir alma uzadypdyr. Ependi almany alyp iýipdir. Imat Ependini gapdala çekip:
– Näme üçin sen beýle gabahat iş etdiň? Näme üçin almany soltanyň ýanynda iýdiň? – diýipdir.
Onda Ependi:

– Onda näme etmek gerek? – diýipdir.
Onda Imat:
– Almany goltugyňa salyp, soňra iýmelidiň – diýipdir.
Soňra orta nahar getiripdirler. Soltan Ependini ýanynda oturdyp, nahar iýmäge başlapdyr. Ortadaky saçaga üstüne ýogurt dökülen bir towşany getiripdirler. Soltan Ependiniň öňüne ýogurtly towşan buduny goýupdyr. Ependi ony alyp derrew goltugyna salypdyr. Soltan:
– Ependi, bu näme etdigiň boldy, towşany nätdiň? – diýip sorapdyr.
Onda Ependi:
– Imadyň sözüne giden mundan gowy zat etmez – diýip jogap beripdir.

## Garaşyp durmaga wagtym ýok

Günlerde bir gün Ependi hammama baranda bir nätanyş adam sen-men ýok, onuň ýeňsesine bir şapbat urup goýberipdir. Ependi ýalta yzyna gaňrylyp görse, asla gören adamy däl.
Ol adam:
– Agam, günämi öteweri, men sizi öz ýakyn dostlarymyň biridir öýdüpdirin – diýip, ötünç sorapdyr. Emma Ependi ony şapba tutup, kazynyň ýanyna alyp baryp:
– Meniň bu adamda hakym bar, şony alyp ber! – diýipdir.
Onda kazy:
– Ol nähili hak? – diýip sorapdyr.
Ependi:
– Bu adam meniň ýeňsäme urdy – diýipdir.
Ol adam kazynyň dosty eken. Näme etjegini bilmän, kyn ýagdaýa düşen kazy:
– Bir şapbadyň haky bir teňňedir, men seniň haýryňa bir teňňe jerime salýaryn – diýipdir.
Soňra kazy günäkäre garap:
– Bar, derrew bir teňňe getir. Urlany üçin ony Ependä berjek – diýipdir. Şeýdip kazy günäkär dostuna gaçyp gitmäge mümkinçilik beripdir.
Ependi özüni uran adam «häli geler, şindi geler» diýip, köp garaşypdyr. Ahyry ol kazynyň günäkäri bahana bilen sypdyryp goýberenligine düşünipdir.
Ependi kazynyň aljyraňňylygyndan peýdalanyp:
– Asyl onuň günäsini bagyşlan özüň ekeniň-ow! – diýip, uly ili bilen gygyrypdyr-da, bar güýji bilen kazynyň ýeňsesine suňşurypdyr.
Kazy öwrülip Ependä:
– Bu näme etdigiň boldy? – diýipdir.
Onda Ependi:
– Garaşyp durmaga meniň wagtym ýok. Günäkär gelse, meniň haýryma salan bir teňňe jerimäni özüň alaý – diýip, çykyp gidipdir.

## Eşege ynanýarmyň?

Günlerde bir gün Ependi çöle gitmekçi bolup durka, bir dilegçi gelip, ondan eşegini sorapdyr. Ependi bir bahana tapyp, eşegini bermezligi ýüregine düwüpdir-de:

– Häzir eşegim ýatagynda ýok – diýipdir. Onýança-da eşegi aňňyraýypdyr.

Dilegçi adam:

– Eý, Ependi sen-ä ýalançy ekeniň. Sakgalyň agyndan utansaň bolmaýarmy? Eşegiň ýatagynda eken-ä! – diýipdir.

Onda Ependi:

– Men ýalançy bolýan bolsam, sen hem ýürege düşgünç dilegçi ekeniň. Indi sen meniň bu ak sakgalym bilen aýdanyma ynanman, eşege ynanýarmyň? – diýip jogap beripdir.

## Ýöremäni kyn görýäňmi?

Bir gün Ependi eşegine ýük ýükläp gidip barýar eken. Eşek agyr ýükden ýaňa zordan ýöräpdir. Ependi ýüküň birazyny öz egnine alyp, eşegiň üstüne münüp gidiberipdir. Bu eşege has-da agyr bolupdyr.

Soňra Ependi:

– Eý, haýwan, ýüküň baryny men aldym ahyryn. Sen ýene ýöremäni kyn görýäňmi? – diýip seslenipdir.

## Palanyňy almarsyň...

Günlerde bir gün Ependi eşegini münüp, şähere gidipdir. Ýolda barýarka, aýakýoluna oturmakçy bolupdyr. Ependi çäkmenini çykaryp, eşegiň üstüne atyp, ýoldan uzakda bolmadyk bir agajyň düýbünde oturypdyr. Şol wagt bir ogry peýda bolup, Ependiniň çäkmenini ogurlap gidipdir. Ependi dolanyp gelse, çäkmeni goýan ýerinde ýok. Onsoň ol eşegiň palanyny sypyryp alyp, arkasyna atyp ýöräberipdir. Eşegi aňňyrmaga başlapdyr welin, ony taýak bilen saýgylap:

– Çäkmeni bermeseň, palanyňy almarsyň – diýipdir.

## Men owal hem ýerdedim

Bir gün Ependi eşege münmekçi bolanda, palany agyp, güpläp, ýere gaçypdyr. Adamlar oňa gülmäge başlapdyrlar. Ependi olara garap:

– Bu ýerde güler ýaly näme bar? Men owal hem ýerdedim, häzir hem ýerde – diýip hüňürdäpdir.

## Gaçmany nireden bilsin?

Günlerde bir gün Ependiniň gölesi ýüpüni üzüp gaçyp gidipdir. Ependi hernäçe jan etse-de, ony tutup bilmändir. Ol ýataga gelip, garry sygryny güpüledip urmaga başlapdyr.

Adamlar:

– Ependi, munuň günäsi näme? – diýip soranlarynda:

– Asyl, belaň körügi şu haram ölen sygyr bolmaly. Şu öwretmese, ýumruk ýaly göle gaçmany nireden bilsin? – diýip jogap beripdir.

## Dogrup bilen ölüp-de biler...

Günlerde bir gün Ependi goňşusyndan gazanyny diläp alypdyr. Birnäçe günden soň gazanlyk işi gutaransoň, onuň içine başga-da bir kiçijik gazan salyp, eýesine eltip beripdir.

Gazan eýesi muny görüp:

– Bu näme? – diýip, geň galmak bilen sorapdyr.

Ependi:

– Gazanyňyz guzlady – diýipdir welin, goňşusy begenip, gazanjygy ur-tut garbap alypdyr.

Birnäçe günden soň Ependi goňşusyndan «guzlan» gazany sorapdyr. Goňşusy beripdir. Ependi gazany öýüne getiripdir. Eýesi köp garaşypdyr. Emma Ependi gazany getirer ýerde getirmändir.

Birnäçe günden soňra gazanyň eýesi gelip, gazanyny sorapdyr.

Ependi:

– Seniň şol gazanyň öläýdi, bagyşla! – diýipdir. Onda gazanyň eýesi:

– Heý-de, gazan ölermi? – diýipdir.

Ependi bolsa:

– Sen näme gazanyň «guzlanyna ynanýaň-da, ölenine şübhelenýärmiň? Dogrup bilen, ölüp-de biler ahyryn – diýipdir.

## Gözi bilen yşarat etdi

Günlerde bir gün Ependi ýer sürýär eken. Birdenkä öküzi ýatyberipdir. Ependi ony gamçy bilen urupdyr. Urup durka beýleki öküz gözüni ýumupdyr. Soňra Ependi ýatan öküzi taşlap, beýleki öküzi ýençmäge başlapdyr. Adamlar:

– Munuň günäsi näme? – diýip sorapdyrlar.

Onda Ependi:

– Bu ýatan öküze «turmagyn» diýip, gözi bilen yşarat etdi – diýipdir.

## Hatda öz kellesini hem ýaryp biler

Ependi kazyçylyk edýär eken. Günlerde bir gün iki sany adam dawalaşyp onuň ýanyna gelipdir. Olaryň biri beýlekisini görkezip:

– Kazy aga, biziň dawamyzy çözüp ber. Şu adam meniň gulagymy dişledi – diýipdir.

Beýlekisi bolsa:

– Ýok, men dişlämok, onuň özi dişledi – diýipdir.

Ependi olara:

– Ertir geliň, kimiň mamla, kimiň bimamladygyny şonda aýdaryn – diýipdir.

Ependi öýlerine baryp, öz gulagyňy dişläp bolýandygyny ýa bolmaýandygyny synap görmekçi bolupdyr. Otagyň ortasynda näçe pyrlansa-da, agzyny gulagyna ýetirip bilmändyr. Onuň gahary gelipdir, gulagyndan batlyrak çekende deňagramlylygyny saklap bilmän, güpüläp ýere ýykylypdyr.

Ertesi gün Ependi kellesini daňyp, agsaklap iş ýerine baryp, ol iki dawagäri kabul edipdir. Soňra gulagy dişlenen kişä:

– Ile günä ýüklejek bolma, sen gulagyňy özüň dişläpsiň – diýipdir. Onda gulagy dişlenen:

– Ependi, beýle diýmesene! Heý-de, adam öz gulagyňy özi dişläp bilermi? – diýip gatyrganypdyr.

Ependi agyry zerarly ýüzüni çytyp:

– Wah, gulak dagy nämemiş, hatda arkan ýykylyp, öz kellesini hem ýaryp biler – diýip jogap beripdir.

## Sen bir tylla-da geçmezdiň...

Teýmirleň Akşähere gelende bir gün Ependä:

– Gel, ikimiz bile hammama gidip ýuwunaly – diýipdir, Olar hammama giripdirler. Teýmirleňiň bilinde ýüz tyllalyk guşak bar eken. Hammama girip, sekiniň üstünde oturypdyrlar. Teýmirleň yzyna bakyp, Ependä:

– Eger men hökümdar däl-de, gul bolup satylmaly bolsam, näçe tylla geçerdim? – diýip sorapdyr.

Onda Ependi:

– Ýüz tylla geçerdiň – diýipdir.

Teýmirleň:

– Heý, Ependi, sen nämeler diýýärsiň? Diňe bilimdäki guşagymyň bahasy ýüz tylla ahyryn – diýende.

Ependi:

– Hawa, dogrusy men biliňdäki guşagyňa baha kesdim-dä. Ýogsa, sen bir tylla-da geçmezdiň – diýipdir.

## Bir horazy bolmazmy?

Günlerde bir gün Ependi Teýmirleňiň gaşynda oturan eken. Teýmirleň Ependä bakyp:

– Ependi, gel, ikimiz bile hammama gideli – diýipdir.

Olar hammama giripdirler. Teýmirleň bäş-on sany ýaş oglan bilen dil düwşüpdir. Olaryň her haýsy bir ýumurtga alyp hammama girmeli ekenler. Hammama girensoňlar, olardan biri Teýmirleňiň öwredişi ýaly:

– Geliň, her kim bir ýumurtga guzlamaşak edeliň. Kim guzlap bilmese, ol beýleki guzlanan ýumurtgalaryň bahasyny tölemeli bolsun – diýipdir.

Oglanlar towuk kimin wakkyldaşan bolup, getiren ýumurtgalaryny bildirmän çykaryp, sekiniň üstünde goýup, soňra Teýmirleňiň gaşyna baryp durupdyrlar. Şol

wagt Ependi ellerini çarpyp, sekiniň üstüne çykyp «gok-go-gogo-o...!» edip, hammamy ýaňlandyryp gygyrypdyr. Teýmirleň Ependiniň bolşuny görüp:

– Ýeri, Ependi, bu näme etdigiň boldy? – diýip sorapdyr.

Onda Ependi:

– Munça mäkiýanyň arasynda bir horazy bolmazmy, eýsem! – diýip jogap beripdir.

## Bu onuň neberesindendir

Bir gün Ependiniň aýagyndan it dişläpdir. Şol wagt Ependi bagda bir iti tapyp urmaga başlapdyr.

Biri gelip:

– Ependi, bu iti näme üçin urýarsyň? – diýende, Ependi:

– Meniň aýagymdan dişledi? – diýipdir.

Onda ol adam:

– Bu seni dişlän it däl ahyryn? – diýipdir welin, Ependi:

– Dogry, meni dişlän bu it däl, emma bu onuň neberesindendir – diýip jogap beripdir.

## Seniň ýaşlygyňa-da belet

Bir gün Ependi eşegine münmekçi bolupdyr. Emma eşegiň palany agyp, güpüläp ýere gaçypdyr. Töweregindäkiler oňa gülmäge başlapdyrlar. Ependi olara garap:

– Haý, ýaşlyk, haý ýaşlyk – diýipdir. Onda olar:

– Heý, zaňňar! Biz seniň ýaşlygyňa-da belet ahyryn – diýip seslenipdirler.

## Häsiýetsiz eşek

Günlerde bir gün Ependi dagda odun ýygýarka, eşegi onuň çöregini iýmäge başlapdyr. Muny gören Ependiniň zähresi ýarylara gelipdir.

Ependi eşege ýüzlenip:

– Eý, eşek, men Allanyň rugsady bilen, enşalla, bu zatlara çydap çörek tapýançam, zähmet çekerin. Emma sen ölünçäň, şu häsiýetiňde galarsyň – diýipdir.

## Gawun-garpyz ýeke-ýekeden iýilýändir

Günlerde bir gün Ependi miwe ir-iýmiş iýmek üçin bazara barypdyr. Ol alma, armyt, erik, ülje ýaly iýmişlerden goşawuçlap iýmäge başlapdyr. Muny gören adamlar:

– Ependi, bulary ýeke-ýekeden iýseň bolmaýarmy? – diýipdirler.

Onda Ependi:

– Ýok, siz bilmeýärsiňiz, ýeke-ýekeden gawun-garpyz iýilýändir – diýip jogap beripdir.

## Ölçegimi bozaýmaň!

Günlerde bir gün Ependiniň aýaly äriniň özüne sowgat alyp bermegini isläp:

– Maňa gyzyl ýüpek matadan ýaglyk sowgat etsene! – diýip haýyş edipdir.

Onda Ependi:

– Ululygy nähiliräk? Şunuň ýaly bolsa bolarmy? – diýip, gulajyny[1] açyp, iki elini serip sorapdyr.

Aýaly:

– Hawa, bolar – diýipdir.

Ependi ölçegi ýadyndan çykarmajak bolup, gulajyny açyp, ak bazara rowana bolupdyr. Barýarka öňünden çykan adamlara:

– Sowulyň-how, ölçegimi bozaýmaň! – diýipdir.

## Şu gün anna günümi?

Bir gün Ependi aýalyna «Her bir adam juma agşamy aýalyna ýanaşsa, hasabyny ýöretmelidir» diýen. Olar maslahatlaşyp, «Özleriniň är-aýallyk borçlaryny her annada berjaý etmeli» diýen karara gelipdirler. Soňra Ependi aýalyna:

– Meniň iş-aladam kän bolýar. Anna gününiň gelenini men neneňsi bilerkäm? – diýip ýüzlenipdir.

Aýaly derrew ugur tapypdyr-da:

– Her hepdäniň anna güni men seniň selläňi asawaçdan asyp goýaryn. Selläni göreniňde anna günüdigi ýadyňa düşer – diýipdir.

Şeýlelikde, olar bir çukura tüýküripdirler.

Günlerde bir gün anna gününiň gelerine birnäçe gün bolsa-da, aýaly Nasreddini küýsäp, onuň sellesini asawaçdan asypdyr. Ependi asylgy duran selläni görüp, geň galypdyr-da, aýalyndan:

– Şu gün anna günümi? – diýip sorapdyr. Onda aýaly:

– Elbetde, anna güni – diýip jogap beripdir.

Nasreddin bolsa:

– Ýok, bu boljak zat däl. Ýa anna güni maňa garaşsyn, ýa-da men anna gününe garaşaýyn – diýipdir.

## Aýagymy bir goýber ahyryn!..

Bir gün Ependiniň ogly derýanyň ýakasynda çörek iýip oturan eken. Birden elindäki bir döwüm çöregi suwa gaçypdyr. Ol suwa seredende, biriniň keşbini görüp, kakasyna:

– Kaka, derýada bir oglan bar – diýipdir. Ependi suwa siňe seredip görse, suwuň içinde bir oglan däl-de, bir garry adam hem bar eken. Ependi oňa:

– Goja, sen suwuň içinde näme işleýärsiň? Çyk daşyna, görüşeli! – diýip, hüjüm edipdir. Goja çykmansoň, ýene-de:

---

[1] Gulaç – ölçeg birligi.

– Suwdan çykmajakmyň? Men seni çykararyn – diýip, başyny egende, Ependiniň aýagy taýyp ýykylypdyr. Şonda Ependi:
– Çyk, meýdana, aýagymy bir goýber ahyryn! – diýipdir.

## Bu öýüň iki gapysy bar

Bir gün Ependi bir topar alym adamlary öýüne getiripdir. Olary gapyda goýup, içeri giripdir-de, aýalyna:
– Keýwany, öýde iýer ýaly nahar barmy? – diýip sorapdyr.
Aýaly:
– Be, Ependi, öýde ot ýok, ojak ýok, bişirmäge hiç zat ýok – diýip jogap beripdir.
Onda Ependi:
– Eý, keýwany, sen bar-da, alymlara «Ependi öýde ýok» diýeweri. Goý, olar gitsinler – diýipdir. Çykgynsyz ýagdaýa düşen aýaly daşary çykyp:
– Eý, adamlar! Ependi öýde ýok – diýende, olar:
– Heý-weý, janym! Ependi edil şu wagt biziň bilen bile gelip, içeri girdi ahyryn – diýip, ony utandyrypdyrlar. Onda Ependiniň aýaly nalaç galyp, näme diýjegini bilmändir. Şol wagt Ependi içerden gygyryp:
– Adamlar, bu öýüň iki gapysy bar, birinden girip, beýlekisinden çykyp gidilýär ahyryn – diýipdir.

## Size palaw bişirip bererdim...

Bir gün Ependi talyplaryny öýüne nahara çagyrypdyr.
Ol aýalyna:
– Nahar taýýarla! – diýipdir.
Aýaly talyplara ýüzlenip:
– Nahar bişirere öýde hiç zat ýok – diýip, hüňňürdäp, eline bir uly gazan alyp daş çykypdyr-da:
– Öýde bişirere zat ýok, ýogsa bu gazany dolduryp, size bir palaw bişirip iýdirerdim – diýipdir.

## Garga öküzi tutup bilermi?

Günlerde bir gün Ependi soltan bilen awa gidipdir. Hemmeler ýany bilen aw guşuny alypdyr. Ependi bolsa ýany bilen ala gargasyny alyp gidipdir. Aw meýdanyna çykanlaryndan soň, hemmeler öz tugunlaryny[1] goýberipdir. Ependiniň gargasy bir öküziň üstüne gonupdyr. Ependi gargasynyň tutan awy hökmünde şol bada öküziň şahyna ýüp daňyp, idip gidiberipdir.
Öküziň eýesi öküzi bermejek bolupdyr, bolmandyr. Onsoň ol adam kazynyň ýanyna baryp, Ependiniň üstünden arz edipdir. Ependi ony eşidip, kazynyň ýanyna eňipdir-de, eger öküzi almaga kömek etse, oňa sowgat etmäge wada beripdir.

[1] Tugun – elguş, laçyn.

Ondan soň öküziň eýesi bilen Ependi ikisi kazynyň ýanyna gelipdir. Kazy olara:

– Ependiniň gargasy öküzi tutupdyr, ýagdaý şeýle bolansoň, ol onuň awy bolýar. Şunlukda, öküz onuňky bolmaly – diýipdir.

Şeýdip kazy öküziň eýesini kowup goýberipdir.

Ertesi Ependi kazynyň öýüne bir tabak getiripdir. Ol tabagyň içine erňegine barýança, öküziň maçjasyny salypdyr-da, üstüni kelemiň ýapragy bilen örtüp, onuň üstüne-de ýag guýupdyr. Ine, onuň kaza beren sowgady.

Garaňky düşensoň, kazy öýüne gelipdir. Şol wagt onuň ýagly zat iýesi gelipdir. Ol aýalyna tabagy getirdipdir. Çemçe bilen bir gezek susanynda tabagyň içindäki zatlary görüp, aňyrsy bärik gelip, ýüregi bulanypdyr. Gahary gelen kazy Ependini ýanyna çagyrypdyr.

Ependi onuň ýanyna baranda kazy oňa:

– Haramzada, şumy maňa hödür edýän zadyň? – diýipdir.

Onda Ependi:

– Kazym, ol hödüri seniň özüň özüňe etdiň. Sen höküm çykaranyňda, eýýäm şol tabakdaky zatlary iýdiň. Heý, garga-da öküzi tutup bilermi? – diýip jogap beripdir.

## At näme üçin gülýär?

Günlerde bir gün soltan Ependi bilen awa gidipdir. Bir mahaldan soň dynç almak üçin oturanlarynda gülüşmek üçin, bildirmän Ependiniň atynyň ernini kesipdirler. Soňra Ependi ony aňypdyr-da, soltanyň atynyň guýrugyny kesipdir.

Soňra olar atlanyp gidipdirler. Ependi soltanyň yzyndan atyny sürüpdir.

Soltan Ependä garap:

– Eý, Ependi, atyň näme üçin gülýär? – diýipdir welin, Ependi:

– Soltanyň münen atynyň guýrugynyň kesilip, syrtynyň açylanyna gülýär – diýip jogap beripdir.

## Ependi we batyllar

Günlerde bir gün Ependi derýadan geçmekçi bolupdyr. Görse, birnäçe batyl suwdan geçmekçi bolup duran eken. Olar Ependä garap:

– Bizi hem suwdan geçirseň, adam başyna bir teňňe bereris – diýipdirler.

Ependi muňa razy bolupdyr we:

– Men siziň öňüňize düşeýin. Soňra siz biri-biriňize ýapyşyň, men öňüňizden gideýin – diýipdir.

Ol batyllaryň köpüsini suwdan geçiripdir. Iň soňkusyny alyp derýanyň ortarasyna ýetende, suw batyly dolap alyp, akymyň ugry bilen alyp gidipdir. Batyllar bir zadyň bolandygyny aňyp, «Birimizi suw aldy öýdýän» diýşip, goh turuzyp başlapdyrlar.

Ependi işiň erbede ýazandygyny aňyp:

– Näme üçin biderek goh edýärsiňiz? Siz maňa bir teňňäni kem beräýiň, wessalam – diýipdir.

## Ependi we aşpez

Günlerde bir gün Ependi bazardan arzan towuk alyp aşpeze beripdir we:

– Her çorba bişireniňde towugy bir gezek gaýnadyp, ýene asyp goý, men her gün towuk çorbasyny iýerin – diýipdir.

Aradan alty aý geçipdir.

Bir gün Ependi aşpeze:

– Eger şol towuk bilen maňa ýene bir çorba bişirseň, seni boşadaryn – diýipdir. Onda aşpez:

– Aman-aman, Ependi, men azat bolmakdan geçdim. Sen bu towugy azat etseň bolýar – diýipdir.

## Ependi we ogry

Günlerde bir gün bir ogry gije Ependiniň öýüne girip, erjellik bilen bir zatlar gözläpdir. Ependi muny duýup:

– Men gündiziň güni bu öýden hiç zat tapamok, sen garaňkynyň içinde näme taparsyň? – diýip seslenipdir.

## Ýüwrük

Bir aýalyň äre çykandan soň üç aý geçmänkä çagasy bolupdyr. Goňşy aýallar ýygnanyşyp: «Bu çaga näme at daksakkak?» diýip maslahat edipdirler.

Ahyrda belli bir karara gelip bilmän, Ependä ýüz tutupdyrlar.

Ependi ol çaganyň adyna Ýüwrük dakmagy maslahat beripdir.

Aýallar Ependä:

– Heý, beýle-de bir at bolarmy? Ilde-günde eşidilen at däl, bu – diýipdirler.

Onda Ependi:

– Dokuz aýlyk ýoly üç aýda geçensoň, dagy oňa nähili at dakjak? – diýip jogap beripdir.

## Un serlen urgan[1]

Günlerde bir gün bir dilegçi Ependiden urgan sorapdyr. Ependi öýe girip çykypdyr-da:

– Keýwanym urganyň üstünde un seripdir – diýipdir.

Onda dilegçi:

– A-how! Heý-de, urganyň üstünde-de un serlermi? – diýipdir.

Onda Ependi:

– A-how! Seniň akylyň nirede? Eger şoňa akylyň çatýan bolsa, urganyň berilmejegine-de düşünäýseň bolmaýarmy? – diýipdir.

## Ygyp ýören bolsa, bize-de gelerdi

[1] Urgan – ýüňden, ýüplükden işilip edilýän ýogyn tanap.

Günlerde bir gün adamlar Ependä:

– Ependi, seniň aýalyň öýme-öý ygyp ýör-le – diýipdirler.

Onda Ependi:

– Allatagala şaýatdyr, eger ol ygyp ýören bolsa, biziň öýmüze-de gelerdi ahyryn – diýip jogap beripdir.

## Men balykdan soraýaryn

Ependiniň kakasy öýlerine üç sany gowrulan balyk getiripdir. Şol wagt Ependi öýde ýok eken.

Ependiniň ejesi adamsyna:

– Balyklary Ependi gelmänkä iýsek oňat bolar, ýogsa ol ýekeje böleginem arkaýyn iýdirmez – diýipdir.

Şol mahal Ependi gapyny kakýar welin, ejesi iki sany uly balygy tagta sekiniň aşagynda gizläp, ýekeje kiçijik balygy hem görnäýjek ýerde goýupdyr. Emma Ependi gapynyň yşyndan seredip, ol bolýan zatlary gören eken. Soňra bolsa ol öýe giren. Kakasy Ependiden:

– Oglum, sen Ýunus pygamber hakda hekaýaty eşidipmidiň? – diýip sorapdyr.

– Men balykdan soraýaryn – diýip, Ependi jogap beripdir-de, gulagyny balygyň agzyna eltip:

– Bu balyk «Ýunus döwründe men kiçijikdim, goý, ol wakany agaç sekiniň aşagyndaky uly balyklar aýtsyn» diýýär – diýip jogap beripdir.

## Hakyky erkek kişä meňzemekçi

Bir gün Ependiniň aýaly oňa igenip:

– Sen mydama öýde oturyp, ownuk-uşak zatlara garyşyp ýörsüň. Meniň boýdaşlarymyň ärleri bolsa, är gören ýaly, hakyky erkek kişileriň hemmesi öz işleri bilen bolşup ýörler – diýip, ony öýden kowup goýberipdir.

Ependi sesini çykarman, çäkmenini egnine atypdyr-da, tanyşlarynyňka gidipdir. Aradan gün geçýär, hepde geçýär. Ependi dost-ýarlarynyňkyda myhman bolup geziberipdir.

Ahyry bir gün ol bir dostuna ýüzlenip:

– Sen biziň öýümize baryp, meniň hökmürowan keýwanymdan sorap gör, men dolanyp öýe baryp bilýänmi ýa-da entegem hakyky erkek kişä meňzemeýärmikäm? – diýip, ondan haýyş edipdir.

## Köçeden gözläýmesem...

Günlerde bir gün Ependi öýde ýüzügini ýitiripdir. Ony ýitiren ýerinden tapyp bilmän, daşaryk çykyp, köçeden gözleýärmiş. Goňşusy onuň näme gözleýändigini sorapdyr. Ol Ependiniň ýüzügini öýde ýitirendigini bilenden soň:

– Ependi, ýüzügiňi öýden gözleseň bolmaýarmy? – diýipdir.

Onda Ependi:

– Öý garaňky, ýagtydan gözläýmesem, gözlerim kütelipdir – diýip jogap beripdir.

## Ependi we üç alym

Ependiniň ýaşan döwründe bir patyşa bar eken. Adyna soltan Aleddin diýer ekenler. Günlerde bir gün onuň ýurduna özge welaýatdan üç sany adam gelipdir. Soltan Aleddin olary öz dinine boýun egdirmekçi bolupdyr. Olar:

– Herne iş bolsa, biz boýun bolarys. Ýöne biziň üç sany sowalymyz bar. Eger jogap berip bilseňiz, yslamy kabul ederis – diýipdirler.

Soltan Aleddin bularyň sözi bilen razylaşyp, köşk akyldarlaryny ýygnap, myhmanlaryň sowallaryny beýan edipdir. Olar sowallaryň hiç birine jogap berip bilmändirler.

Soltan Aleddin:

– Bu nähili müşgil iş. Meniň ygtyýarymdaky ulamalardan bir adam hem sowallara jogap berip bilmese, nähili bolar! – diýip gaharlanypdyr.

Ulamalaryň içinde bir adam ýerinden turup, tagzym bilen:

– Tagsyr, bularyň sowalyna Ependiden özge hiç kim jogap berip bilmez. Çünki ol adam keramatlydyr – diýdi.

Patyşa bu sözi eşiden dessine bir ýasawulyna Ependini getirmegi emr etdi. Ýasawul derrew baryp, Ependä habar berdi. Ependi şanyň çakylygyny eşiden badyna ýola rowana boldy.

Ependi patyşanyň dergähine gelip salam berip, içeri girdi. Patyşanyň haky üçin doga okap:

– Eý, patyşahy älem! Meni çagyrmakdan maksadyňyz nedir? – diýdi.

Patyşa üç adamyň sowalynyň bardygyny, ol sowallara jogap bermekden akyldarlaryň ejiz gelendigini aýdypdyr we ony ol adamlar bilen duşuşdyrypdyr.

Onda Ependi olara:

– Ýagşy, aýdyberiň, sowallaryňyz nämedir? – diýipdir.

Olaryň biri:

– Meniň sowalym şeýle, ýeriň ortasy nirede? – diýipdir.

Ependi derhal ýerinden turup:

– Şu eşegimiň öň aýagynyň duran ýerinde – diýip jogap beripdir.

Onda ol adam:

– Muny nädip subut edersiň? – diýip sorapdyr.

Ependi oňa:

– Eger ynanmasaň, ýer-ýüzüniň etraplaryny ölçäp gör. Eger bir tarapy artyk ýa-da kem çyksa, meniň ýanyma geläý! – diýip, gaýtargy beripdir. Ol adam geň galyp, gaýra çekilipdir.

Ondan soň ikinji adam:

– Ependi, asmandaky ýyldyzlaryň sany näçedir? – diýip sorapdyr.

Ependi oňa:

– Eşegimiň bedenindäki tüýleri näçe bolsa, ýyldyzlaryň sany hem şonçadyr – diýipdir.

Ol adam:

– Sen ony niçik delillendirersiň? – diýipdir.

Ependi:

– Ynanmasaň, ýeke-ýeke sanap gör. Eger kem ýa-da zyýat bolsa, men sözlemerin – diýipdir.

Ol adam:

– Eý, akylsyz adam! Heý-de, eşegiň tüýüni sanap bolarmy? – diýipdir.

Onda Ependi:

– Eýsem asmandaky ýyldyzlary sanamak şondan aňsatdyr öýtdüňmi? – diýip jogap beripdir.

Nobat üçünji adama ýetipdir. Ol:

– Ependi, eger meniňem soragyma jogap berip bilseň, hemmämiz musulman bolarys – diýipdir.

Ependi:

– Sowalyň nähili, beýan et! – diýipdir. Ol adam:

– Meniň sakgalymyň gyly näçedir? – diýipdir.

Ependi säginmän:

– Meniň eşegimiň guýrugyndaky gyl näçe bolsa, şonçadyr – diýip jogap berende, ol adam:

– Sen ony neneňsi delillendirjek? – diýipdir.

Onda Ependi:

– Muny delillendirmek aňsat. Seniň sakgalyň gyllaryny hem eşegiň guýrugyndaky tüýleri hem ýeke-ýekeden ýolup çykarys welin, şonda olaryň sany deň bolmasa, seniňki hak bolar – diýipdir.

Ol adam Ependiden bu sözleri eşidip pikire çümüp, bu işleriň Alla tarapyndygyna göz ýetiripdir. Olar Ependiniň akylyna we paýhasyna geň galypdyrlar we:

– Biz yslamy kabul edýäris – diýip, keleme öwrüp, nur imanly bolupdyrlar. Üçüsi-de Ependiniň hakyna doga okapdyrlar.

## Ependi Hudaýdan razy

Ependi puluny bir ýerde gizläpdir. Günlerde bir gün ol pul gerek bolup, gizlän ýerinden gözlese, puly ýerinde ýok eken. Ependi gamgyn bolup: «Eý, Alla, kim meniň pulumy ogurlan bolsa, özüme gaýdyp bersin» diýip, metjide baryp, gijesi bilen aglap oturypdyr.

Edil şol halatda hem gämisi gaýa uçran täjiriň biri derýa gark bolmakdan sag-aman sypsa, Ependä müň teňňe sadaka berjekdigini wada edipdir. Şol wagt güýçli şemal öwsüp täjiri suwuň kenaryna çykarypdyr. Täjir howpdan sag-aman sypyp, Ependä wada eden müň teňňesini getirip beripdir. Öz gämisiniň deňizde nähili howpa duçar bolandygyny Ependä gürrüň beripdir. Ependi puly alyp, nämäniň-nämedigine düşünip:

– Eý, gudraty güýçli Hudaý! Bir gije metjide gelip aglanyma, ynsap edip, ogurlanan pulumy gaýdyp berdiň! – diýip, metjitden çykyp gidipdir.

## Enar hem gutardy, jogap hem

Bir syýahatçy molla syýahat edip ýörkä, ýolda-yzda gabat gelen adamlardan dünýäde bolup geçýän geň-enaýy zatlar hakynda sorar eken. Adamlaryň hiç biri-de onuň soragyna jogap berip bilmändir. Onsoň bir adam:

– Seniň bu soraglaryňa Rum şäherinde ýaşaýan Ependi atly bir dana kişi jogap berer – diýipdir.

Ol molla bu sözleri eşidip, bäş-on sany enary Ependi üçin alypdyr we ýola düşüp, Ruma ýetipdir. Ýolda ekinzarlykda işläp ýören bir adama sataşypdyr. Aýagy çarykly ol kişi, arkasyndaky suwly çelegi bilen ekinini suwaryp ýören eken.

Molla: «Bu adamyň danalygy eşiginden bildirip dur. Men mundan bir-iki zat sorap geçeýin» – diýip, oňa ýakyn baryp salam beripdir. Ol onuň salamyna jogap berip: «Ýol bolsun!» diýipdir.

Onda molla:

– Bir sowalym bar. Ony sizden sorasym gelýär! – diýipdir.

Ependi:

– Bir zat bermeseň, soragyňa ýöne jogap bermerin. Muňa hatda ataň atasy-da jogap berip bilmez – diýende, molla:

– Şu enar keramatlydyr – diýip, goltugyndaky enary uzadyp, bir sorag beripdir.

Ependi onuň soragyna jogap beripdir. Molla oňa ýene-de bir enar uzadyp, ikinji sowaly beripdir. Ependi oňa-da jogap beripdir. Molla enarynyň ählisini berip, soragyna jogap alypdyr. Mollanyň enarynyň tükenenini Ependi aňlapdyr. Molla:

– Ýene-de birje soragym bar – diýipdir welin, Ependi oňa:

– Sen indi bu ýerden git, çünki enar hem tükendi, jogap hem – diýipdir. Molla onuň Ependidigini aňmandyr. Oňa: «Berekella» aýdyp:

– Bä-ä, Rum şäheriniň bir daýhany şeýle alymlyk derejesine ýeten bolsa, onda Ependisi nähilikä? – diýip, haýran galmak bilen ýola rowana bolupdyr.

## Seni özümsiň öýtdüm

Günleriň birinde Ependiniň ýanyna bir adam gelipdir. Olar köp wagtlap lakgyldaşyp oturypdyrlar. Gelen myhman turup ugramakçy bolanda, Ependi oňa:

– Aýyplaşmaň, myhman, men sizi tanamadym-la?! – diýip ýüzlenipdir.

Onda ol adam:

– Tanamaýan bolsaň, neneň edip ýat adam bilen beýle içgin gürrüň edip bilýäň? – diýipdir.

Ependi oňa:

– Selläňe seretsem, meniň selläm ýaly, geýimleriňe seretsem olar hem edil özümiňki ýaly. Asyl seni özümsiň öýdüp, içginsiräp oturypdyryn – diýip jogap beripdir.

## Hiç zat görmedim

Günlerde bir gün Ependi şäherden çykyp gidip barşyna ýoly bir mazarystanlygyň üstünden düşüpdir. Gonamçylyga aýlanyp ýörkä, bir mazaryň üstüne ýykylypdyr,

mazaryň üsti açyk eken. Ol palçyga bulaşan eşiklerini çykaryp, arassalamaga durupdyr we:

– Gel, men ölen bolup, göre girip ýataýyn. Meniň ýanyma Müňkür-Nekir gürzüsi bilen gelermikä ýa gelmezmikä? – diýip, gabra girip, öli halda ýatyberipdir.

Ependi birden adam sesini, haýbatly owazlary eşidip: «Kyýamat güni geldi öýdýän. Birden gelip kyýamatyň gürzüsini ursalar niçik bolar?» diýip, syçrap gabrystandan daşary çykyp, gaçmakçy bolupdyr. Oňa eşidilen ses kerweniň jaňynyň, at aýagynyň sesi eken.

Şol halatda Ependiniň ýanyna ýetip gelen atlylar elem-tas bolup barýan adamy görüp, kürtdürip durupdyrlar. Atlylar ellerine taýak alyp, Ependini kowalap başlapdyrlar.

Olar:

– Kim sen? – diýip sorapdyrlar.

Ependi:

– Men ölüdirin – diýip jogap beripdir.

– Öli bolsaň, bu ýerde näme işleýärsiň? – diýenlerinde, Ependi:

– Aý, biraz bu dünýä tomaşa edip ýörün – diýipdir.

Olar:

– Tomaşany indi görersiň – diýip, Ependiniň çem gelen ýerine urupdyrlar. Ependi ömründe görmedik «tomaşasyny» görüp, gaçyp kerwenleriň golundan zordan sypypdyr. «Gaýdyp mazarystanlygyň golaýyndan ýöremerin» diýip, toba edip, aýagyny süýräp öýüne gelipdir.

Aýaly:

– Sen nirelerde bolduň? – diýip sorapdyr.

Onda Ependi:

– Men gabra, ölüleriň arasyna girip, o dünýäniň wakalaryny görmekçi boldum – diýende aýaly:

– Ýeri, o dünýäde näme we niçik wakalary gördüň? – diýip sorapdyr.

Onda Ependi:

– Sen sorama. O dünýäde kerwenleri, atdyr eşekleri ürküzip, gutulmakdan başga hiç zat görmedim – diýip jogap beripdir.

## Günde baýram bolsady

Gurakçylyk ýyllaryň birinde Ependi saý-sebäp bilen bir oba düşüpdir. Görse, bu ýeriniň ilaty biş-düş bilen gaýda-gaýmalaşyk eken. Olar Ependiniň öňünde hem oňat tagamly naharlary goýupdyrlar.

Ependi:

– Bäh, bu ýeriniň bolçulykdygyny! Biziň şäherimiziň ilaty bolsa açlykdan gyrylyp ýatyr – diýip geň galypdyr.

Adamlaryň biri:

– A-how, Ependi, biziň hem bol-telki günümiz ýok. Baýramçylygyň nämedigini sen näme bilmeýärmiň? Bu gün baýram ahyryn. Her kim tapdygyndan biş-düş edýär. Şonuň üçindir, zadyň bol görünýändigi – diýipdir.

Ependi biraz pikirlenip:
– Wah, günde baýram bolsa bolmaýarmy? – diýipdir.

## Kazy bolan eşek

Bir gün Ependi eşegini ýitiripdir. Ol ony gözläp ýörkä, tötänden bir adama sataşyp:
– Heý, bir del eşek görmediňmi? – diýip sorapdyr. Onda ol adam:
– Seniň eşegiň pylan şäherde kazy bolup otyr – diýipdir.
Ependi:
– Dogry aýdýarsyň. Meniň özümem «Ol kazy bolar» diýip, güman edýärdim. Asyl kazyçylykdan sapak berenimde, onuň gulagyny keýertmesi bardy-la! – diýipdir.

## Bilýänleriňiz bilmeýänlere düşündiriň!

Günlerde bir gün Ependi metjide baryp, münbere çykyp:
– A-how, musulmanlar! Meniň näme diýjegimi bilýäňizmi? – diýip, adamlara ýüzlenipdir.
Adamlar:
– Ýok bilemzok – diýipdirler.
Onda Ependi:
– Aý, onda bilmeýänlere wagyz etmegiň geregi-de ýok – diýip, münberden düşüp gidipdir.
Soňra bir gün ýene metjide baryp, münbere çykyp:
– Eý, doganlar! Meniň size näme diýjegimi bilýäňizmi? – diýip sorapdyr.
Adamlar:
– Hawa, Ependi, bilýäris – diýip jogap beripdirler.
Onda Ependi:
– Aý, bilýän bolsaňyz, onda meniň wagyz etmegimiň hajaty ýok – diýip, münberden düşüp gidipdir.
Adamlar onuň bolşuna geň galyp:
– Eger Ependi ýene gelip soraýsa, «Käbirimiz bilýäris, käbirimizem bilemzok» diýip jogap bereliň – diýen maslahata gelipdirler.
Ependi ýene-de bir gün münbere çykyp:
– Eý, möminler! Meniň size näme wagyz-nesihat etjegimi bilýäňizmi? – diýip ýüzlenipdir. Onda adamlar!
– Hawa, Ependi, käbirimiz bilýäris, käbirimiz bilmeýäris – diýip, jogap berenlerinde Ependi:
– Be-ýe, neneňsi ýagşy adamlar ekeniňiz. Onda bilýänleriňiz bilmeýänlere düşündiriň – diýip, münberden düşüp gaýdypdyr.

## Dokuzam bolsa beräý!

Bir gün Ependi düýş görüpdir. Düýşünde bir eşegi bar eken. Bir adam gelip:

– Ependi, eşegiňi satarmyň? – diýipdir.
Onda Ependi:
– Puluny köp berseň sataryn – diýen.
Onda ol adam:
– Näçä satarsyň? – diýen.
Ependi:
– On teňňä – diýip jogap beren.
Ol adam:
– Ýedi, sekiz, dokuz teňňe bereýin – diýipdir.
Ependi «Ýok» diýen pursaty ukudan oýanypdyr.
Ependi munuň düýş ekendigini bilipdir. Ne eşek bar, ne-de pul. Soňra derrew gözüni ýumupdyr-da: «Aý, bolýar-da, dokuz teňňe hem bolsa beräý, men razy» diýip, goluny uzadypdyr.

## Men ýalňyşypdyryn

Bir gün Ependi mazarystanlykdan çykyp barýar eken. Birden onuň gözi ýetip gelýän atlylara düşüpdir. Ependi olary ogrudyr öýdüp: «Meni ogurlap gidäýmesinler» diýip, bir gabra girip gizlenipdir.
Atlylar ony görüpdir-de:
– Bu niçiksi adam eken. Bilmegimiz zerur – diýip ondan:
– Sen kim bolarsyň? – diýip sorapdyrlar.
Ependi gabryň içinden:
– Meniň kim ekenligimi näme üçin soraýarsyňyz? Men gabyrdaky merhumlaryň biridirin – diýipdir.
Olar onuň Ependidigini bilip:
– Eger siz öli bolsaňyz, bu ýerde näme işleýärsiňiz? – diýenlerinde, Ependi:
– Men seýil edip ýörün – diýipdir.
Olar:
– Öli adama sözlemek we ýöremek bolmaýar ahyryn, sen bolsa ýöräbem, sözläbem bilýärsiň – diýipdirler.
Onda Ependi:
– Berekella, dogry aýdýarsyňyz, men ýalňyşypdyryn – diýip, gabyrdan çykyp, öz ýoluna gidipdir.

## Özümem haýran

Bir gün Ependi bir adamyň bagyna girip, üzümlerden ýolup, sebedine salyp duran eken. Birden bagyň bagbany peýda bolup, onuň hereketlerini görüpdir.
Bagban Ependä:
– Seniň bu etdigiň näme? Menden birugsat bagyma giripsiň! – diýipdir.
Ependi:
– Men öz ygtyýaryma girmedim. Gije bir güýçli şemal turdy-da, meni uçuryp bu ýere getirdi – diýip jogap beripdir.

– Onuň ýaly bolsa onda üzümleri kim ýoldy? – diýip, bagban sorapdyr.
Ependi:
– Şemalyň güýçlüliginden gorkup, üzümiň ýapraklaryndan aslyşanymda elime geläýdi – diýipdir.
Bagban oňa ynanmandyr. Şeýle-de bolsa:
– Onda üzümleri sebede kim saldy? – diýip sorapdyr.
Onda Ependi:
– Eý, halypa, şuň-a menem haýran, senem – diýip jogap beripdir.

## Halta hasabyna seredeniňde...

Ependi Oraza aýy bolanda özüçe pikirlenip:
– Maňa adamlaryň hasabyna görä agyz beklemek nämä gerek?! Bir halta alyp, onuň içine her gün ownuk daş ataýyn. Haçan-da ol daşlar otuza ýetende öz hasabym bilen Oraza baýramyny bellärin – diýipdir. Şeýdip ol her gün agzyny açanda, ol halta bir daş oklar eken. Oraza aýynyň 21-i bolanda Ependiniň gyzy haltadaky daşlary görüp:
– Atam näme üçin daş saldyka? – diýip, ol hem bir mukdar maýda daşlary getirip, halta salýar. Şol gün bir kişi Ependiden:
– Orazanyň näçe güni galdy? – diýip sorapdyr. Ependi:
– Biraz garaş, men öýüme gidip, hasap haltamy görüp, jogabyňy bererin – diýip, öýüne baryp haltadaky daşlary döküp, sanap görýär. Görse daşlar 165-ýe ýetipdir. Ependi adamlardan Oraza baýramyna sekiz gün galandygyny eşiden ekeni. Ol 165-iň üstüne sekizi hem goşýar. Şeýdip, bu san 173-ýe ýetýär. Ol: «Eý, Alla, bu ýylky orazany 173 gün edip ýaradypsyň» diýip, haýran galýar we:
– Eger soragça 165 gün diýsem ol hökman meni masgaralap, üstümden güler. Indi gel 100-ini taşlap, 65 gün diýeýin – diýip, daşary çykýar hem-de ol adama:
– Eý, gardaş, mübärek Remezan aýy 65 gün bolupdyr – diýýär. Ol adam kah-kah gülüp:
– Bir aý doly 30 gün bolýar. Siz nähili 65 gün diýýärsiňiz? – diýipdir. Onda Ependi:
– Eý, akmak, şindem men ynsap edip ýüzüni aýyrdym. Eger halta hasabyma seretsem, bu ýyl Oraza aýy 173 gün eken. Oraza baýramyna sekiz gün galdy. Seniň ýaly nadan kişiler bilen mundan artyk sözleşsem, aklyma zeper ýeter – diýip, öýüne girip gidipdir.

## Köne aýy näme edýärler?

Bir kişi Ependiden:
– Eý, Ependi, täze Aý dogansoň, köne Aýy näme edýärler? – diýip sorapdyr. Ependi:
– Ýüzüňe seretsem, adama meňzeýäň, emma öküziňkiçe-de akylyň ýok eken. Bileňokmy näme, täze Aý doganda, köne Aýy döwüp, ýyldyz edýärler – diýip jogap beripdir.

## Zeleli bolmasa, peýda ýokdur

Ependiniň aýaly bir gün:

– Eý, janym Ependim, siz hem söwdagärler ýaly biraz zat alyp satmagy adat etseňiz niçik bolar?!. Käbir mejlislerde men biçäre hem ýagşy lybaslar geýnip, söwdägärleriň aýallaryna serdar bolardym – diýipdir. Ependi:

– Nirede bolsa tap-da, pully horjunymy ber, bazara baryp sen serdar bolar ýaly iş edeýin – diýipdir. Aýaly hoşal bolup, puly çykaryp beripdir. Ependi puluny sanap görse, on teňňe bar eken. Ol bazara barypdyr, görse, bir kişi ýumurtga alyp barýar eken. Ependi: «Söwdamyň başy tohumdan bolsun» diýip, bir teňňä on sany ýumurtga satyn aldy. Başga bir gün bazara baryp, olary bir teňňä satyp öýüne dolanyp geldi. Aýaly:

– Ependim, nähili söwdagärlik etdiňiz? – diýip sorady. Ependi:

– Aza kanagat edip, bir teňňä on däneden tohum alyp, on bir däneden satdym – diýipdir. Aýaly bu sözi eşidip:

– Heýhat, men bir garamaňlaý aýal ekenim, «Sen peýda gazanyp gelersiň, menem mejlisde serdar bolaryn» diýip, güman etsem, sen zyýana galyp gelipsiň – diýip zeýrenipdir. Ependi:

– Eý, biakyl, bal gerek bolsa arynyň iňňesine razy bolmaly, mähnet bolmasa, rahatlyk bolmaz, zeleli bolmasa, peýda ýokdur. Hawa, sen renç çekdiň. Bar, seni ýüz aýala serdar kyldym – diýipdir.

## Ependiniň wesýeti

Bir gün Ependi garyndaşlaryny öýüne çagyryp, olara:

– Meniň sizi çagyrmagymyň sebäbi, size aýtjak wesýetim bar – diýipdir. Olar:

– Hawa, Ependi, beýan ediň, nähili wesýetdir? – diýipdirler. Ependi:

– Eý, akmaklar! Baryň, hemmäňiz öýňüze gidiň, nähilidigini sorap näme etjek? – diýipdir. Ýene bir gün olaryň hemmesini ýygnap:

– Meniň size wesýetim bar, eşidiň! – diýipdir. Olar:

– Hawa, eşideris – diýipdirler. Ependi:

– Eý, nadanlar! Aýdylmadyk sözi nähili eşidersiňiz, ýok boluň, öýli-öýňüze baryň – diýipdir. Soňra olar: «Eger bizi ýene çagyrsa, hemmämiz hiç zat diýmän, sessiz duralyň» diýip, maslahat edipdirler. Ependi bir gün olary ýene çagyryp:

– Köňlümde size beýan etjek bir wesýetim bar – diýipdir. Olar hiç zat diýmändirler. Ependi bir salym pikire batyp:

– Eý, jiger-janlarym, aýtsam, «wesýet» diýen sözüň özi ýöne bir güman eken. Ajal gelip, kişiniň ýakasyndan tutandan soň, ol ýokdur. Indi siz işleriňize baryň, wesýetimi ölenimden soň aýdaryn – diýipdir.

## Eşegimiň keýpi ýok

Bir kişi gelip Ependiden eşegini sorapdyr. Ependi:

– Biraz dur. Eşegim bilen maslahat edeýin – diýip, öýüne giripdir. Soňra çykyp, ol adama:

– Eşegimiň keýpi ýok. Eşegim maňa: «Meni oňa berseň, üstüme agyr ýük urup, gulagyma urar we seniň aýalyňa söger» diýip jogap berdi – diýipdir.

## Ependi, size näme boldy?

Günlerde bir gün Ependi dagdan ep-esli odun ýygyp eşegine ýükläpdir. Ýüküniň agyrlygy sebäpli eşek ýöremändir. Şol wagt bir kişi iki sany gaty duz berip:

– Ependim, şu zatdan biraz eşegiňiziň syrtyna dykyp goýuň, soňra nähili ýöreýänini görersiňiz – diýipdir. Ependi şonuň ýaly hem edipdir. Eşek şeýle bir jyrtlap ýöräpdir welin, Ependi eşegiň yzyndan ýöremäge ejiz gelipdir. Alaçsyz şol gaty duzlaryň bir mukdaryny özüniň syrtyna hem dykypdyr. Birazdan soň onuň agyrysyna takat etmän, Ependi hem ylgamaga başlapdyr. Kä Ependi eşekden ozup, kä eşek Ependiden ozup, şeýle ýagdaýda öýüne ýetip, çydap bilmän, ikibaka ylgap ýören eken. Aýaly haýran galyp:

– Eý, Ependim, size näme boldy? Munuň ýaly ylgap ýörsüňiz? – diýip sorapdyr. Ependi:

– Meniň bilen bile ylgamaga höwes etseň, sen hem syrtyňa biraz gaty duz dykyp goý – diýipdir.

## Bilip iýýärsiňiz

Ependi aýalyndan:

– Ölen kişiniň ölenligini nähili nyşan bilen bilip bolýar? – diýip sorapdyr. Aýaly:

– Hemme agzalaryndaky yssylyk düýpli ýok bolup, el-aýaklary, ähli bedeni sowuk bolýar – diýipdir.

Tötänlikden gyş paslynda Ependi odun getirmäge gidipdir. Sowuk täsir edipdir. Ependi:

– Hawa, men indi öldüm – diýip, eşeginden düşüp, bir gapdalda el-aýaklaryny uzadyp ýatypdyr. Şol wagtda aç börüler gelip, eşegini ara alyp iýmäge başlapdyrlar. Ependi başyny galdyryp:

– Örän hilegär börüler ekeniňiz, eýesi ölen eşegi bilip iýýärsiňiz – diýipdir.

## Sygyr nähili çykdyka?

Ependiniň aýaly öýünde ýok eken. Ependiniň ýüregi gysyp köçä çykmagy ýüregine düwüpdir. Biraz puly bar eken. «Ogry almasyn, bir ýeri gazyp, ony gömeýin» diýip, öýüň bir gyrasynda gömüpdir. Soň öýüň işigine baryp, yzyna seredip: «Özüm ogry bolsam, ony tapyp alardym, görüp durun» diýip, puly ol ýerden çykaryp, başga bir ýere gömüpdir. Onuň köňli ynjalyk tapman: «Özüm ogry bolsam, tapyp alardym. Indi bir alaç tapaýyn, ogry hem oýan-buýana seredip dursun, özüm hem alyp bilmäýin» diýip, pully gapjygyny bir uzyn agajyň ujuna mäkäm daňyp,

howlusynyň ortasyndaky agajyň başynda gizläpdir. Soňra pully gapjygyna seredip: «Indi ýeriňi tapdyň, ogry guş däldir, uçup gidip seni alar ýaly» diýip, çykyp gidipdir.

Bu wakadan Ependiniň goňşusy habardar bolup, derrew gelip agajyň başyndan puly alyp, onuň ýerine sygyr tezegini ýapyşdyryp goýupdyr. Biraz wagtdan soň Ependi gelip görse, pul ýok, ýerine sygyr tezegi bar eken. Haýran bolup: «Bu agajyň başyna adam çykmaz» diýip, güman etsem, sygyr nähili çykdyka? Megerem, sygyrlaryň ogrusynyň ganaty bardyr. Ol agajyň üstüne çykyp alypdyr. Hawa, indi iýsin-içsin, doýmasyn – diýip zeýrenipdir.

## Gabyr köne bolsa...

Ependi ogluna:

– Eý, nury didäm! Men ölemde, köne matadan kepen edip, köne gör tapyp, şol ýerde jaýlaň – diýipdir. Ogly:

– Kaka, beýle diýmegiňiziň sebäbi näme?

Ependi:

– Eý, oglum, akylyň ýetenokmy? Gabyr köne bolsa, Müňkür - Nekir[1] gelip, «Bu owal sorag soralan öli eken» diýip, maňa azar bermezligi ahmal – diýipdir.

## Sesiňi çykarma!

Ependiniň öýüne bir gije ogry giripdir. Aýaly aňyp:

– Eý, Ependi! Tur, öýe ogry giripdir – diýipdir. Ependi:

– Eý, nadan! Sesiňi çykarma, eşidip gaçaýmasyn. Ýuwaşlyk bilen baryp, elinde bir zady bolsa ogurlap alaýyn – diýipdir.

## Hudaýa şükür, maksadyma ýetdim

Ependi derýada suwa düşüp duran eken. Görse, uzakda balyk tutýanlar derýa tor taşlaýan ekenler. Ependi derhal suwuň düýbünden ýüzüp baryp, olaryň toruna giripdir. Balykçylar toruň hereketine «Balyk düşdi» diýip, güman edip, çekip alypdyrlar. Görseler, Ependi eken. Hemmeler kah-kah urup gülüp:

– Eý, Ependi! Suwuň düýbünde näme edip ýörsüňiz? Biziň awumyzy puja çykardyňyz – diýipdirler.

Ependi:

– Her näme bolsa bolsun, köp wagtdan bäri balyk bolmagy arzuw edip ýördüm. Hudaýa şükür, maksadyma-ha ýetdim – diýipdir.

## Ekin suwarmany öwren!

[1] Müňkür-Nekir – yslamda dini ynanja görä, adam jaýlanandan soň merhumdan sorag etmek üçin onuň ýanyna gelýän perişdeleriň atlary.

Ependi bir gün ekin suwaryp ýörkä, bir gurbaga tutupdyr. Onuň bir aýagyny ýüp bilen baglap, ýüpüň beýleki ujuny öz biline mäkäm berkidipdir. Ependi nirä barsa, gurbaga-da şol tarapa bökjekläp, warkyldap, gygyrmaga başlapdyr. Ependi gurbaga seredip:

– Eý, nadan! Beýdip suwda warkyldap ýörenden-ä, menden ekin suwarmany öwren! – diýipdir.

## Atyň özi tersine durandyr

Ependi bir gün söwdagärler bilen ýoldaş bolup, sapara çykypdyr. Gün gijigende bir menzile ýetip düşläpdirler. Bir gije ýatyp, ertesi ýola çykanlarynda, Ependi köp atyň içinde öz atynyň haýsydygyny bilmändir. Emma birinden soramagy namys bilip, derhal eline ok-ýaýyny alyp, ýoldaşlaryna belent ses bilen:

– Eý, byradarlar! Şu atlaryň içinde eýesi ýok atlar hem bar-a meňzeýär. Olary ok bilen atjak. Bize etleri ganymat at gerek – diýipdir. Bu sözi eşiden söwdagärleriň hemmesi aljyraňňy ýagdaýda her haýsy öz atlaryny tutupdyrlar. Ependiniň atynyň ýeke özi galypdyr. Şeýdip Ependi atyny tanapdyr. «Ýene ýalňyşaýmaýyn» diýip aljyrap, gelip ata tersine münüpdir. Ýoldaşlary gülüşip:

– Eý, Ependi! Näme üçin atyňyza tersine mündüňiz? – diýipdirler. Ependi:

– Men tersine münemok, belki, atyň özi tersine durandyr – diýipdir.

## Çorbanyň çorbasy

Günlerde bir gün sähra adamlaryndan bir kişi Ependä goýun getirip beripdir. Ependi begenip, ony bir gije öýünde myhman alyp, minnetdarlyk bilen ugradypdyr. Bir hepdeden soň ol adam gelip, Ependiniň işigini kakypdyr. Ependi çykyp:

– Kim sen? – diýip sorapdyr. Ol kişi:

– Goýun getiren dostuňyz men – diýipdir. Ependi ol gije ony ýene-de myhman alyp, çorba bilen hezzetläp goýberipdir. Şondan bir hepde geçenden soň, dört-bäş adam gelip myhman almagyny sorapdyrlar. Ependi:

– Siz kim bolarsyňyz? – diýipdir. Olar:

– Goýun getiren dostuňyzyň goňşularydyrys – diýipdirler. Ependi olary hem bir gije çorba bilen myhman alypdyr. Ýene bir hepdeden soň on-on bäş adam gelip, Ependiniň howlusyna girip, myhman bolmak isläpdirler. Ependi olardan kimdiklerini sorapdyr. Olar:

– Goýun getiren dostuňyzyň goňşusynyň goňşularydyrys – diýipdirler. Ependi haýran bolup:

– Hoş gelipsiňiz, sapa gelipsiňiz – diýip, olary myhmanhanada oturdyp, bir uly tasa suw guýup, öňlerinde goýupdyr. Olar:

– Ependi! Bu nähili tagam? – diýip sorapdyrlar. Onda Ependi:

– Şol dostumyzyň getiren goýnunyň çorbasynyň çorbasydyr – diýip jogap beripdir.

## Bir aýagym täretsiz

Ependi bir gün täret alanynda bir aýagyna suw ýetmändir. Namaza duranda bir aýagyny galdyryp, namaz okapdyr. Ependiniň bolşuny gören adamlar:

– Eý, Ependi! Bir aýak bilen okalan namaz nähili namazdyr? – diýip sorapdyrlar. Ependi:

– Bir aýagynyň täreti ýok kişiniň namazydyr – diýipdir.

## Öň tarapymy nähili bilerin?

Bir gije Ependiniň öýüne myhman gelipdir. Şem ýakyp ýatan ekenler. Şem gutaryp, içeri garaňky bolupdyr. Myhman:

– Ependim, öň tarapyňyzda şem bardyr – diýipdir. Ependi:

– Eý, dostum, diwana bolduňmy? Garaňky gijede men öň tarapymy nähili bilerin? – diýipdir.

## Ulalsa aždarha bolar

Bir kişi Ependiden:

– Ependim, ýylyňyz näme? Ýaşyňyz näçä bardy? – diýip sorapdyr. Ependi:

– Ýylym aždarhadyr. Ýaşym ellä bardy – diýipdir. Ol kişi:

– Eý, Ependim, ýyllaryň içinde ýylan bardyr. Emma aždarha diýmegiňiz hatadyr – diýipdir. Ependi:

– Eý, dostum! Sen rast aýdýarsyň. Ýöne men hem biderek sözlemeýärin. Çünki enemden doglan wagtymda ýylym ýylan eken. Elli ýyldan soň her nähili ýylan bolsa hem ulalyp aždarha bolmazmy? – diýipdir.

## Eger et bolsady…

Ependi bir gün bazardan gelýär eken. Ýolda oňa birnäçe molla sataşypdyr. Ependi «Çorba bişirip berjek» diýip olary öýüne çagyrypdyr. Olar hem kabul edip: «Ependi bilen baralyň» diýip, onuň yzyna düşüpdirler. Ependi öýüne ýakyn gelende:

– Siz biraz şu ýerde garaşyň. Men öýümden habar alaýyn – diýip, içeri girip aýalyna:

– Eý, keýwany, basymrak gazan ataryp çorba bişir. Mollalary getirdim – diýipdir. Aýaly:

– Sen nähili akmak ekeniň. Sakgalyň agarsa-da, asla akyl girmändir. Sen näme üçin myhman getirdiň? Bizde et barmy, çörek barmy? – diýipdir. Ependi haýran galyp: «Bolýar, beýle bolsa» diýip, gazanyň gulagyndan tutup, mollalaryň öňünden çykypdyr-da:

– Ýaşym pylança baryp, sakgalym agarypdyr, akylym hem bar, ýöne welin, öýümde etim ýok eken. Eger et bolsady, şu gazany dolduryp, çorba ederdik, siz hem iýip-içerdiňiz, biz hem iýerdik. Haý-haý, çorba şirin eken, yssy eken, derläp gitdim. Hawa, mollalar indi size rugsat – diýip, gazanyny göterip, öýüne giripdir.

## Belki, güýç toplaryn

Ependi öýüne girip, bir zada ýaplanyp ýatypdyr. Birden oglunyň gözi oňa düşüp:

– Eý, ata! Bu ýerde näme edýärsiň? – diýip sorapdyr. Ependi:

– Eý, nury didäm! Sorama, ýaşym bir çene ýetip, bedenimden kuwwat gitse hem, heniz eneň hyzmatyndan gutulmanym üçin, naçar terkidünýäligi ygtyýar kyldym. Belki, şeýtsem, güýç toplaryn – diýipdir.

## Ependi we derwüş

Bir gün Ependi öýünde otyrka, biri onuň gapysyny kakypdyr. Ependi:

– Kim bolarsyň, näme gerek? – diýip, ondan sorapdyr.

Bir zaryn ses:

– Öý eýesi, aşak düşüň! – diýip seslenipdir. Ependi aşak düşüp, gapynyň agzyna baranda, gapyda duran derwüş:

— Bir zatjagaz sadaka beriň! – diýipdir. Oňa Ependiniň gahary gelipdir, ýöne syr bildirmän:

– Özüň ýokaryk çyk! – diýipdir.

Biçäre derwüş ýokaryk çykyp, Ependiniň oturan jaýyna baranda:

– Saňa Alla rehmet etsin, mende saňa bererlik zat ýok – diýipdir.

Derwüş bu bolşa haýran galyp:

– Bu näme etdigiň? Eger boş gaýtarjak bolsaň, aşakdakam jogabyny berip goýberseň bolmaýarmydy? – diýipdir.

Ependi hem oňa:

– Sen näme dilejek sadakaňy meni aşak düşürmän, diläp bilmediňmi? – diýipdir.

## Çaganyň özi çykar

Ependiniň aýaly çaga dogranda köp ejir çekýän eken. Aýallar Ependä:

– Ependi, heý, bir doga bilmeýäňizmi? Okasaňyz, belki, doganyň täsiri bilen Allatagala aňsatlyk berer – diýipdirler.

Ependi:

– Nadanlar, bu işe doganyň ne hajaty bar. Alajyny özüm taparyn – diýip, baryp bir ýerden bäş sany guşuň çagalaryny tutup getirip, aýalynyň ýanynda goýup:

– Biraz sabyr ediň. Şu guşlary oýnamak üçin ünsi bozulsa, çaganyň özi çykar – diýipdir.

## Şonuň üçin aglaýaryn

Ependini gaharlandyrmak üçin aýaly onuň gyzgyn çorba getirip goýupdyr. Ýöne aýaly ony unudyp, çorbadan owurtlapdyr. Agzy bişip, gözünden ýaş akypdyr. Ependi muny görüp:

– Saňa näme boldy, näme beýle aglaýarsyň? – diýipdir. Aýaly:

– Enem pahyr çorbany gowy görerdi. Enem ýadyma düşüp aglaýaryn – diýipdir. Ependi hem çorbadan bir çemçe owurtlapdyr. Onuň hem agzy bişip, gözi ýaşarypdyr. Aýaly:

– Size näme boldy? – diýip sorapdyr.

Onda Ependi:

– Gaýynenem pahyry ýadyma salsam, bozulman durup bilemok. Ol biçäräniň-ä birwagt ölüp gidip, sen emelsiziň bolsa heniz hem diri gezip ýöreniňi ýatlasam dag-a, möňňüriberesim gelýär, onsoňam eneň pahyr wepat bolanda, sen biçäre ýaş çagadyň. Eneden ýaş galanyň ýadyma düşdi. Şonuň üçin aglaýaryn – diýipdir.

## Ikimize bir öý besdir

Ependiniň aýaly bir gün aýallar bilen oturlyşyga barypdyr. Gelenden soň Ependi:

– Eý, janym, oturlyşykda gören-eşidenleriňden aýtsaň! – diýipdir. Aýaly:

– Gowy-gowy kitaplar okaldy. Kitapdan gowy-gowy sözler eşidip geldim – diýipdir. Ependi:

– Kitabyň sözi nähili eken. Aýtsaňyz men hem eşiderdim – diýipdir. Onda aýaly:

– Kitapda «Bir adam öz halal aýalyna ýakynlyk etse, Allatagala jennetden şeýle bir öý bagyş etjekmiş welin, onuň mysaly bu dünýäde bolmazmyş» diýlip ýazylypdyr – diýipdir. Ependi:

– Nähili gowy kitap eken, beýle bolsa, gel, jennetden bir öý ýasaly – diýip, aýaly bilen ýakynlyk edipdir. Birazdan soň aýaly:

– Ependim, özüň üçin bir öý ýasadyň, gel, tiz bol, maňa hem bir öý ýasa – diýipdir. Ependi:

– Keýwany, ýasasag-a bolardy, emma soňra ataň-eneňe, kowum-garyndaşlaryňa hem öý bina etmegi talap edersiň öýdüp gorkýaryn. Gowusy, aýrylyşmajak bolsaň, ikimize bir öý besdir – diýipdir.

## Akyly ýerindedir

Günlerde bir gün Ependiniň ogly:

– Eý, ata, men seniň doglanyňy bilýärin – diýipdir. Bu sözi Ependiniň enesi eşidip:

– Eý, biýedep, munuň ýaly biderek sözleri sözleme – diýipdir. Ependi:

– Eý, ene, oglumyň sözüni ret etme, akyly ýerindedir, belki, bilse bilýändir – diýipdir.

## Güman edýärin

Imat atly bir şägirt Ependiden ders öwrenýän eken. Ol gara bedenli bolup, hebeşi[1] taýpasyndan eken. Bir gün Ependiniň donuna syýa dökülipdir. Ony gören adamlar:

– Eý, Ependi, donuňyza näme boldy? – diýip sorapdyrlar. Ependi:

[1] Hebeşi – efiopiýaly.

– Näme bolany-na bilemok. Emma howanyň yssylygyndan Imat derlän bolsa, onuň bedeninden syçrandyr diýip, güman edýärin – diýipdir.

## Eger kabul etse...

Ependi biraz wagt obasyna ymam bolupdyr. Obadaşlaryndan bir kişi wepat bolupdyr. Ependi onuň jynazasyna ymamlyk etmegi boýun almandyr. Adamlar:

– Näme üçin jynaza ymamlygy kabul etmeýärsiňiz? – diýip sorapdyrlar. Onda Ependi:

– Meniň ymam bolmagymy öliniň özi halamaýar. Sebäbi ikimiziň duşmançylygymyz bardy. Öliniň özünden soraň, eger kabul etse, ymam bolaryn – diýipdir.

## Näme tapawut bar?

Ependiniň ýanyna bir adam gelip:

– Meniň pylany bilen bugdaý dawam bar. Kazyň huzuryna baryp, «Bugdaýynyň barlygy rast» diýip, güwälik beriň – diýipdir.

Ependi razy bolup, onuň bilen kazyýete baryp, olaryň şikaýatlary çözüş mejlisinde kaza:

– Bu adamyň arpasynyň barlygyna ynanyp, höküm ediň – diýipdir. Kazy:

– Bu kişiniň dawasy bugdaýdady. Siz näme üçin «arpa» diýip güwälik berýärsiňiz? – diýipdir. Ependi:

– Munuň dawasy, elbetde, ýalandyr. Meniň güwäligim hem dogry däl. Sözümiziň ýalan bolandygy üçin, arpa bilen bugdaýda näme tapawut bar? – diýipdir.

## Şükür edýärin

Ependiniň bagynda bir erik agajy bar eken. Ol beýleki iýmişlerden öň ýetişýän eken. Bir gün görse, erikleriň üç sanysy saralyp bişipdir. Patyşa sowgat bermek üçin olary ýygyp, bir sebede salyp alyp barýan eken. Sebediň içinde erikler her tarapa urnupdyrlar. Ependi: «Köp oýnamaň, ýaş janyňyzdan aýrylarsyňyz, iýip goýaryn» – diýipdir. Olar şonda-da, ikiýana urnupdyrlar. Ependi: «Bulary tenha kylmasam, biri-birleri bilen oýnaşar ekenler» diýip, ikisini iýipdir we birini patyşa alyp barypdyr. Şa mähremlik görkezip, Ependä halat berip goýberipdir.

Ýene bir gün Ependi patyşa üçin hyýar alyp barýan eken. Bir adam:

– Eý, Ependi, nirä barýarsyňyz? – diýip sorapdyr.

Ependi:

– Patyşa hyýar alyp barýaryn – diýipdir. Ol adam:

– Patyşa injir alyp baryň, injiri gowy görýär – diýipdir.

Ependi bu sözi oňlap, hyýary goýup, injir alyp barypdyr. Patyşa bolsa injiri asla halamaýan ekeni. Patyşa bir adama emr edip: «Gaýdyp munuň ýaly zady meniň dergähime getirmez ýaly, getiren zady bilen kellesine ur» diýipdir. Ol adam Ependini injir bilen urup başlapdyr. Emma Ependi uruldygyça, şükür edýän eken. Patyşa:

– Eý, Ependi, bu wagt şükür etmegiň sebäbi nämedir? – diýipdir. Ependi:

– Eý, tagsyr! Her kim öz işini özi gowy biler. Men şükür etmän, kim şükür etsin. Kelläme hyýaryň ýerine injir degse – diýipdir.

Patyşa:

– Bu sözüň manysy näme? – diýip sorapdyr. Onda Ependi:

– Men size hyýar alyp gelýärdim. Bir adam: «Ony goýup, injir alyp git» – diýdi. Eger hyýar getiren bolsam, gaty hyýar degip, kelläm ýarylardy. Injiriň mylaýymlygyna şükür edýärin – diýipdir. Patyşa kah-kah gülüp, Ependini ýene-de halatlapdyr.

## Guýrugy horjundadyr

Ependi eşegini satmakçy bolup bazara alyp barypdyr, görse guýrugy laý bolupdyr. «Hyrydarlara ýaman görünmesin» diýip, derrew eşegiň guýrugyny kesip, horjunyna salypdyr. Bir adam:

– Ependi, eşegiňizi alardym welin, guýrugy ýok eken – diýipdir. Ependi:

– Eşegi halan bolsaň, gel, söwdasyny et, guýrugy horjundadyr – diýipdir.

## Çyrany söndüräýmeseňiz...

Ependi bir gije ulamalar mejlisinde oturan eken. Bir adam gelip:

– Eý, Ependi, söýünji beriň! Aýalyňyzyň çagasy boldy – diýipdir. Ependi oňa buşluk berip, sylaglap goýberipdir. Birazdan soň ýene bir adam gelip: «Söýünji beriň!» diýipdir. Ony hem sylaglap goýberipdir. Şol wagt ýene bir adam gelip: «Ependi, size Allatagala täze myhman bagyş etdi, söýünji beriň!» – diýip, ol hem bir zat alypdyr. Soňra ogly gelip:

– Kaka, ejemiň çagasy boldy, söýünji beriň! – diýipdir. Ependi:

– Eý, oglum, meniň razylygyma seretseňiz, çyrany öçüriň, bolmasa, garaňky ýerde ýatan çagalar çyranyň şuglasyna tomaşa etmek üçin daň atýança çykarlar. Men olara çörek tapyp bermäge ejiz gelerin. Şu söýünjiler bilen hem işimiz tamam boldy – diýipdir.

## Gündiziň günortany şäheriň ýoluny bilmezmiň?

Bir gün Ependi towuklaryny kapasa salyp, başga bir şähere alyp barýan eken.

Ol öz ýanyndan:

– Biçäre towuklar yssydan horugyp öläýmesin. Gel-aý, şu görgüsi ýamanlary ýagty ýalança bir çykaraýyn. Az-kem öz peýwagtyna bir gezip görsünler – diýip, kapasanyň agzyny açypdyr.

Gapy açylan badyna, towuklar wakgyldaşyp çykypdyrlar-da, her haýsy birýana dargap gidipdirler. Muny gören Ependi eline çybyk alyp, bir towugyň ökjesine münüp barşyna:

– Gözedürtme garaňkyda daňyň atandygyny bilersiň-de, gel-gel, indi gündiziň günortany şäheriň ýoluny bilmezmiň? – diýip gygyrýarmyş.

## Paltany goýarmy?

Ependi her gün et getirse-de, aýaly bişirip iýip, Ependä: «It alyp gitdi» diýip aýdýar ekeni. Bir gün Ependi paltasyny getirip, sandygyň içine salypdyr. Aýaly:

– Paltany näme üçin sandyga salýarsyň? – diýipdir. Ependi:

– Eý, akmak, bir teňňelik eti alyp giden it on teňňelik paltany goýarmy?! – diýipdir.

## Hiç kim ýeňsede galmasyn!

Bir gün Ependi şägirtleri bilen şäherden daşary gezelenje gitmekçi bolup, ata ters münüp ýola düşüpdir. Şägirtleri pyýada barýan ekenler. Olar:

– Eý, hezreti ussadymyz, näme üçin atyňyza ters mündüňiz? – diýipdirler. Onda Ependi:

– Dogry aýdýarsyňyz, eger ata dogry münsem, arkam size tarap bolar, siz meniň yzymda bolarsyňyz. Eger siz öňümden ýöreseňiz, onda siziň arkaňyz maňa tarap bolar. Bu bolsa biedeplik bolar. Munuň ýaly münsem bolsa, hiç kim ýeňsede galmaz – diýipdir.

## Ine, halwa alyp iýiň!

Ependi ýaz paslynda eşek münüp uzak sapara gidipdir. Eşegi teşnelikden uly aryga özüni taşlapdyr. Gurbagalar böküp, warkyldaşypdyrlar. Olaryň sesinden ürken eşek suw içmezden, syçrap-syçrap, ýokaryk çykypdyr. Bu ýagdaýa Ependi şatlanyp:

– Berekella, köl bilbilleri, hyzmatyňyzyň muzdy bolsun, ine, halwa alyp iýiň – diýip, dört-bäş teňňe puly suwa taşlap gidipdir.

## Näme diýip aglarsyň?

Günlerde bir gün Ependi hassalapdyr. Aýalyna:

– Eger men ölsem näme sanawaç sanap aglarsyň? – diýipdir. Aýaly:

– Her näme isleseňiz beýan ediň, men şonuň ýaly sanap aglaýyn – diýipdir. Ependi:

– «Uzaklygyma goýman, ýakynlygyma doýman ölen ärim» diýip aglagyn – diýipdir.

## Köwşüm ýerde galmasyn

Ependi bir gün ýoldan barýar eken. Ýaş ýetginjekler agajyň düýbünde oýnap ýören ekenler. Ependini görenlerinde biri-birleri bilen maslahat edip, Ependini agaja çykaryp, köwşüni alyp gaçmagy ýüreklerine düwüpdirler. Ependi gelende:

– Ependi aga, şu agajyň üstüne hiç kim çykyp bilmedi. Megerem, siz çykarsyňyz? – diýipdirler. Ependi:

– Elbetde, çykaryn – diýip, köwşüni goltugyna salyp agaja çykypdyr. Ýetginjekleriň pirimi ýol almansoň:

– Ependi aga, agajyň üstünde köwşi näme edersiňiz, ony bu ýere taşlaýyň! – diýipdirler. Ependi:

– Ätiýaçlyk üçin aldym, agajyň üstünden öýüme gitmäge ýol bolsa, köwşüm ýerde galmasyn – diýipdir.

## Çünki men öli

Ependi bir gün uly ýabyň ýakasynda el-aýagyny uzadyp, öli ýaly bolup uka batypdyr. Bir adam gelip:

– Bu ýabyň o tarapyna nähili geçilýär? – diýip sorapdyr.

Ependi kellesini galdyryp, elini bir tarapa salgap:

– Dirikäm-ä şu tarapdan geçýärdim. Indi haýsy ýerden geçip bolýanyny bilmeýärin, çünki men ölüdirin – diýipdir.

## Bugdaý ekerin

Ependi bir gün dellekhana baryp saçyny aldyrypdyr. Dellekçi onuň kellesiniň köp ýerini kesip ganadandan soň, pagta ýelmeşdiripdir. Ependi dellekçä:

– Nähili gowy dellekçi ekeniň. Kellämiň ýaryna-a pagta ekipsiň, indi galanyna özüm bugdaý ekerin – diýipdir.

## Ýerimi ulaltjak

Ependi bir akmak adam bilen şäriklikde ýer satyn alypdyr. Soňra goňşularyna:

– Men öz paýymy satýan, alarsyňyzmy? – diýipdir. Olar:

– Näme üçin satjak? – diýip soranlarynda, Ependi:

– Men ol ýeri satyp, puluna ýerimi ulaltjak – diýipdir.

## Munuň syry näme?

Ependi diri wagty deňziň ýakasyna gelip, ussalary çagyryp, olara özi üçin deňze golaý bolar ýaly oňaýly tabyt ýasadypdyr. Görseler, tabydyň bir gapdaly suwa çümüp barýan eken. Ol tabydyň gury tarapyndan iki sany berk agaç hem dikipdirler. Ony görenler haýran galyp, gülşer ekenler. Tabydyň töwereginde diwar bolmasa-da, öňünde bir derweze gurduryp, ondan bir gulp asyp goýupdyr. Käbir adamlar Ependiden «Munuň syry näme?» diýip sorapdyrlar. Ependi:

– Her zada suw gerek, ölenimden soň jesedim teşne bolsa, deňziň çyglygyndan peýdalanar – diýip jogap beripdir.

Köp wagt geçmänkä, ol pany dünýäden baky äleme göç edipdir. Garyndaşlary üýşüp, ony şol tabytda jaýlapdyrlar.

## Men kimkäm?![1]

Günlerde bir gün Ependi baga baryp ýatypdyr. Bir adam onuň uklap ýatanyny görüp, ýanyna baryp, sakgalyny syrypdyr. Birnäçe wagtdan soň Ependi oýanyp görse, sakgaly ýok. Ýerinden turup: „Alla janlarym, men kimkäm?!” – diýip, pikire batypdyr. Soňra: „Men öýe baryp soraýyn, «Ependi bar» diýseler, men başga adamdyryn. Eger-de «ýok» diýseler, men özümdirin” diýip, öýüne baryp, gapyny kakypdyr-da:

– Ependi öýde barmy? – diýip sorapdyr. Ependiniň aýaly oňa:

– Ependi bagda uklap ýatandyr – diýip jogap beripdir. Ependi: „Onda men Ependi ekenim” diýip, öýüne giripdir.

## Bet bolansoň...

Bir gün Ependi ýol bilen gidip barýarka, ýoluň üstünde ýatan kätmeniň ujundan basypdyr. Kätmeniň sapy galyp, Ependiniň maňlaýyna patlap degipdir. Ol öz-özüne:

– Sen bet bolaňsoň, maňlaýyňa agajy patlatdylar – diýip gidiberipdir.

## Bu seniňkimidi?

Bir gün Ependi gidip barýarka, ýolda ýatan bir aýnany görüp, ony eline alyp, seredipdir welin, öz ýüzüni görüpdir. Ependi ony görüp:

– Asyl, bu seniňkimidi? – diýip, taşlap gidiberipdir.

## Gaýdyp soramaň!

Günlerde bir gün Ependi akdan, garadan, gyzyldan gurnaşdyryp, bir uly telpek tikdiripdir. Telpegini geýip obada Hudaýguly atly bir baýyň hudaýýolusyna barypdyr. Sadakada her kim ondan:

– Ependi, telpegiňi kim tikdi? – diýip sorapdyr. Ependi olaryň haýsy birine jogap berjegini bilmändir-de:

– Adamlar, Hudaýguly baýyň beýik diňiniň töweregine ýygnanyň! – diýip, jar çekdiripdir. Adamlar «Ependi bir paýhasly adam, ýagşy gep aýdar» diýşip, aýdylan ýere ýygnanypdyrlar. Ependi orta çykyp:

– Adamlar, meniň telpegimi Gurbandurdy telpekçi tikendir. Indi gaýdyp menden şuny soramaň! – diýip, adamlary dargadypdyr.

## Etjegimi, özüm bilýärin

Günlerde bir gün Ependi eşeginiň torbasyny ýitiripdir. Ol:

– Eşegimiň torbasyny tapsaňyz-a tapanyňyz, tapmasaňyz, etjegimi özüm bilýärin – diýip, adamlaryň arasynda jar çekipdir.

---

[1] Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň hazynasyndan alyndy.

Halaýyk bu jary eşidip „«Bu bir uly bilimdar adamdyr. Geliň, munuň gaharyny getirmäliň, torbasyny tapyp bereliň» diýip, maslahat edipdirler. Gözläp-gözläp, ahyry onuň torbasyny tapypdyrlar we Ependä eltip berip:

– Ine, Ependi, seniň eşegiň torbasy, ýöne, sen aýt, eger torba tapylmasa, sen näme etjekdiň? Çünki sen „«Torbamy tapyp bermeseňiz, etjegimi özüm bilýärin» diýipdiň – diýip sorapdyrlar.

Onda Ependi:

– «Etjegimi özüm bilýärin» diýdigim, bir köneje horjunym bardy, şony ortasyndan ikä bölüp, iki sany torba etjekdim – diýip jogap beripdir.

## Hiç ynanma!

Günlerde bir gün Ependi hammal bolup bazara çykýar. Bir söwdagär ony görüp, özüniň horjun doly käse-çäýnegini bazardan öýüne alyp gitmegini sorapdyr. Ependi hem:

– Zähmet hakyna näçe tölejek? – diýip sorapdyr.

– Zähmet hakynyň ýerine saňa üç sany nesihat söz aýtjak – diýip, söwdägar jogap beripdir.

Ependi onuň teklibini kabul edip, horjuny gerdenine alyp ugrapdyr. Bular ýaňy ýola düşenlerinde Ependi söwdagäre:

– Hany, birinji nesihatyňy aýt! – diýipdir.

Söwdagär bolsa:

– «Açlyk doklukdan gowy» diýseler, ynanmagyn – diýipdir.

Bu manysyz söz Ependä hiç täsir etmändir. Näme-de bolsa ol hiç zat diýmän, söwdagäriň yzyndan gidiberipdir. Olar orta ýola baranlarynda Ependi söwdagäre:

– Ikinji nesihatyňam aýt! – diýipdir.

Söwdagär:

– Uzak ýola gideňde «Pyýada atlydan gowy» diýseler, ynanmagyn – diýipdir.

Ependi bu manysyz sözi eşidende hem hiç zat diýmändir. Ýöne aşaky dodagyny dişläp, başyny ýaýkap gidiberipdir.

Soňra olar söwdagäriň öýleriniň gapysynyň agzyna gelip duranlarynda, Ependi:

– Üçünji nesihatyňy hem aýt, eşideli – diýipdir.

Onda söwdagär:

– «Dünýäde seniň ýaly akmak bar» diýseler ynanmagyn – diýipdir.

Bu söze Ependiniň birden gahary gelipdir. Ol gerdenindäki horjuny eline alyp, bulap-bulap, başyndan aşyryp, ýere urupdyr-da:

– Saňa hem «Uly horjunyň içindäki zatlaryň biri döwülmän galdy» diýseler, sen hem ynanmagyn – diýip gidiberipdir.

## Ýene bir ursaň...

Günlerde bir gün Ependi horjunynyň iki gözüni hem owunjak jürdejiklerden dolduryp, bazara alyp barýan eken. Onuň öňünden eli taýakly biri çykyp, taýagy bilen horjunyň bir ýanyna kakyp:

– Ýeri-ow, bazara nämejik alyp barýaň? – diýip, Ependä ýüzlenipdir.
Ependi:
– Beýle tarapyna-da şeýle kakaýsaň, hiç zat – diýipdir.

## Ependiniň bazardan ýag satyn alşy

Bir gün Ependi ýag almakçy bolup bazara gidipdir. Bazara baryp et-ýag satyp oturan gassaba:
– Bir kirbenke[1] ýag bersene! – diýip, puluny we käsesini uzadypdyr.
Gassap:
– Hany, tut gabyňy – diýip, ergin ýagy onuň käsesine guýmaga başlapdyr.
Bir kirbenke ýagyň hemmesi käsä sygmandyr welin, gassap:
– Ependi, başga gabyň ýokmydy? – diýip sorapdyr. Onda Ependi:
– Ine, bar – diýip, käsesiniň beýlesini agdaryp, ýagyň galanyny käsäniň beýle tarapyna guýdurypdyr. Ependi şonluk bilen ýagy öýüne alyp gelipdir. Aýaly ondan:
– Bir kirbenke ýag diýip, getiren ýagyň hemmesi şujagazmy? – diýip soranda, ol:
– Ýok, keýwany, köpüsi käsäniň beýleki ýüzündedir – diýip, käsäni beýleki tarapyna agdarypdyr welin, barja ýagy hem dökülipdir.

## Her kesiň maly gözüniň öňünde bolsa gowy

Günleriň bir gününde Ependi sakgyç çeýnäp ýörşüne, agzy ýadansoň, agzyndaky sakgyjyny alyp, burnunyň gapdalyna ýelmäp goýupdyr.
Adamlar:
– Eý, Ependi, näme üçin çeýnäp ýören sakgyjyňy burnuňa ýelmäp goýupsyň? – diýip soranlarynda, ol:
– Her kimiň maly gözüniň öňünde bolsa gowy – diýip jogap beripdir.

## Gowy bolsa satjak däl

Günleriň bir gününde Ependi sygryny satmak üçin bazara alyp gidipdir. Bazarda onuň sygryny hiç kim almandyr. Ahyry biri gelip:
– Ependi, bu sygryňy dellala[2] ber. Ol ony gowy satyp berer – diýýär.
Ondan soň Ependi sygryny satdyrmaga dellala berýär. Dellal sygry bazarda gezdirip ýörşüne adamlar onuň daşyna üýşüpdirler. Dellal adamlara sygry taryplap:
– Bu sygyr üç guzlan, özem süýtli, oňat häsiýetli, tüýs tohum sygyrdyr – diýensoň, Ependi:
– Bu hili gowy sygyr bolsa, men satjak däl – diýip, sygry dellaldan alyp gaýdypdyr.

---
[1] Kirbenke – 4O9,5 grama barabar agyrlyk ölçegi, gadak.
[2] Dellal – söwdada, alyş-çalyşda alyjy bilen satyjynyň arasynda durýan ylalaşdyryjy adam.

## Hiç zat iýemok

Bir gün Ependi ýelli howada eşeginiň üstünde talhan iýip barýan eken. Talhany agzyna atjak bolanda, her gezek agzyna talhandan zat düşmän, ýeliň ugruna gidýär eken. Şol wagt öňünden bir adam çykyp:

– Ependi, näme iýýärsiň? – diýip soranda, ol:

– Ýeliň şu öwsüşi bilen hiç zat iýemok – diýip jogap beripdir.

## Enşalla, äriňdirin!

Günlerde bir gün Ependi aýalyna ýüzlenip:

– Men bazara goýun almaga gitjek – diýipdir-de, aýalyndan pul alypdyr. Aýaly hem:

– Kakasy, «enşalla» diýsene – diýipdir welin, Ependi jübüsine elini urup:

– Päheý, jübümde pul barka, enşalla nämä gerek? – diýip, bazara gidipdir. Wagt giç bolupdyr. Ýolda ýatmakçy bolanda puluny nirede goýjagyny bilmän, ahyry bir agajyň şahasyndan asyp goýmakçy bolýar. Munuň şahada goýanyny geçip barýan oglanlar görüp, Ependi uklan badyna agaja dyrmaşyp, puluny alypdyrlar.

Ependi ukusyndan oýanyp, agajyň ýanyna puluny almak üçin barypdyr. Görse, goýan ýerinde puly ýok. Dolanyp öýüne gelýär. Gelip öýüniň gapysyny kakýar. Içerden aýaly:

– Kimdir gapyny kakýan? – diýende, Ependi:

– Enşalla, äriňdirin! – diýip, jogap berensoň, aýaly gapyny açypdyr.

## Ikiňiz paýlaşyň!

Ependi bir gün bir adama sögüpdir. Ol adam onuň ýakasyndan tutup, kazynyň ýanyna alyp barypdyr we: «Şeýle-şeýle, şu adam maňa sögdi» – diýip, Ependiniň üstünden şikaýat edipdir.

Onda kazy:

– Eý, Ependi, munuň aýdýany dogrumy, sen şu adama sögdüňmi? – diýip sorapdyr. Ependi:

– Hawa, kazy aga, garaz, şeýle bir iş boldy, men şu adama sögdüm – diýipdir. Kazy:

– Onda sen şu adama bir gyran[1] jerime bermeli bolarsyň – diýipdir.

Ependi jübüsinden bir goşa gyrany çykarýar-da:

– Kazym, meniň ýanymda şundan artyk pul ýok. Oňa görä-de seniň pylanyňy pylan...! Me, şu iki gyrany ikiňiz paýlaşyň! – diýip, çykyp gidiberipdir.

## Pişik nirede?!

[1] Gyran – pul birligi (bir gyran tümeniň ondan bir bölegi).

Günlerde bir gün Ependi bazardan iki kilogram et satyn alypdyr. Eti öýe getirip: «Agşam keýwany bişirer» diýip, goýup gidipdir. Agşam dolanyp gelende aýaly jazsyz, ýagsyz jöwen ýarmasyny onuň öňünde goýupdyr. Ependi görse, içinde etden hiç zat ýok.

– Wah, keýwany, munda tagam-tagsyr ýok, hany, meniň satyn alyp getiren etimden birneme atsaň bolmaýarmy? – diýipdir.

Ependiniň aýaly ol eti bişirip boýdaşlary bilen iýen eken. Onsoň aýaly:

– Wah, neme-le, eti dograp atjakdym welin, eti goýan ýerimden pişik alyp gidäýipdir – diýen.

Onda Ependi:

– Pişik iýipmi? – diýip sorapdyr.

– Hawa.

– Haýsy pişik?

– Ine, şu pişik.

– Bar, onda terezini getir!

Aýaly terezini getiripdir. Ependi pişigi terezide çekipdir welin, agramy etiň agramy bilen deň gelip duruberipdir. Ependi:

– Eti iýen şu pişikmi? – diýip, ýene-de sorapdyr.

– Hawa.

– Onda et nirede? Eger şu et bolsa, onda pişik nirede?! – diýipdir.

## Iki gat gazan

Ependi bir gün bazara gidip, et satyn alyp gelýär-de, aýalyna:

– Şu eti bişir – diýipdir.

Aýaly:

– Nämede bişireýin, gazanymyz ýog-a – diýipdir.

Ependi:

– Goňşulardan alaýsana – diýipdir.

Aýaly:

– Meniň ýüzüm garadyr, öňem alan zadymy wagtynda berip bilemok, özüň alaýmasaň – diýipdir.

Ependi «Bolýar» diýip gidýär-de, goňşusyndan gazan soraýar.

Goňşusy Ependiniň üstünden gülmek üçin:

– Hä, gazanym-a beräýerdim welin, gazanym iki gatdyr – diýipdir.

Onda Ependi:

– Aý, goňşy, arkaýyn bol, gazanyňy özüňdenem gowy edip saklaryn – diýipdir.

Ependi gazany alyp aýalyna eltip beripdir.

Aradan birki gün geçipdir.

Goňşusy:

– Ýeri goňşy, gazany hiç getirmediň-le! – diýipdir.

Onda Ependi:

– Wah goňşy, seniň aýdanyň dogry eken. Gazanyň iki gat eken. Aýy-günem ýetipdir. Ýolda oglany boldy-da, ýaş üstünden öläýdi – diýipdir.

## Töhmet

Bir gün Teýmirleň Ependini ýanyna çagyryp:

– Düýn pylan ýerde meniň zalymlygym hakda gürrüň edipsiň. Kelläň bedeniňe artykmaçlyk edýän bolaýmasyn!? – diýip gaharlanypdyr. Ependi geň galyp:

– Patyşanyň jany sag, ömri uzak bolsun! Meniň diňe hiç kimiň bilmeýän-eşitmeýän zatlary hakda gepleýän dilim seniň özüňe mälim ahyry. Seniň zalymlygyň bolsa, hemme kişä mälim, uly-kiçi diýmän hemmeler seniň pähimsizligiň hakda gürrüň edýär. Men iliň bilýän zadyny gaýtalap durar ýaly ýaňra däl. Kim saňa aýdan bolsa, maňa töhmet atypdyr – diýip jogap beripdir.

## Ynanmaz

Bir gün Teýmirleň Ependiniň oglunyň akylyny synap, atasyna mynasyp oguldygyny bilmekçi bolupdyr-da, oňa bir teňňe pul beripdir. Ependiniň ogly puly alman, yzyna gaýtarypdyr-da:

– «Kişiden pul alma» diýip, ejem maňa tabşyrypdy – diýipdir.

Teýmirleň ony öwüpdir:

– Berekella, şeýtseň gowy, emma men ýurduň şasy ahyryn, ejeň meniň saňa pul berenimi bilse saňa käýinmez – diýipdir.

Onda oglan:

– Ýok, men ony alyp bilmen, ejem bu puly senden alanyma asla ynanmaz. Ol „ «Eger ýurduň şasy bolup, sylag berjek bolsa, onuň sylagy bir teňňe bolmaz» diýer-de, meni urar – diýip, Teýmirleňi utandyrypdyr.

## Onuň zeleli ýok

Günlerde bir gün Ependi şähere göçüpdir we köp ýyllardan bäri süýşürenje puluna bir jaý salypdyr. Bir gün Teýmirleň Ependiniň üstünden gülmekçi bolup, wezir-wekilleri bilen onuň öýüni görmäge barypdyr. Ol jaýyň hemme ýerine aýlanyp görenden soňra, nahar bişirilýän otaga garap, ýüzüni turşadypdyr-da, onuň örän kiçi hem dardygyny aýdypdyr. Onda Ependi:

– Tagsyr, onuň zeleli ýok. Munuň ýaly adamlaryň aşhanasy kiçi hem-de dar bolmasa, siziň ýalylaryň köşgi uly hem giň bolmaz ahyryn – diýipdir.

## Parasatly häkim ibersinler!

Teýmirleňiň häkimlik eden zamanynda bir şäheriň ilaty gozgalaň edip, şäheriň häkimini zyndana salypdyr, beýleki emeldarlary hem kowupdyrlar.

Teýmirleň bu habary eşidip, gaty gaharlanypdyr we goşun sürüp, ol şäheriň ilatyna jeza bermäge gidipdir. Gozgalaňçylar şäheriň derwezesini bekläp, goranmaga başlapdyrlar.

Teýmirleň telim gezek çozsa-da, ýeňiş gazanyp bilmändir.

Şonda ol öz paýtagtyna çapar iberip: «Bir topar atly we pyýada goşun, bir topar hem ok atyjy we gaýry goşun ibersinler» diýip, aýtmagy oňa tabşyrypdyr. Bu gürrüňi eşiden Ependi:

– Şu zatlaryň hiç biri hem gerek däl, iň gowusy, bir parasatly häkim ibersinler, şonda uruş hem bolmaz, gaý hem bolmaz – diýip, maslahat beripdir.

## Iň bir howply gedaý

Günlerde bir gün Teýmirleň Ependini çagyryp:

– Şäherimizde haýasyz, uýatsyz gedaýlar biçak köpelipdir. Olar bir adam görseler ýakasyndan tutup, zat alman goýberenoklar. Sen eliňe bir galam, kagyz alyp, gedaýlaryň atlaryny ýaz, soňra hemmesini şäherden çykaryp kowaly – diýip buýruk beripdir.

Ependi eline galamdyr kagyz alyp birinji bilen Teýmirleňiň öz adyny ýazypdyr. Patyşa ony gören badyna gazap atyna münüpdir. Ependi:

– Siz gaharlanmaň! Özüňiz maňa «Iň bir haýasyz, uýatsyz gedaýyň adyny ýaz» diýip, buýruk berdiňiz ahyryn» – diýipdir.

Teýmirleň:

– Men şalaryň şasy Teýmirleň, indi men gedaý, onda-da gedaýlaryň baryp ýatan haýasyzy boldummy?! – diýip, has hem gazaplanypdyr. Ependi bolsa:

– Hawa şahym, beýleki gedaýlar howplulykda saňa taý bolup bilmezler. Gedaýlar halkdan bir zat aljak bolsalar, ýalbaryp-ýakaryp, dilenip alýarlar. Siz bolsaňyz zor bilen, gamçy-dürräniň güýjüne daýanyp alýarsyňyz – diýip, hakykaty aýtmakdan çekinmändir.

## Kimiň ebti agypdyr?

Teýmirleňiň Ependä ilkinji sapar duşuşy hakda şeýle gürrüň edýärler.

Bir gün Teýmirleň ir bilen awa gidip barýarka, onuň öňünden Ependi çykypdyr. Ependiniň ýüzi betgelşik bolansoň, Teýmirleň «Ýola çykylanda şunuň ýaly ebti agyp durany görmek, adamy görgä-bela duçar edýändir. Indi meniň awum şowly bolmaz» diýip, gaharlanypdyr we Ependini tussag edip, zyndana salmagy buýrupdyr.

Teýmirleňiň eden yrymynyň tersine, ol gün onuň awy juda şowly bolupdyr. Gaýdyp gelen badyna Ependini boşadyp, ötünç sorapdyr. Öz tussaglygynyň sebäbine düşünen Ependi:

– Eý, hökümdar.! Siz meni ebtagan hasaplap tussag etdiňiz-de, awuňyz şowly bolup, yzyňyza dolandyňyz. Men bolsam, «Maşgalam üçin bir bölejik çörek puly» diýip, öýden çykypdym welin, ýüzüm ilki siziň ýüzüňize sataşdy-da, uzynly gün zyndanda oturmaly boldum. Häzir hem aç oturan bala-çagalarymyň ýanyna çöreksiz gaýtmaly. Indi kimiň betbagtlygyň nyşany bolup, ony ilki gören adamsynyň bagtsyzlyga duçar edýändigini özüňiz aýdyň?! – diýip, patyşa sowal beripdir.

## Gyjygy gelýär

Bir gün emir Teýmirleň Ependiniň gorkakdygyny ýa-da ýüreklidigini bilmek üçin jellatlara:

– Ependini dardan asyň! – diýip buýrupdyr.

Jellatlar Ependini alyp barýarkalar, Teýmirleň oňa ýüzlenip:

– Hany, indi ahyrky sözüň, ýa wesýetiň bolsa, aýt! – diýipdir.

Ependi:

– Mende wesýet bolmaz. Ýöne, eý, hökümdar! Senden bir haýyşym bar, meni dardan asanlarynda bogazymdan däl-de, bilimden assynlar, sebäbi boýnumyň gyjygy gelýär – diýip, haýyş edipdir.

## Howa maglumaty

Ependi bilen Teýmirleň bir ýere gidip barýarkalar, howanyň ýüzüni duman büräpdir. Teýmirleň ýagyşa ezilmekden gorkup:

– Ýagyş ýagarmy, ýa ýagmazmy? – diýip, Ependiden sorapdyr.

Ependi özüniň howa barada ylymsyzdygyny aýdypdyr. Teýmirleň Ependä:

– Bar. onda, ho-ol, çopandan sorap bil! – diýip buýruk beripdir.

Çopan Ependiniň haýyşyny eşidensoň, gatyrynyň guýrugyny galdyryp, ep-esli pikirlenipdir-de:

– Bar-da, hojaýynyňa aýt, tizara bulut dagap, gök durlanar, ýagyş hem ýagmaz – diýipdir.

Olar ep-esli ýöränsoňlar, çagba ýagyp başlapdyr. Teýmirleň gaharlanyp, murtlaryny çeýnäp:

– Sen «Ýagyş ýagmaz» diýip aýtdyň ahyryn!? – diýip, Ependä gygyrypdyr.

Ependi bolsa biperwaýlyk bilen:

– Eý, uly hökümdar, howany bilýän alym-a çopan bolsa, howa maglumat abzalyda gatyryň guýrugy bolsa, hökümdaryň başyna gökden daş hem ýagar – diýip, onuň üstünden gülüpdir.

## Kim uly?

Bir gün adamlar Teýmirleňiň uly patyşadygy hakda gürrüň edip oturan ekenler. Olar patyşanyň güýç-kuwwatlydygyny, parasatlydygyny öwüpdirler. Şäher häkimi hem: „ «Dünýä näçe hökümdar gelen bolsa, olaryň arasynda has ulusy Emir Teýmirleň Körekenidir[1]» – diýipdir.

Adamlaryň arasynda oturan Ependi:

– A-how, adamlar! Teýmirleňi şeýle götergiläp, arşa çykardyňyz–la, ol näçe uly bolsa-da, düýeden uly bolup biljek gümany ýok – diýipdir.

## Akylsyzyň hasaby ýok

[1] Teýmirleň Körekeni – Kaşgar hanynyň gyzyna öýlenenligi üçin oňa şeýle lakam galypdyr.

Bir gün Teýmirleňiň uly wezipeli adamlaryndan biri akylyndan azaşypdyr. Teýmirleň Ependini ýanyna çagyryp, köşkdäki akylsyzlaryň atlaryny ýazyp bermegini buýrupdyr.

Ependi:

– Gowusy men akylyny ýitirmediklerden ýazyp bereýin. Ýogsam akylsyzlaryň hetdi-hasaby ýokdur şahym, hemmesini ýazmaga miltim ýok – diýip, garşylyk görkezipdir.

## Häkimiň sylagy

Günlerde bir gün şäher häkimi Ependini masgara etmek üçin ýanyna çagyrypdyr we oňat goşgy ýazyp, ertir hemme şahyrlaryň üýşen wagtynda okap bermegini tabşyrypdyr.

Ependi:

– Men şahyr däl, goşgyny nähili düzmegi düýşümde hem gören adam däl – diýip, hernäçe dady-perýat etse-de, häkim buýrugyny üýtgetmändir.

Ependi uzynly gijäni uklaman, goşgy goşjak bolup synanyşsa-da, şahyrlyk oňa düýbünden başartmandyr. Ahyrda Ependi aňyna gelenini ýazypdyr.

Ertesi şahyrlar häkimiň ýanyna gelip, hersi öz düzen goşgusyny okapdyr. Ahyrda Ependiniň gezegi ýetipdir. Ependi aljyraman, düzen goşgusyny gaty ses bilen okapdyr welin, adamlar ha-hahaýlaşyp gülşüpdirler.

– Örän gowy, öz adyňa laýyk goşgy goşupsyň – diýip, häkim kinaýaly gülüpdirde, nökerlere ümläpdir. Nökerler eşek palanyny getirip, Ependiniň öňünde goýupdyrlar. Ependi ol palanyň näme üçin getirilenini soranda, häkim:

– Seniň düzen goşgyň bu ýerde okalan goşgularyň hemmesinden gowy, meniň göwnümden turdy. Ana, şoňa görä-de, saňa baýrak bermeli etdik – diýipdir.

Ependi keýpini bozman:

– Hawa, häkim aga, bu goşgynyň siziň mübärek göwnüňizden turanyna men ynanýan, eger meniň ol goşgym siziň ýatasuw ýaly porsan göwnüňi joşdurmasady, onda öz lybasyňy «baýrak» diýip, maňa sylag bermezdiň – diýip gygyraýypdyr.

## Kazy bir tapmasyn

Bir gün Ependi ýiten sygryny gözläp ýörkä:

– Eý, Hudaýym! Meniň sygrymy kim tapsa-da, kazy bir tapmasyn – diýip, dileg edipdir.

Adamlar:

– Ependi aga, ony kim tapanda näme? Näme üçin sen kazydan gorkýaň? – diýip sorapdyrlar.

Onda Ependi:

– Eý, sowatsyz nadanlar! Siz bileňzok, men bu ýeriň hemme kada-kanunyny bilýän. Eger meniň sygrym kazynyň eline düşse, ony iýjek bolup, ýüz delil tapar.

Eger garşylyk görkezsem, birnäçe teňňe pul ýa-da bir kem kyrk dürre jerime salar – diýip, olara düşündiripdir.

## Howlukman iýmegem kyn däl

Bir gün bir baý Ependini öýüne myhmançylyga çagyryp, ony mazaly hezzetläp naharlapdyr. Ependi iýip-içip bolansoň, gaýtmakçy bolanda:

– Ýakynlarda ýene bir gezek myhmançylyk eder ýaly, Hudaý döwletiňe döwlet goşsun! – diýip, töwir edipdir. Onda ol baý:

– **E**ý, Ependi! Men seni indi myhmançylyga çagyrjak däl. Sen dünýäde süýji nahar datmadyk ýaş oglan ýaly, şeýle bir gyssanyp iýýäň, hatda elleriňi hem görmek mümkin däl – diýip igenipdir.

Ependi göwnüne zat getirmän:

– Ýene şunuň ýaly myhmançylyga çagyrsaň, howlukman iýmek hem kyn zat däl. Sen asla bu zatlar üçin keýpiňi bozma! – diýip, onuň sözüni kesipdir.

## Düýş

Ependiniň kazyçylyk edýän wagtynda bir açgöz söwdagär bir garyby ýany bilen getirip:

– Kazy aga, şu adamyň maňa bergidardygyny men düýşümde gördüm. Häzir şol algymy talap etsem, ol «berjek däl» diýýär – diýip, arz edipdir.

Ependi ol husydyň maksadyny aňypdyr we:

– Şerigat kitaplarynda şonuň ýaly zatlar hakynda zat ýazylmanlygy üçin men bu adama zat diýip biljek däl. Gowusy, sen baryp gaýtadan ukla. Eger-de bu garybyň saňa bergidardygyny ýene bir gezek düýşüňde görseň, dessine ylgap meniň ýanyma gel, ondan soň men algyňy alyp bereýin – diýip, söwdagäri gelmez ýaly edipdir.

## Baýguşy getirmäň!

Bir gün Ependi keselläpdir. Onuň ýanyna gelen tebip:

– Ependi, bir başa bir ölüm bar. Adamlaryň hemmesi-de Allatagalanyň emri bilen dogýar, Allatagalanyň emri bilen ölýär. Seniň bu keseliňden gutulma ýok. Şoňa görä-de, dogan-garyndaşlaryňy daşyňa ýygnap, wesýetiňi ediber – diýipdir.

Ependi onuň maslahatyny eşidip, ähli ýakynlaryny ýanyna çagyrypdyr-da:

– Meniň ýekeje bir wesýetim bar. Men ölsem-de, galsam-da haýsy iti meniň öýüme goýberseňiz goýberiň welin, bu «„baýguşy» meniň golaýyma getirmäň – diýip haýyş edipdir.

## Deň paýlaşyk

Bir gün üç adam Ependiniň ýanyna gelip:

– Ependi, üçümiziň dört sany gara pulumyz bar. Biz ony deň paýlaşyp bilemzok. Sen ony bize paýlap bersene! – diýip haýyş edipdirler.

Ependi:

– Ýa-ha üçüňize-de zat bermeli däl, ýa-da ol puly iki adama bermeli, ýa-da ýene iki sany gara pul tapynçaňyz garaşmaly, ýa-da gowusy, puluň birini maňa beriň-de, her biriňize-de des-deň bir pul ýetsin – diýip, maslahat beripdir.

## Agzymy beklejek däl

Oraza aýyna birnäçe gün galanda Ependi kazynyň ýanyna baryp:

– Kazy aga, orazanyň haçan başlanýanlygyny nähili bilip bolýar? – diýip, sowal beripdir. Kazy bolsa:

– Remezan aýy girende oraza başlanýar – diýip jogap beripdir.

Ependi ýene-de:

– Tagsyr, biz Remezan aýynyň gelenini nähili bileli? – diýende, kazy:

– Täze dogan aýy gören badyňa agzyňy bekle! – diýip, maslahat beripdir.

Ependi bolsa şondan soňra agzyny beklemezlik üçin täze dogan aýy görmejek bolup, asmana seretmändir. Emma günlerde bir gün Remezan aýynyň aýagynda bir kölüň ýanyndan geçip barýarka, täze dogan aýyň şekilini kölüň içinde göräýipdir. Ol:

– He-ýeý, Remezan aýy, görnen bolýaňmy? Isle baryp derýa, deňze gir, bir görünme-de müň görün, onda-da men agzymy beklejek däl – diýip, gaharly aýdypdyr.

## Ol günälimi näme?

Bir gün Teýmirleňiň goşun serkerdeleri geçen günleri ýatlap, gürrüň edip oturan ekenler. Olardan biri:

– Biz pylan şähere çozanymyzda, şäheriň bütin ilaty gaçyp gidipdi – diýipdir.

Ýene biri gürrüňe başlap:

– Biz pylan şähere çozup başlanymyzda müňdenem köp äpet uly pilimiz, pylança topumyz bardy. Ol toplary atyp bir goh turuzdyk. Dünýä gümmür-gümmür boldy, hatda... – diýen badyna, olaryň ýanynda oturan oglanlardan biri bimazaçylyk edipdir. Onda gürrüň berip oturan:

– Eý, haramzada, bu bolşuň näme? – diýip, oglanyň üstüne gygyrypdyr. Onda Ependi ol adama ýüzlenip:

– Eý, gahryman! Siziň toplaryňyzyň gümmürdisinden gorkanyna ol günälimi näme? – diýip utandyrypdyr.

## Nireden bildiň?

Bir gün Ependi gawun ekilen ýeriniň ýanynda otyrka, onuň ýanyna üç adam gelipdir. Ependi olara:

– Gawun iýiň we oglan-uşaklaryňyza alyp gidiň! – diýip, hödür edipdir.

Ol gelenleriň ikisiniň hersi bir gawundan alan bolsa, beýlekisi üç gawun alyp ýola düşüpdir. Ependi onuň öňünde baş egip:

– Hökümdaryň jany sag, ömri uzak bolsun, sen öz wezir-wekilleriň bilen meniň ekinime hoş geldiň! – diýipdir.

Ol adam geň galyp:

– Sen meniň hökümdardygymy nireden bildiň? – diýip soranda Ependi:

– Açgözlügiňden bildim – diýip jogap beripdir.

## Ependiniň işdämenligi

Günlerde bir gün Teýmirleň keýpiniň kök wagtynda Ependä:

– Men saňa sylag berjek bolýan, göwnüň näme islese maňa aýt! – diýipdir.

Ependi:

– Eý, tagsyr, sag boluň. Siz maňa näme hödürleseňiz, meniň göwnümden turar – diýipdir.

Onda patyşa:

– Bolýar, onda men agzap geçeýin, haýsyny halasaň aýdaý – diýip, Teýmirleň sanap başlapdyr:

– On tylla, at, süri goýun ýa-da oňat bir bag, isläniňi saýlap al!

Ependi uzak pikirlenmän:

– Eger siz rugsat berseňiz, on tyllany jübime salyp, ata müner-de, süri goýny baga baka haýdadaryn – diýipdir.

Onda Teýmirleň gülüp:

– Ependi, sen gaty işdämen ekeniň. Eger men saňa düýbünden zat bermesem, şonda näme bolar? – diýipdir.

Ependi:

– Hiç zat bolmaz. Onda siz tüýs Teýmirleňdigiňizi subut edersiňiz-dä – diýipdir.

## Teýmirleňiň sowaly

Teýmirleň özüniň parasatlydygyny subut etjek bolup Ependä:

– Dünýäde önmedik, önmeýän we hiç haçan önmejek zat näme? – diýip, sowal beripdir.

– Ol hyzmata göktereniňizde, bize bellän aýlygyňyz – diýip, Ependi dessine jogap beripdir.

## Üzr bedter ez günäh[1]

Teýmirleň bu sözüň manysyny Ependiden sorapdyr.

Ependi:

– Şahym, bu parsça bir nakyl, «„Eden ötünji günäsinden-de beter» diýmekdir – diýip düşündiripdir.

Teýmirleň ýene-de onuň manysyna düşünmändir. Ependi:

– Şahym, mysal üçin bir adam birine ýamanlyk edip, soňra ol hereketiniň erbetligine düşünip, şol adamyň ýanyna gelip, gös-göni öz günäsini boýnuna alman, «„Aý,

---

[1] Üzr bedter ez günäh – eden ötünji günäsinden-de beter.

pylan sebäpden şeýle boldy, meni bagyşla» diýer, emma ol görkezen sebäbinden ozalkydan hem beter gödeklige ýol berer – diýip, düşündirmekçi bolupdyr.

Teýmirleň bu sözleri eşidip:

– A-how, Ependi! Sen pelsepe aýtma-da, düşüner ýaly açyk geple! – diýipdir.

Ependi onuň nadanlygyna geň galsa-da, hiç zat aýtmandyr we birden baryp Teýmirleňiň çep böwründen çümmükläpdir. Muňa Teýmirleňiň gahary gelip:

– Sen akylyňy ýitirdiňmi? Bu bolşuň nähili? – diýende, Ependi gol gowşuryp:

– Eý, beýik hökümdar, bagyşla, men seni öz aýalymmykaň öýdüpdirin – diýipdir. Teýmirleňiň gahary içine sygman:

„– Jellat! – diýip gygyrypdyr. Ependi gülüp:

– Ine, şahym, edilen ötünjiň edilen günäden beterdigine indi açyk düşündiň gerek?! – diýipdir.

## Ýene ikisini jaýlaryn

Bir gün Teýmirleň Ependä ýüzlenip:

– Ependi, sen dogryňy aýt, hökümdar bolmak seniň hem göwnüňde barmy? – diýip sorapdyr. Ependi ol sözi eşiden badyna:

– Hudaý saklasyn! Näme, meniň öz janyma haýpym gelenokmy? Men özümi bilelim bäri iki hökümdar wepat boldy. Hudaý halasa, ömrüm gutaryňça, ýene ikisini jaýlaryn. Emma entek hiç bir hökümdar Ependiniň aradan çykanyny gören däldir – diýipdir.

## Şeýle bolsa uruş hem bolmaz

Bir gün Teýmirleň urşa gitmekçi bolan pursatynda Ependini hem öz ýany bilen äkitmekçi bolup, oňa taýýarlanyp gelmegi emr edipdir. Ependi hem taýýarlanyp gelipdir. Teýmirleň görse, Ependi ýekeje-de oky bolmadyk bir köne ýaýy alyp gelipdir. Teýmirleň gaharlanyp:

– Hany, seniň okuň? – diýip sorapdyr.

Ependi:

– Men oky özüme ýük edip göterer ýaly hammal däl ahyry. Men duşmanyň atan oklaryny çöpläp alaryn – diýip, ony köşeşdirmekçi bolupdyr.

Onda Teýmirleň:

– Duşman ok atmasa nädersiň? – diýende, Ependi begenip:

– Eger şeýle bolsa has hem gowy, onda uruş hem bolmaz – diýip jogap beripdir.

## Bu gezek olaryňky hak

Günlerde bir gün Teýmirleňiň wezir-wekilleri Ependini ýamanlap, „«Ependiniň agzyndan porsy ys gelýär» diýip, onda ýigrenç duýgusyny döretjek bolupdyrlar.

Şeýle gürrüň edip oturan pursatlarynda Ependiniň özi-de köşge geläýipdir. Onda Teýmirleň:

– Ependi, geleniň gowy boldy. Bu adamlar «Ependiniň agzyndan porsy ys gelýär» diýip, saňa myjabat edýärler. Hany, bir ýakynyma gel, göreli! – diýip, aýdylanlaryň dogrudygyny özi barlamakçy bolupdyr.

Ependi wezir-wekillere garap, bir bolşuny üýtgetmän, aram-asuda ýagdaýda Teýmirleňe ýüzlenipdir:

– Eý, beýik hökümdar! Bu gezek olaryňky hak. Sebäbi, men şu çaka çenli bu adamlaryň edip ýören pyssy-pyjurlyklaryny görüp, hiç kime aýtman içimde gizlin sakladym. Häzir olar içime dolansoň, wejera bolup daşa çykmaly bolýar, ine, ol porsy ys şondandyr – diýip jogap beripdir.

## Arçyn hem senden öwrenen eken

Ependiniň bir-iki tanap ýeri bar eken. Her ýylda birnäçe batman hasyl alyp, maşgalasy bilen oňňut edýär eken.

Günlerde bir gün täze bellenen arçyn Ependiniň alkymyndan alyp:

– Sen ýüz batman hasyl alypsyň, şonuň salgydyny ber – diýip talap edipdir.

Ependi alaçsyz galyp, Teýmirleňe arz edipdir we hakykaty aýdypdyr.

Emma Teýmirleň Ependä:

– Bir gulaç sakgalyň bolsa-da, ýalan sözlemekden utanmaýarmyň? – diýipdir. Ependi:

– Hawa, sen bir owuç sakgalymy bir gulaç edeniňde, onda arçyn hem bäş batmany ýüz etmäge hakly-da?! – diýipdir.

## Dyky

Tomus aýlarynyň bir gününde Ependi uzakda bir obadan gelýärkä suwsap, gaty horlanypdyr. Bir ýerden suw tapyp içmese, teşnelikden öljegine gözi ýetipdir. Ependi gelýän ýol-ýodasyny taşlap, suw gözlemek bilen bolupdyr. Az ýöräp, köp ýöräp, ahyrda bir çeşmäniň üstünden barypdyr. Ol biçak begenipdir. Suw içmekçi bolanda, bir görse, kimdir biri çeşmäniň gözbaşyna gazyk ýaly edip bir agaç dykypdyr.

Ependi howlugyp ol dykyny dartyp çekende, suw pürkülip, onuň ähli egin-eşigini, ýüz-gözüni ezipdir. Ependi gaharlanyp, ol agajy ozalky ýerine dykyp, «Hä, şeýle guduz açanyň üçin bokurdagyňa dyky dykan ekenler-dä» diýipdir.

## Ependiniň çapyksuwarlygy

Bir gün adamlar bir ýere üýşüp, oňat at we hünärine ökde çapyksuwarlar hakynda gürrüň edýär ekenler. Ependi hem şolaryň arasynda bar eken. Ependi özüni öwjek bolup:

– Adamlar, men öten ýazda pylan obada boldum. Ol ýerde bir adamyň bir mes aty bar eken. Ol aty kişmiş ýaly nygmatlar bilen bakypdyr. Bütin ýyl boýy münülmäni üçin ol at gyzypdyr. Garaz, obanyň iň gowy seýislerini, çapyksuwarlaryny golaýyna-da goýbermändir. Ine, onsoň men  synlarymy ýygnap, bilime oradym-da, atyň ýanyna bardym – diýip, ol aty nähili ýuwaşadyp münenini aýtmakçy bolanda, Ependiniň ata

münmek islän ýerinde bolan bir adamyň hem bu oturlyşygyň bir çetinden gözüni petredip, özüne garap oturanyny görende, aljyraman:

– Wah, doganlar, emma ol ata münmek maňa-da başartmady – diýip, armanly aýdypdyr.

## Hudaýyň adamlary

Günlerde bir gün Ependi maýda-çüýde sürüm-ekin işleri bilen güýmenip ýadansoň, çeşmäniň başynda oturyp, ýany bilen getiren naharyny iýmäge başlapdyr. Edil şol mahal birnäçe adam peýda bolup, onuň saçagynyň başyna geçip, barja zadyny iýip gutarypdyrlar. Gaýtjak bolanlarynda Ependi olaryň kimdiklerini sorapdyr welin, olar:

– Biz Hudaýyň adamlary – diýip jogap beripdirler.

Olar giden badyna ýene-de bir topar atly gelip çeşmäniň bir gyrasynda düşläpdirler. Bir goýnuň damagyny çalyp gowurma, kebap taýýarlap iýipdirler.

Ependi olardan hem kimdiklerini soranda, olar hem:

– Biz şanyň adamlary – diýip jogap beripdirler.

Ependi ýüzüni asmana tarap aýlap:

– Eger sen öz adamlaryňy şanyň ekleýşi ýaly ekläp bilmeýän bolsaň, onda näme üçin özüňe „ Alla diýdirýäň!? – diýip zeýrenipdir.

## Şeýtanyň höwürtgesi

Günlerde bir gün Ependi sakgalyny syrypdyr. Tanyşlaryndan biri ony görüp:

– Be-ýe, Ependi, näme üçin sen perişdeleriň höwürtgesini dargadyp, sakgalyňy syrdyň? – diýip, ýomak atypdyr.

Ependi bolsa, keýpini-de bozman:

– Wah, gadyrlym, men sakgalymda şu çaka çenli ýekeje-de perişde görmedim, ol hemişe, hut, seniň sakgalyň ýaly şeýtanyň höwürtgesidi – diýipdir.

## Gepe düşünmeýäniňe haýran

Bir gün Ependi uzak ýerden öz obasyna pyýada barýarka, gaty ýadapdyr. Ol bir ýerde oturyp, çäresizlikden Hudaýdan müner ýaly bir eşek ýetirmegini dileg edipdir. Bu sözi gutaryp gutarmanka, kimdir biri böküp Ependiniň arkasyna hopba bolupdyr.

Ependi Hudaýdan öýkeläp: «Altmyş ýyldan bäri maňa Hudaýlyk edip, bir gepime-de düşünmeýäniňe men-ä haýran» diýipdir.

## Hudaý hemme zady bilýändir

Ependiniň howlusynyň gapysyny ogurlapdyrlar. Ependi näçe gözlese-de, gapyny tapman, baryp metjidiň gapysyny goparyp, öz öýüne äkidipdir.

Ýaşululardan biri:

– Ependi bu bolşuň nähili? – diýip soranda, Ependi:

– Siz «Hudaý hemme zady bilýändir» diýýärsiňiz. Diýmek, ol meniň gapymy ogurlan adamyň hem kimdigini bilýändir. Haçan ol meniň ogrymy maňa görkezse, metjidiň öýüniň gapysyny menden alsyn – diýip, çürt-kesik aýdypdyr.

## Dil ýarman oturaýynmy?

Ependiniň ýekeje düýesi bar eken. Bir gün ol düýesi keselläpdir. Adamlar düýäniň ol keselden gutulmajakdygyny aýdypdyrlar. Ependi düýesiniň barybir öljegine gözi ýetensoň, ony gurbanlyga soýupdyr. Ependi ol wakany dilinden düşürmän, zol-zol gaýtalapdyr.

Bir gün adamlar oňa ýüzlenip:

– Ependi, sen halys ýürege düşdüň. Bir arryk, düýäni gurbanlygyňa soýansoň, ol hakda toýda-da, ýasda-da gürrüň açýaň, munyň bolanok – diýipdirler.

Ependi ol adamlaryň nadanlyklaryna haýran galyp:

– Hawa, men toýda-da, ýasda-da, köçede-de, bazarda-da aýtjak. Hudaýyň Ysmaýyl pygamberiň oglunyň deregine bir hor goçy gurban ibermegi barada ahun-işanlaryň aýtmaýan bir güni hem ýok.Şeýle äpet haýwany gurbanlyga soýamsoň, men näme, dil ýarman oturaýynmy? – diýip, olary utandyrypdyr.

## Eşegiň guýrugy

Bir derwüş adamlaryň kellesini aýlap, özüniň şeýle bir Hudaýa ýakyndygyny, her gije arşa çykýandygyny aýtmagy gowy görer ekeni. Ependi ol öwünjeňiň aldawyny aňyp:

– Sen heý, bir dördünji göge çykyp görüpmidiň? – diýip, onuň gepine ynanýan kişi bolup, sorapdyr. Onda ol derwüş buýsanyp:

– Bir däl-de, telim gezek – diýip jogap beripdir. Ependi:

– Heý, sen dördünji göge çykanyňda, dodaklaryňa bir ýumşak zadyň degip duranyny duýduňmy? – diýip, gaýtadan soranda derwüş: „ «Hawa» – diýip tassyklapdyr. Onda Ependi ýylgyryp:

– Biler bolsaň, ol degýän zat meniň eşegimiň guýrugy-da – diýip, derwüşiň üstünden gülüpdir.

## Hudaý eşitmesin

Bir gün Ependi ogly bilen gämä münüp, bir ýere gidipdir. Gidip barýarkalar, uly tupan turupdyr. Gämi suwa batdym-batdym bolup çaýkanypdyr.

Birinji gezek deňiz ýolagçylygyna çykan Ependi özüniň deňizde gark bolup öljeginden gorkup:

– Eý, ähli zada erki ýetýän kadyr Alla, bu tupany ýatyr, bizi ölümden gutar. Men sag-aman öýe gaýdyp baranymdan soň, şu gäminiň bogaldagy ýaly bir uzyn şemi eltip metjitde ýakaryn – diýip wada beripdir.

Bu sözleri eşiden ogly Ependä ýüzlenip:

– Kaka, şeýle uly şemi nirden tapjak? – diýip soranda, Ependi elini oglunyň agzyna goýup, ýuwaşjadan:

– Oglum, sesiňi çykarma, Hudaý eşider-de ýalan wada berenimi bilip, tupany ýatyrmaz. Biz sag-aman öýe baranymyzdan soň, wadadan dynmak aňsat – diýipdir.

## Enşalla

Bir gün Ependi maşgalasyna baýramçylyk sowgadyny almak üçin bazara baka ugrapdyr. Ýolda oňa bir adam duşup:

– Ependi, ýol bolsun, nirä barýarsyň? – diýip sorapdyr.

– Aý, oglan-uşak üçin baýramçylyk sowgadyny almaga bazara barýaryn – diýip, Ependi jogap beripdir. Onda ol adam:

– Ependi, «enşalla» diýerler! – diýip, akyl öwretmekçi bolupdyr.

Onda Ependi:

– Haý, haý, pulum jübümde, akylym başymda, bu ýerde „ «enşalla» nämä gerek!? – diýip, sowlup gidiberipdir.

Ependi bazara gelse jübüsindäki bar puluny ogurladyp, zat alyp bilmän, obasyna gaýdypdyr. Ýolda gelýärkä, ýene-de şol adam duşup:

– Hany, Ependi bir zat aldyňmy? – diýende Ependi gaharlanyp:

– Enşalla, ýok, barja pulumy alypdyrlar. Enşalla, saňa ilkinji sataşan ýerimde seniň aýaklaryň döwülsedi, diliň gurasady, enşalla – diýip, öz ugruna gidiberipdir.

## Ýalançynyň jogaby

Günlerde bir gün Ependi bir topar adam bilen gürrüň edip otyr eken. Oturlyşykda bir ýalançy adam hem bar eken. Ol ýalançy näçe ýaňrasa-da, hiç kimden gaýtawul bolmansoň, has-da gylawlanyp:

– Meniň atam örän uly baýdy. Onuň biçak köp ýylkysy bardy. Biz şeýle bir ägirt athana saldyrdyk. Bir ýaby bogaz bolup başlanda, bir gapysyndan girse, tä beýleki gapysyndan çykýança gulunlaýardy – diýip ýaňrapdyr.

Şonuň ýaly bolgusyz ýalan sözi eşidip ýüregine düşen Ependi çydap bilmän:

– Hawa, bu ýigit dogry aýdýar. Ol athanany men hem görüpdüm. Meniň kakam ol ýerde seýis bolup işleýärdi. Kakamyň bir taýagy bardy welin, kakam ol uly ýylky sürüsiniň aýak tarapynda duranynda ol taýak bilen ýylkynyň başynda gidýän aty urup öwrüp bilýärdi. Ýylky meýdanda otlap ýörkä, gögüň ýüzi tutulaýsa, «ýagyş ýagmasyn» diýip, kakam ol taýak bilen gökdäki bulutlary urup dargadýardy – diýipdir. Onda ol ýalançy Ependä garap:

– Seniň ataň ol taýagy nirede saklaýardy? – diýip soranda:

– Seniň ataň athanasynda – diýip, Ependi jogap beripdir.

## Ysytmanyň dermany

Bir gün Ependiniň bir açgöz söwdagär goňşusynyň aýaly onuň ýanyna gelip:

– Ependi aga, oglumyň kakasy üç günden bäri ysytma keseline duçar bolup, endam-jany edil ot ýaly ýanýar. Huşy başyndan gidipdir. Hiç derlänok. Sen, belki, munuň emini-dermanyny bilýänsiň – diýip, ondan haraý isläpdir.

Ependi biraz pikirlenenden soň:

– Men seniň adamyň häsiýet-gylygyny ýagşy bilýärin. Oňa başga derman-däri gerek däl. Sen gözläp onuň puluny tap-da, gözüniň öňünde garyba ber. Bala-çagaňa zat al, garaz, näçe diýseň sow. Şonda adamyň edil gyzgyn hammama düşen ýaly şeýle bir derlär welin, dessine huşy başyna geler – diýip, maslahat beripdir.

## Ependiniň açgözden ar alşy

Ependi uzak ýerden öz obasyna gaýdyp gelýärkä, ýolda gaty ýadapdyr, iýmäge zady bolmandyr. Ol bir çeşmäniň başynda düşläp, birneme dynç almakçy bolupdyr. Şol wagt bir baý söwdagär hem atyndan düşüp, ol ýerde düşläpdir. Saçak ýazyp horjunyndan iýer-içer ýaly zatlary çykaryp, iýmäge başlapdyr. Ependiniň agzynyň suwy akyp, içi eljuk diýse-de, söwdagär oňa hiç zat hödür etmändir. Ependiniň gahardan ýaňa içi ýanyp, ondan ar almagy ýüregine düwüp:

– Eý, dost! – diýip, oňa gynanç bilen ýüzlenipdir.Soňra:

– Men-ä seniň ýeriňde bolsam, bu ýerde eglenmän, gös-göni öýüme baka gaýdardym – diýipdir. Söwdagär:

– Näme üçin? – diýen.

– Wah, aýtmaga dilim baranok. Men şäherden gaýdamda, siziň pişigiňiz ölüpdi.

Söwdagär:

– O nähili? – diýende, Ependi:

– Seniň aýalyň ýedisinde et-peti köp iýip kesellän eken – diýipdir.

Söwdagär:

– Meniň aýalym hem öldümikä? – diýip soranda, Ependi:

– Ol biçäre öz oglunyň ölümine çydap bilmän, öldi – diýipdir.

Bu sözleri eşiden söwdagäriň gözleri hanasyndan çykara gelip, endam-jany sandyrap, dili tutulypdyr, zordan:

– Ogluma näme boldy? – diýipdir. Onda Ependi:

– Ýer yrandy-da, tamyňyz ýykyldy, ogluň kesegiň aşagynda galyp öldi – diýipdir.

Bu gürrüňleri eşiden söwdagär saçagyny-da unudyp, atyň üstüne böküp, ýüzugra gidipdir. Ependi bolsa saçagyň başyna geçip, hezil edip naharlanypdyr.

## Hudaýyň buýrany bilen

Bir gün çagalar özara dawalaşypdyrlar. Olaryň şärikli hozlary bar eken. Özleri ol hozlary paýlaşyp bilmänsoňlar, Ependä ýüzlenipdirler.

Ependi olara:

– Men bu hozlary Hudaýyň buýrany ýaly paýlaýynmy, ýa-da Ependiniň paýlaýşy ýaly? – diýip sorapdyr. Oglanlar:

– Hudaýyň halany bilen paýlaň – diýip haýyş edipdirler. Onda Ependi birine on, birine ýüz, başga birine kyrk hoz beripdir. Birnäçesine bolsa düýbünden zat bermändir. Oglanlar beýle paýlaşykdan närazy bolupdyrlar. Ependi:

– Oglanlar, Hudaýyň aýdany bilen paýlasaň, ine, şeýle bolar. Baýlygy Hudaýyň nähili adalatsyz paýlaýanyny siz görýärsiňiz ahyryn. Emma: „ «Eger Ependiniň aýdany bilen paýlaň» diýen bolsaňyz, hemmäňize deň paý ýeterdi – diýip düşündiripdir.

## Karz sorama!

Bir gün hiç haçan öz bergisini üzmäge jan etmeýän bir adam Ependiniň ýanyna gelip:

– Ependi, senden bir haýyşym bar!– diýipdir.

Ependi oňa:

– Bir haýyşyňy däl-de, onusyny ýerine ýetireýin, emma menden karz soramasaň bolýar – diýip, karz soramaga geleniň agzyny açdyrmandyr.

## Peýda

Ependiniň garyndaşlaryndan biri mydama karz alyp, yzyna gaýtaryp bermeýär eken. Ol bir gün Ependiniň ýanyna gelip:

– Maňa elli teňňe karz ber. Men şol teňňe bilen bir peýdaly söwda etjek. Şonda men dessine ýigrimi teňňe gazanaryn-da, on teňňesini saňa bererin. On teňňe-de maňa galar – diýipdir.

Dogan-garyndaşlarynyň igenjinden gorkan Ependiniň „«ýok» diýmäge gaýraty çatmandyr. Elli teňňäni ýitirmegi bolsa akylsyzlyk hasap edipdir. Ol diňe on teňňäni oňa uzadyp:

– Me, şu seniň peýdaň. Sen on teňňe gazandyň, men bolsam kyrk – diýip, ony ýola salypdyr.

## Gezegiňize süpüriň!

Ependiniň gyzy ýetişen hem bolsa, öý işlerinde ejesine hiç kömek etmeýär eken. Ol örän ýalta bolupdyr. Bir gün Ependi bilen aýaly gyzlaryny utandyrmakçy bolup, dil düwşüpdirler.

Är-aýalyň ikisi gyzlary öýe giren badyna sübsäni biri-biriniň elinden almaga synanyşyp: «„Öýi men süpürjek-de, men süpürjek» diýşip, ala-galmagal edipdirler. Gyzlary bolsa hiç perwaý etmän:

– Näme dawalaşýaňyz, gezekli-gezegiňize süpürseňiz bolmaýarmy? – diýip, gaýta olara akyl öwredipdir.

## Garga

Günlerde bir gün Ependi bir hor gargany tutup öýe getiripdir. Aýaly gargany näme üçin getirenini soranda:

– «Garga üç ýüz ýyl ýaşaýandyr» diýip, adamlar aýdýarlar, men olaryň bu sözleriniň çyn ýa-da ýalandygyny barlamak üçin bu gargany getirdim – diýip, Ependi jogap beripdir.

Onda aýaly gülüp:

– Näme, sen üç ýüz ýyl ýaşaryn öýdýärmiň? – diýende, Ependi aýalynyň akylynyň azdygyna gaharlanyp:

– Senem-ä bir tentek ekeniň, näme „«Garga üç ýüz ýyl ýaşaýar» diýen alym üç ýüz ýyl ýaşadymyka? – diýip zeýrenipdir.

## Sen näme üçin ýüzüňi öwürýäň?

Günlerde bir gün Ependi bir tebip bilen mazarçylykdan geçip barýar eken. Tebip guburlary gören badyna ýüzüni eli bilen bir tarapa öwrüpdir. Muňa Ependi geň galyp:

– Sen näme üçin ýüzüňi öwürýäň? – diýip, soranda ol tebip:

– Men bu mazarda ýatanlara bir gynanýan, bir gynanýan. Oňa görä-de, ýüregim awamaz ýaly gözüm görmesin diýip, ýüzümi öwürýän – diýip, Ependiniň duzly dilinden sypjak bolupdyr. Ependi bolsa gülüp:

– Ýok, tebip han, sen düýbünden tersine aýdýaň. Sen olaryň köpüsini öz „ «em-dermanlaryň» sebäpli gömeniňe utanyp, ýüzüňi öwürýäň ahyryn – diýip, gyjalat beripdir.

## Diş agyrysy

Bir gün Ependiniň dişi agyrypdyr. Ependi on-onbäş gün ili irizip „ «ah-wah» edip gezipdir. Bir gün dosty ony görüp:

– Ependi, beýdip ýöreniňden, derdiň alajyny gözlärler. Birki dişi sogurtmak, näme kyn işmi? Ol dişler meniň agzymda bolan bolsa, göz ýumup, açasy salymda sogurdardym – diýip, göwünlik bermekçi bolupdyr. Ependi hem:

– Hawa, dost, ol dişler seniň agzyňda bolsa, men hem dessine sogurdardym, emma bagtsyzlykdan olar seniň agzyňda däl-de, meniň agzymda – diýip düşündiripdir.

## Peýnir

Bir gün Ependi gaty ajygypdyr. Aýaly oňa hurşsuz çörek beripdir. Onda Ependi:

– Keýwany, birazrak peýnir hem ber. Ol şeýle bir peýdaly, adamynyň işdäsini açýar, ganyny durlaýar we gözüni ýiteldýär – diýipdir.

Aýaly gamlanyp, başyny aşak salypdyr we eşidiler eşidilmez çala ses bilen:

– Bizde peýnir näme işlesin – diýipdir. Ependi bolsa keýpini bozman:

– Hawa-da, bolmany gowy, peýnir dişi zaýalaýar, garny agyrdýar, gulagy ker edýär – diýip, aýalyna göwünlik beripdir.

Onda aýaly:

– Wah, Ependi, öň-ä eýle diýdiň, soň beýle diýýärsiň. Men munuň haýsyna ynanaýyn – diýip geň galanda, Ependi:

– Wah, şu wagt peýnir bolaýsa, öňki aýdan sözüme, bolmasa-da, soňky aýdan sözüme ynanmaly bor – diýip jogap beripdir.

## Oňat derman

Bir gün Ependi myhmançylykda bolup, çaksyz köp nahar iýeni üçin garny agyrypdyr. Onsoň ol tebibe ýüz tutmaly bolupdyr. Tebip oňa:

– Ependi, sen bir zat et-de, ýüregiňi bulandyr-da, iýeniňi gaýtar – diýýär. Ependi:

– Dünýäde her hili hapa zatlary görsemem, meniň ýüregim bulanmaýar. Bu synag maňa gaty kyn düşer – diýipdir.

Onda tebip jübüsinden bir aýna çykaryp:

– Ependi, çaky sen ömrüňde ýekeje gezek hem aýna seretmeýän ýaly. Ine, şuny al-da, keşbiňe seret, öz ebtiňe gözüň düşen badyna ýüregiň bulanar – diýipdir.

## Meňzemese erbet

Aýdyşlaryna görä, Ependi örän betgelşik bolupdyr. Şol zerarly hem ol hiç haçan aýna seretmändir. Bir gün hamyla aýaly örän üns bilen Ependiniň ýüzüne seredip, uludan dem alypdyr-da:

– Bir tarapdan-a, çagamyzyň boljagyna begenýän welin, beýleki bir tarapdan, onuň saňa meňzejegi ýadyma düşende, öler ýaly bolýan – diýipdir.

– Keýwany, çaga maňa meňzese, gowy-la, ýöne meňzemese, gaty erbet bor, şonda sen öler ýaly bolarsyň – diýip, Ependi oňa hüňürdäpdir.

## «Tersine bolar» diýip gorkýan

Bir owadan dul aýal bolupdyr. Ol bir keýwanyny Ependiniň ýanyna iberipdir we: «Ependi, sen örän akylly adam, men bolsam juda owadan. Eger sen meni alsaň, biziň örän gowy çagamyz bolar» – diýdiripdir.

Ýüz keşbi örän gelşiksiz bolan Ependi birneme oýlanandan soň:

– Elti, sen baryp ol aýala aýt, men ony alyp biljek däl. Sebäbi çagamyz gaty bagtsyz bolar. Owadanlykda maňa, akylsyzlykda oňa meňzese, ol biçäre çaga, gör, nähili bolar – diýip jogap beripdir.

## Biziň ýerimiz behişt

Günlerde bir gün bir işan metjitde wagyz eden wagtynda: «Kim bu dünýäde ähli azap-ezúete çydasa, ol o dünýäde behiştde bolar» diýipdir. Işanyň sözlerini eşidip, öýüne gelende, Ependi aýalyna:

– Keýwany, biz hernäçe azap, horluk görýäs welin, gam iýme. Biz ikimizem o dünýäde behiştde bolarys. Sebäbi sen meniň myrtar keşbime garap çydaýaň, men

hem her gün seniň gotur ýüzüňe seredip çydaýan. Hudaýa şükür etmekden başga işimiz ýok – diýipdir.

## Sen öz paýyňy diňdir

Bir gije aýaly Ependini ukudan oýaryp:

– Kakasy, bu çaga ikimiziňki, ýarysy seniňki, ýarysy meniňki. Bu aglap hiç diňmeýär. Sen hiç bolmanda bir gezek ony üwre-de diňdir – diýip jibrinipdir. Ependi:

– Keýwany, sen öz paýyňy diňdir-de, goý, meniň paýyma düşen ýarysy aglabersin – diýip, ýorgany başyna çekip uklapdyr.

## Hemmeden beter men gynanýan

Ependiniň aýaly mydama özüniň öňki äri barada gürrüňe başlap, Ependini irizýär eken. Bir gün ol ýene-de:

– Wah, biçäre bir oňat adamdy, onuň ölenine gaty gynanýan – diýipdir. Ependi bolsa janyýangynlylyk bilen bir ah tartyp:

– Hawa, ol örän gowy adamdy, onuň ölenine hemmeden beter men gynanýan. Sebäbi, onuň ölümi meni uly betbagtlyga sezewar etdi – diýip, gynanjyny bildiripdir. Aýaly bu sözleri eşidip, geň galypdyr we onuň bagtsyzlygynyň sebäbini sorapdyr.

Onda Ependi:

– O bende ölmedik bolsa, men hem seni alyp bu görgä galmazdym. Sen hem şol bir zady ýaňramak bilen meni irizmezdiň – diýip, jogap beripdir.

## «Bilemok» diýýärler

Ependi öýlenmedik ýigitkä, aýal dogany oňa:

– Saňa bir owadan gyz saýladym. Tizara söz aýdyjy ibereris – diýip, doganyny begendirjek bolupdyr.

Ependi:

– Ol owadan gyzyň ýaşy näçe? – diýip sorapdyr. Onda aýal dogany:

– Wah, Ependi, men ol gyzdan ýaşyny soradym welin, ol „«bilemok» diýdi–diýip jogap beripdir. Ependi:

– Maňa ol garry gyz gerek däl, onuň ýaşy bireýýäm otuzdan geçendir. Sebäbi gyzlar hemişe ýaşlary geçende «„bilemok» diýýärler – diýip, doganyna gaýdyp ol hakda sözlemezligi sargapdyr.

## Zadyň ýok ýerine…...

Günlerde bir gün Ependi bilen ogly gidip barýarkalar adamlaryň birini jaýlamak üçin gonamçylyga alyp barýandyklaryny görüpdirler. Ependiniň ogly:

– Kaka, bu näme, ony nirä äkidip barýarlar? – diýip sorapdyr. Onda Ependi:

– Ol düýn adamdy, emma bu gün ol «Hiç kim» – diýipdir. Ogly pikirlenip:

– Sen ony nirä äkidýänlerini aýtmadyň-la, kaka? – diýip ýaňadan sorapdyr. Ependi:

– Olar ony hiç zadyň ýok ýerine, ýagny iýmegiň, içmegiň, egin-eşigiň, puluň, baýlygyň ýok ýerine äkidýärler – diýende, ogly gülüp:

– Wah, kaka, şeýle diýip, öň aýtsaň bolmaýarmy? Diýmek ony biziň öýümize alyp barýandyrlar – diýipdir.

## Hemmesi ýerinde

Bir gün Ependi düýşünde özüniň kellebaşaýak iýýänligini görüpdir. Ol oýanan badyna ogluna pul berip, bişen kelle almak üçin bazara iberipdir.

Ependiniň ogly bazardan kelläni alyp gelýärkä, ýolda ýuwaş-ýuwaşdan onuň barja etini iýäýipdir.

Ependi oglunyň getiren kellesini görüp, içi ýanypdyr we:

– Oglum, hany munuň eti? – diýse, ogly:

– Kaka, goýun gaty hor eken – diýipdir.

– Onda hany gulagy?

– Ker eken.

– Gözleri nirede?

– Kör eken.

Ependi:

– Näme, munuň dili hem ýokmydy? – diýende, ogly:

– Wah, kaka, ol biçäre lal eken – diýip jogap beripdir.

Onda Ependi gaharlanyp:

– Onsy ýok, munsy ýok, onda onuň nämesi barmyş? – diýende ogly:

– Kaka, dişlerini bir gör, edil hünji düzülen ýaly, hemmesi ýerinde, birem zaýa bolmandyr – diýip jogap beripdir.

## Dost ýaman günde tanalar

Ependi täze oba göçüp baryp, ýaşap başlapdyr. Bir gün obadaş adamlaryndan biri ony görmäge gelipdir we gürrüňdeşliginiň arasynda;

– Ependi, bu obada seniň dostuň köpmi? – diýip sorapdyr. Ependi bolsa:

– Meniň bu ýere göçüp gelenime bir ýyl boldy. Şu ýyl hem ekinim oňat hasyl berdi, işim şowly. Şoňa görä-de, näçe dostumyň bardygyny bilip bilmedim. Çyn dost ýaman günüňde bilinýär ahyryn – diýip jogap beripdir.

## Pul bolsa düýş görermidim?

Günlerde bir gün Ependi şähere barýarka, ýolda başga bir ýolagçy duşupdyr. Ol saglyk-amanlyk, hal-ahwal sorapdyr. Ependi hem iliň däp-düzgüni boýunça jogap berensoň:

– Men düýşümde bişen şugundyr iýip duranymy gördüm – diýipdir. Onda ol ýolagçy:

– Men düýş ýormaga gaty ökde. Bäş-alty teňňe berseň, seniň gören düýşüňi mazaly ýorup bereýin – diýip teklip edipdir.

Ependi onuň akmaklygyna gülüp:

– Meniň pulum bolsa et alyp iýerdim-dä, düýşde şugundyr görmäge zar bolmazdym – diýip jogap beripdir.

## Sen kimi oýardyň?

Bir gün Ependi irden şähere gitmeli eken. Oňa görä-de agşam ýatanynda:

– Keýwany, ertir meni säher çagynda oýar – diýip tabşyrypdyr.

Aýaly onuň haýyşyny ýerine ýetiripdir. Ependi obadan ep-esli arany açanyndan soňra, derländigi üçin telpegini çykaryp eline alanynda, oglunyň telpegidigini görüp, dessine yzyna dolanyp:

– Keýwany, men saňa säher bilen meni oýar diýipmidim ýa-da oglumy? – diýip, gaharly ýüzlenipdir.

Aýaly oglunyň telpegini onuň elinden alyp, Ependiniň öz telpegini getirip, onuň başyna geýdiripdir-de:

– Ynha, häzir men seni oýardym, indi eglenme-de işiňe gidiber – diýipdir.

## Gyşa taýýarlyk

Gyşyň öň ýanynda Ependiden:

– Gyşa näme taýýarlap goýduň? – diýip soranlarynda Ependi:

– Üşäp titremegi – diýip jogap beripdir.

## Kim garnymy doýursa...

Bir husyt adam Ependiden:

– Sen dünýäde hemmeden köp kimi gowy görýäň? – diýip sorapdyr. Ependi:

– Kim garnymy doýursa şony – diýip jogap beripdir.

– Eger men seni doýursam, hemmeden köp meni gowy görjekmi?– diýip, ol husyt sowal beripdir. Ependi bolsa:

– Söýginiň „ «eger, megeri» bolmaz. Göz görmeli, agyz datmaly, garyn dolmaly. Ana, bu zatlardan soň, ýürek söýmeli bolar – diýip jogap beripdir.

## Ata-ogul tapyşypdyr

Günlerde bir gün Ependi bir dosty bilen gidip barýarka, köçede iki adamyň urşup duranyny görüpdir. Dosty:

– Ependi, gel, bulary aralaşdyraly – diýip, ýakynlaryna baranlarynda uruşýanlaryň biri beýlekisine:

– Wah, men seniň eşekdigiňi şu çaka çenli bilmändirin – diýipdir. Onda beýlekisi:

– Men eşek bolsam, senem kürresiň – diýip, oňa jogap beripdir.

Bu sözleri eşiden Ependi dostuna:

– Dost, ataly-ogul tapyşan ýaly-la. Bu ýerde biziň etmeli işimiz ýok – diýip, ony pikirinden dändiripdir.

## Näme üçin urýaňyz?

Bir gün Ependi şäherden gaýdyp öýüne barýarka, ýolda onuň öňünden garakçylar çykyp, hemme zatlaryny, üstesine-de eşegini-de talap alanlaryndan soň, özüni hem urmaga başlapdyrlar.

Ependi bolsa kötege takat getirmän:

– A-how, adamlar, bu urmagyňyzyň bir sebäbi bolmaly ahyryn. Siz meni gijä galyp gelenim üçin ýa-da az nar getirenim üçin urýaňyzmy? – diýip gygyrypdyr.

## Guşuň çagasy

Bir gün Ependi gidip barýarka, ýoldan bir sagat tapypdyr. Eýlesine, beýlesine öwrüp seredipdir-de, onuň nämedigini bilmekçi bolupdyr. Emma bir görse, ol tapan zady „ «jyrk-jyrk» edip duranmyş. Onda Ependi:

– Hä, bu heniz ýelek-persiz guş çagasy eken. Goý, bu ýerde, enesiniň ýanynda galyp ulalsyn we ganatlanyp uçup gitsin – diýip, sagady goýup gidipdir.

## Hat

Günlerde bir gün Ependi bir dostuna hat ýazyp otyrka, arka tarapynda bir adam onuň ýazan sözlerini okaýar eken. Ependiniň sabyr-karary kesilip, ol terbiýesiz adama temmi bermek üçin: «Eý, gadyrdan dostum, men şu hatymda saňa köp zat ýazmalydym welin, bir paňkelle adam arka tarapymda ähli ýazanymy okap durany sebäpli, islän zadymy ýazyp bilemok» – diýip, hatyny soňlapdyr. Onda ol adam:

– Ependi, men seniň hatyňy okamok ahyryn, sen näme üçin meniň adymy «paňkelle» diýip tutýaň? – diýip igenipdir.

Onda Ependi:

– Heý, akmak, okamadyk bolsaň, paňkelledigiň saňa nireden mälim boldy? – diýip jogap beripdir.

## Datmadyk bolsaňyz, gowy bolardy

Bir gün Ependi halwa bişirip bolan badyna, öýüne üç adam gelipdir. Olaryň biri çemçäni halwadan dolduryp iýensoň:

– Muňa birazajyk duz sepilen bolsa, gowy bolardy – diýipdir. Ikinjisi-de bir susak alyp iýensoň:

– Birazrak sogany bolsa örän süýji bolardy – diýipdir.

Üçünjisi bolsa gazany öz öňüne süýşürip, halwany symyşlap iýip otursyna:

– Az-kem sarymsak hem bolsady, patyşa mynasyp nahar bolardy – diýipdir welin, Ependi gazany onuň elinden kakyp alypdyr-da:

– Siz bu halwanyň tagamyny „ datmadyk bolsaňyz, has hem gowy bolardy – diýip jogap beripdir.

## Getirip bilmese, äkidibem bilmez

Obada ýaşaýan bir dosty bir gün Ependiniň öýüne myhmançylyga gelipdir. Ol husyt adam bolany üçin Ependiniň oglan-uşaklaryna berer ýaly özi bilen hiç zat getir-mändir. Ol adam Ependiniň howlusyna giren badyna eşegini urup başlapdyr we: «Haram ölen ýalta, men seniň üstüňe näme ýüklesem, götermediň-de, meni gadyrly dostumyň ýanynda ryswa etdiň» – diýipdir.

Onda Ependi:

– Eý, dost, azara galyp, eşegiňi biderek ýere urma, zat getirip bilmedik, zat äkidip hem bilmez – diýipdir.

## Wah, sen onuň garyndaşymy?

Günlerde bir gün Ependi mazarçylygyň gapdalyndan geçip barýarka, görse, bir mazaryň üstünde äpet bir it otyr eken. Ependi: «Bir bendäniň mazary ýykylmasyn» diýip, iti kowmak üçin ýerden bir daş alyp, ite zyňmakçy bolanda, it hyňranyp, onuň üstüne topulyp, ony dişlejek bolupdyr.

Ependi gorkup, elindäki daşy ýere oklap:

– Wah, men seniň guburda ýatan merhumyň garyndaşydygyňy bilmändirin, meni bagyşla! – diýip, öz ýoluna gidiberipdir.

## Maksadyma-ha ýetendirin

Ependiniň äpet bir şahlak öküzi bar eken. Onuň şahlary ýaý ýaly egrelip durmuş.

Öküz her gezek ikiýana yranyp, ýöräp ugranda, Ependi kesesinden syn edip:

– Hä, şunuň iki şahynyň arasynda oturaga-da, ikiýana üwrelsediň – diýip, arzuw eder eken.

Ine, bir gün Ependi şol öküz ýatyrka, ýuwaşlyk bilen baryp, onuň iki şahynyň arasyna münüpdir. Ürken öküz syçrap, ýerinden turupdyr. Ependini ýokaryk galdyryp, ýere aýlap-aýlap, dik başaşak pylçap urupdyr. Aýaly gelip görse, Ependi öli ýaly dem-düýtsiz ýatyrmyş. Ol Ependi ölendir öýdüp, aglamaga başlapdyr. Ýere bijaýrak düşen Ependi bolsa az-kem seňselän ýaly edipdir-de, soň özüne gelipdir. Başujunda aýalynyň aglap oturanyny görüp, haýdan-haý nämäniň-nämedigine düşünipdir. Ol yraň-daraň ýerinden turupdyr-da, aýalyna üns hem bermän, öküze tarap gyňralyp:

– Ýyksaňam-a ýykansyň welin, maksadyma-ha ýetendirin – diýip hüňürdäpdir.

## Palaw iýenler barsyn

Ependi öýlenen güni dostlaryny toýa çagyrypdyr. Olaryň özleri iýip-içipdirler-de, Ependini nahara çagyrmagy ýatlaryndan çykarypdyrlar. Özüniň gowy görýän zagpyranly palawyndan ät galan Ependi gaharlanyp, öýden çykyp gidipdir. Birnäçe wagtdan soňra Ependini gözläp başlapdyrlar. Emma ony hiç ýerden tapmandyrlar.

Dumly-duşa adam iberip, ahyry ony bir ýerden tapyp getiripdirler.

Garyndaşlary:

– Ýeri, Ependi, bu näme etdigiň boldy? Nirä ýitirim bolduň? Biz seni näçe wagtdan bäri gözläp ýörüs – diýip, ony gelniniň ýanyna eltjek bolupdyrlar.

Ependi bolsa:

– Palawy kim iýen bolsa, gelniň ýanyna-da şolar barybersin – diýip jogap beripdir.

## Kime görünseň görün...

Hossarlary Ependini aldap, bir görmeksiz aýal alyp beripdirler. Toý gününiň ertesi Ependi geýnip, köçä çykmakçy bolanda, aýaly näz edip:

– Ependi, men seniň garyndaşlaryňdan kime görünip, kime görünmäýin? – diýip sorapdyr. Onda Ependi:

– Kime görünseň görün welin, maňa bir görünme! – diýip jogap beripdir.

## Sen ýüzmegiň ugruny birneme bilýäň dälmi?

Ependiniň iki aýaly bar eken. Ol aýallarynyň haýsysynyň ýanyna barsa, şony öwüp, hajyk-hujuk edip gün görýän eken. Günlerde bir gün aýallarynyň ikisi-de birden:

– Ependi, sen biziň haýsymyzy has gowy görýäň, menimi, ýa-da ony? – diýip, sorap başlapdyrlar. Biçäre Ependi gaty kyn ýagdaýda galypdyr. Ol dogry jogap bermekden çekinip:

– Siziň ikiňizi-de gowy görýän – diýip sypjyklyk edipdir. Emma bu sözlerden aýallaryň göwni suw içmändir. Şonuň üçin olar Ependini gününe goýmandyrlar. Şol barmana kiçi aýaly:

– Ynha, hamala, biz ikimiz-de gaýyga münüp, kölde ýüzüp ýörmüşik diýeli. Birden gaýygymyz düňderilip, ikimizem suwa ýykylanmyşyk. Eger şol wagt sen kölüň gyrasynda duran bolsaň, ilki bilen biziň haýsymyzy halas ederdiň? – diýipdir.

Bu soragdan soň özüne sypara ýer galmandygyny aňan Ependi sussy basylyp, öňküden hem aljyrapdyr-da, başga-da näme diýjegini bilmän, uly aýalyna ýüzlenip:

– A-how, sen ýüzmegiň ugruny birneme bilýäň dälmi? – diýipdir.

## Ölmedigem bolsa aýrylyşjakdym

Bir gün Ependä:

– Aýalyň öldi – diýip habar beripdirler. Onda Ependi:

– Aý, ölmedigem bolsa, barybir aýrylyşjakdym – diýip jogap berenmiş.

## Iki syranyňa bir şaýy

Ependi dellekhana baryp saçyny syrdyryp, dellekçä bir şaýy beripdir. Soňky gezek baryp syrdyranda, dellekçi Ependiniň öňüne aýna goýupdyr. Ependi aýna seredip:

– A-how, dellekçi, kellämiň ýarysynda saç ýok eken-le, ho-ow! Asyl sen ýarpy kelle syryp, doly hak alyp ýören ýaly-la?! Menem indi iki gezek syranyňa bir şaýy berjek – diýipdir.

## Ependiniň „«miweleýşi»

Ependiniň üzüm nahallarynyň ekilişini ilkinji gezek görşi eken. Ol bularyň nämä ýaraýandygyny sorapdyr:

– Biz bu çybyklary ine, şu ýerde oturdarys welin, erte olardan süýji-süýji üzümler ýetişer – diýip, oňa jogap beripdirler. Muny eşiden Ependi ep-esli wagtlap pikirlenip durupdyr. Soňra töweregindäkilere ýüzlenip:

– Beýle bolsa, oglanlar, hany, onda menem şu ýerde oturdyň, men nähili miwe getirýärkäm? – diýipdir. Olar muňa razy bolupdyrlar hem-de Ependiniň guşaklykdan aşagyny ýere gömüp goýupdyrlar. Özleri hem onuň ýanyndan aýrylyp, işleri bilen gümra boluberipdirler.

Alabahar günleri eken. Çigreklije howa Ependiniň etinden ötüp, süňňüne ornaşyp başlapdyr. Ol bir seretse, sowukdan ýaňa öz endamynyň ütülen towguň hamy ýaly tikenekläp durandygyny duýupdyr.

Özüniň ilde ýok, üýtgeşik bir miwe getirip, masgara bolaryndan gorkup, howsala düşen Ependi hasyrdap çykmak bilen bolupdyr. Ependi bar güýji bilen ýerden özüni sogrupdyr we adamlaryň ýanyna barypdyr. Adamlar ondan:

– Ýeri, Ependi, biz seni ekip gaýdypdyk-la, näme miweleýänçäň oturmadyňmy? – diýip sorapdyrlar.

Onda Ependi:

– Oturdanyňyz-a çyn. Gögerip, pyntygam ýaryp başladym. Ýöne dogrymy aýtsam, özümden awuly tikenden başga miwe önmejegine gözüm ýetdi-de, çykyp gaýdyberdim – diýip jogap beripdir.

## Garga bizden hem hapa ahyryn

Bir gün Ependi aýaly bilen kir ýuwmak üçin ýabyň boýuna gidipdir. Olar sabyndyr geýimlerini öňlerine alyp, kir ýuwmaga oturypdyrlar welin, bir garga gelip, sabyny alyp gaçypdyr.

Aýaly:

– Aýu, Ependi, ýeteweri, garga sabynymyzy alyp gaçdy – diýip gygyrypdyr. Ependi darykman:

– Galmagalyň näme-ýeý, keýwany? Sabynyňy garga alyp gaçan bolsa, tüýs hak eýesine gowşupdyr, çünki ol bizdenem hapa ahyryn! – diýipdir.

## Dokuz aýlyk ýoly bäş günde geçse...

Ependi öýlenipdir welin, bäşinji gün diýlende aýalynyň çagasy bolupdyr. Ependi ur-tut Gurhanly bukjasyny, ýazuw esbaplaryny getiripdir-de, sallançakda ýatan çaganyň başujunda goýupdyr. Oňa:

– Ýeri, Ependi, bu zatlary gaty irden taýýarlapsyň-la? – diýipdirler. Ependi hem:

– Dokuz aýlyk ýoly bäş günde geçen çaga bu gün-erte okuwa-da gider. Elimde pulum barka, okuwa gerek-ýarak zatlary öňünden taýýarlap goýaýmasam, soň ýetişdirmez – diýip jogap beripdir.

## Ogrularyň Ependini aldaýyşlary

Günlerde bir gün Ependiniň eşegi ölüpdir.

Aýaly:

– Biz eşeksiz mydar edip bilmeris, me, saňa altmyş teňňe, bar, bazardan eşek satyn al – diýipdir.

Ependi bazara baryp, bir eşek satyn alypdyr. Ol satyn alan eşeginiň nogtasyndan tutup, yzyna garaman, alyp gelýän eken. Iki sany ogry muny görüpdir. Olaryň biri onuň nogtasyny sypyryp, öz kellesine geýdiripdir-de, Ependiniň yzyna düşüberipdir. Beýleki ogry bolsa eşegi yzyna dolap, bazara satmaga alyp gidipdir.

Ýolda Ependi birden yzyna dolanyp seretse, eşek diýip alyp gelýäni adammyş. Muny gören Ependi aňk-taňk bolupdyr. Soňra ol özüni dürsäp:

– Bu nä geň zat? A-how, sen kim? – diýip sorapdyr.

Ogry burnuny çekip, sortduryp durupdyr-da, boýnuny sallan bolup şeýle diýipdir:

– Bir gün men ýaramaz iş edip, enemiň göwnüne degdim welin, ol maňa „ «Hernä Hudaýym, eşege dönesiň, eşege dönen!» diýip, gargyş etdi. Şondan dem salym geçmänkä-de, men birden eşege öwrüldim duruberdim. Soň meni bazara saldylar, siz hem hyrydar bolduňyz, ine, bolan zat. Indi siziň şepagatyňyz bilen men ýene öňküligime öwrüldim, adam boldum – diýip jogap beripdir.

Onda Ependi:

– Eger Alla seniň günäňi öten bolsa, sen menden hem azat. Emma indiden beýläk eneň gargyşyna galaýmagyn! – diýip, maslahat berip, ony boşadyp goýberipdir.

Ertesi Ependi ýene eşek satyn almaga bazara barypdyr. «Amatlyrak eşek gabat geläýmezmikä?» diýip, bazara göz aýlapdyr. Görse, öňki eşek satyn alan jellabynyň elinde düýnki alan eşegi ýüzüni sortduryp durmuş. Ependi başyny ýaýkap, eşegiň ýanyna barypdyr. Onuň gulagyna agzyny tutup:

– Heý, peläket, sen meniň maslahatymy alman, eneň gargyşyna galypsyň-ow! – diýip, çawuş çakypdyr.

## Gutulygyndan bäri tanaýan

Bir gün Ependiniň goňşusynyň golçasy ogurlanypdyr. Golça eýesi ony biriniň elinde görüpdir. Ol ogryny kaza eltip, Ependini hem şaýatlyga çagyrypdyr. Kazy Ependiden:

– Sen şu golçanyň goňşyňkydygyny nädip subut etjek? – diýip sorapdyr.

Onda Ependi:

– Ol itiň aňsady. Bu golçany men gaty irden bäri tanaýan. Ol ilki başda bir kiçijik gutudy. Soň ol eýesiniň elinde ulalyp, golçalyga ýetdi. Men ony şol kiçijik gutulygyndan bäri tanaýaryn – diýip, gepini gögertjek bolupdyr.

## Daşdan labyzly ses

Bir gün Ependi bogazyna sygdygyndan azan aýdypdyr-da, aýak aldygyna ylgap gidenmiş. Ondan sebäbini soranlarynda:

– Meniň sesim daşdan gaty labyzly eşidilýärmiş. Şony daşrakdan diňlejek bolýaryn – diýipdir.

## Öküz öz günäsini bilýändir

Ependiniň ekinine bir öküz giripdir. Ependi ullakan taýak alyp, öküze topulypdyr. Emma öküz taýak çaldyrman, gaçyp gidipdir.

Aradan bir hepde geçipdir.

Günleriň birinde Ependi şol öküzi bir daýhanyň araba goşup barýandygyny görüpdir. Ol sen-men ýok, elindäki hasasy bilen öküzi ýençmäge başlapdyr.

Daýhan:

– A-how, bu näme etdigiň, meniň öküzim bilen näme işiň bar? – diýip gaharlanypdyr.

Ependi bolsa oňa:

– Darykma, garry, darykma! Näme üçin urulýandygyny öküziň özi gaty oňat bilýändir – diýipdir.

## Men heniz ýaş bilbil

Bir gün Ependi biriniň bagyna giripdir-de, agajyň üstüne çykyp, erik iýmäge başlapdyr.

Bagyň eýesi gelip:

– Ýeri ho-ow, bu agajyň üstünde näme işläp otyrsyň? – diýip sorapdyr.

Ependi bolsa:

– Men bilbil, agajyň üstüne çykyp saýraýaryn – diýip jogap beripdir.

Bagyň eýesi:

– Ýagşy, o zeýilli bolsa, hany, saýra, eşideli! – diýipdir. Ependi saýrap başlapdyr. Bagyň eýesi ýylgyryp:

– Heý, bilbilem şeýle saýrarmy? – diýipdir. Onda Ependi:

– Men heniz ýaş, tejribesiz bilbil, bar saýrap bilşim şu – diýipdir.

## Naguzybilläh[1] diýerdiler

Bir gün Teýmirleň:

[1] Naguzybilläh – Alla sygynýaryn, Alla gorawersin, daş edewersin!

– Ependi, Beni Apbasly halypalaryň hemmesiniň öz lakamlarynyň bardygyny sen bilýänsiň. Olaryň biriniň Töwekgelbilläh lakamy bolsa, biriniň Muhasybilläh, beýlekileriniňem şuňa meňzeş lakamlary bolupdyr. Ýeri, men hem Beni Apbaslylardan bolan bolaýsam, meniň lakamym näme bolardy? – diýip, Ependiden sorapdyr.
Onda Ependi:
– Eý, beýik hökümdarym, sen muňa berk ynanaý! Eger şolardan bolaýsaň, saňa hökman Naguzybilläh diýerdiler – diýip jogap beripdir.

## Ependiniň eşegini seýisleýşi

Bir gün Ependi gämi ýamaýjylaryň ýanyna gelipdir. Ependi olaryň ýanynda ýanyp duran ody görüp:
– Bular gämä näme edýärler? – diýip sorapdyr.
Oňa:
– Gara şepbik gaýnadyp, gäminiň jaýryklaryna çalýarlar, şonda gämi çalt ýöreýär – diýip düşündiripdirler. Ependi öýüne dolanyp gelipdir-de, eşeginiň aýagyny daňyp, ot ýakypdyr. Bir kesindini gyzdyryp, eşegiň aýagyna basypdyr. Eşek tanapyny üzüp, hyzzynlap, zym uçan ýaly bolupdyr. Onda Ependi:
– Be, aýdanlarynyň jany bar eken-ow! Bu haramzadanyň bolşuny gör, heniz aýagyna gara şepbik çalynmanka, gözden uçup gitdi – diýip, eşegiň yzyndan eli şepbikli ylgapdyr.

## Tozany şonda görersiň

Günlerde bir gün Ependi öz şägirdi Imat bilen möjek awlamaga gidipdir. Imat möjek çagasyny tutmakçy bolup möjegiň sürenine giripdir. Şol wagt süreniň daşynda köw urup ýören ene möjek hem onuň yzy bilen kürsäp urupdyr. Ependi çaltlyk bilen möjegiň guýrugyndan ýapyşypdyr. Möjek guduzlan ýaly bolup, ikiýana urnup, hiç zatdan habarsyz Imadyň üstüne gum sowrup başlapdyr.
Imat:
– Sen näme tozadyp, gum peşeleýärsiň, how? – diýip, Ependä gygyrypdyr.
Ependi oňa:
– Sen ýöne möjegiň guýrugynyň elimden sypmanyny diläber. Sypaýdygy, ana, şonda görersiň tozany – diýip jogap beripdir.

## Ependi we ussa

Ependi jaý saldyrmak üçin ussa çagyrypdyr.
Ussa:
– Ine, bu ýerde otag, bu ýerde eýwan, bu ýerde hem ýerzemin bolar – diýip, jaý ýeri ölçäp başlapdyr. Şeýdip Ependi bilen ikisi garabaşyna gaý bolşup ýörkäler, ussa birden ýel çykaraýypdyr.
Ependi şol bada:
– Edil şu taýdan hem hajathana salmak gerek – diýipdir.

## Ýeke aýakly gaz

Bir gün Ependi gaz gowrup, Teýmirleňe alyp barýan eken. Ýolda ajygypdyr-da, bir gyra çekilip, gazyň bir buduny lak-luk ataýypdyr. Ependi patyşanyň huzuryna baryp, edep bilen gazy gowşurypdyr. Gazyň ýeke aýakdygyna birden Teýmirleňiň gözi düşýär. Teýmirleň Ependä:

– Eý, Ependi, getiren gazyň bir aýagy ýok-la? – diýipdir.

Ependi:

– Tagsyr, biziň ilde gazlar ýeke aýakly bolýar. Eger ynanmasaň, ho-ol çeşmäniň başyndaky gazlara seredip göräýiň! – diýipdir.

Hakykatdan hem, çeşmäniň başyndaky güneşläp duran gazlar ýeke aýaklaryna galyp, başlaryny aşak salyp, irkilişip duran ekenler. Patyşa bu gazlara uzak wagtlap syn edipdir. Şol wagt birden surnaý sesi ýaňlanypdyr. Sazandalar gümmürdedip, deprek kakyp başlapdyrlar. Surnaýdyr depregiň sesinden ýaňa ýer-gök lerzana gelip, uly gopgun turupdyr. Irkilişip duran gazlar hem ürküp, ikiýana oýmudaklaşyp, gaçyp başlapdyrlar. Teýmirleň Ependini ýanyna çagyryp:

– Sözüň ýalana çykdy. Seret, gazlaryň aýagy näçe eken? – diýipdir.

– Eý, tagsyr, ýaňky gopgun turanda ukuda däldigiňe şükür et, eger ukuda ýatyrkaň, gopgun turan bolsa, iki aýag-a däl, ýene iki aýagy kireýine alyp, dört aýak bolup gaçmaly bolardyň – diýipdir.

## Dat, owlak bilen meniň günüme!

Bir gün Ependi ýarygijeler aýaly bilen gümür-ýamyr edip ýatyrka, aýak sesi eşidilipdir. Ol sesini-üýnüni çykarman, diň salyp oturypdyr. Şol wagt duldaky daňylgy duran owlak çekiräpdir. Şonuň yzysüre hem ogrularyň hümürdisi eşidilipdir.

Olar: «Bu gije çolpymyza[1] ilen zat bolmady. Gowusy, geliň, indi Ependiniň öýüni ýaraýalyň. Häzir uklap ýatyrka, özün-ä öldüreliň, owlagyny bolsa soýup iýeliň, aýaly bilen goş-golamyny bolsa alyp gideliň – diýşip, maslahat edipdirler. Muny eşiden Ependi gaty-gaty üsgürinjiräp, ardynjyrap, uly gopgun turuzypdyr. Ogrular dyr-pytrak bolupdyrlar.

Ol gidensoň aýaly:

– Gorkunjyňdan ýaňa ýöne garry göhert ýaly bagyryberdiň -ow, Ependi! – diýip degşipdir.

Onda Ependi:

– Saňa näme aýt? Dat, owlak bilen meniň günüme? – diýip jogap beripdir.

## Ependi bilen Teýmirleň

Teýmirleň Ependiniň ýaşaýan şäherini basyp alanda, onuň ýiti akylly hem gürrüňçi adamdygyny eşidipdir. Günlerde bir gün Ependini öz ýanyna çagyrypdyr.

[1] Çolpy – söwüt çybygyndan örülen susak görnüşli süzgüç.

Ependi Teýmirleňiň ýanyna barypdyr. Görse, Teýmirleň ýumşak düşekçäniň üstünde gabarylyp, sagat aýagyny uzyn salyp oturan eken. Ependi içerik girende, ol kemterisinden gobsunmandyram. Diňe hormat-hatyra üçin oňa öz oturan düşeginden yşarat bilen ýer görkezipdir. Teýmirleňiň bu bolşuny Ependi juda ýokuş görüpdir. Her niçigem bolsa, ol syr bildirmändir, özüne görkezilen ýere baryp ynjalykly oturypdyr. Ara dymyşlyk düşüpdir. Az-kem wagt geçensoň, Ependi hem samsyklyga salan bolup, aýagyny düşekden bir tarapa uzadyp oturypdyr. Ependiniň bu bolşy patyşa ýaramandyr. Teýmirleň: «„Men-ä bir aýagym maýyp bolansoň, şeýdip otyryn. Onsoň hem men nähili oturamda näme? Men patyşa ahyryn. Bu adamda maňa gürrüň berlişi ýaly, paýhas enteg-ä bildirip baranok. Bu bir tüýs haýwan-la. Ýa-da bu-da onuň bir oýnumyka? Allajanlarym, ol näme syzdyrjak bolýarka?» diýip, içini gepledipdir. Ahyry ol Ependiniň howuny basjak bolup:

– Asyl sen eşekden gaty bir daşlaşman ekeniň-ow! – diýipdir.

Ependi söz alyp galman:

– Hawa, oň bilen aramyz iki-üç garyşdan daş däl – diýip, Teýmirleň bilen öz arasyny garyşlapdyr.

Teýmirleň muňa ýarylaýjak bolupdyr.

Emma birbada saklanypdyr. Özüni dana hem parasatly görkezjek bolup geplemän oturypdyr. Ependi bolsa ünsem bermändir.

Şu arada saçak ýazylyp, nahar çekilipdir. Olar nahar iýmäge oturypdyrlar. Birden Teýmirleň dogry Ependiniň ýüzüne garşy asgyryp goýberenmiş.

Ependi hem oýunlyga salyp:

– Patyşahym, adamyň ýüzüne asgyrmak gabahat dälmi näme? – diýipdir. Teýmirleň bu sowala biperwaýlyk bilen:

– Biz taraplarda bu bir aýyp görlüp durulýan zat hem däl – diýip jogap beripdir.

Nahardan bolnup, şerbete geçilipdir. Şol wagt Ependi batly ýel çykaryp goýberipdir. Teýmirleň gazap bilen Ependiniň ýüzüne seredip:

– Bu nähili edepsizlik? Heý, utanmaýarmyň? – diýipdir.

Onda Ependi:

– Eý, tagsyr, darykmaň! Biziň töwereklerimizde bu bir uly aýyp hem hasaplanylyp durlanok – diýip jogap beripdir.

## Adyny hem sorap durmadym

Günlerde bir gün Ependi aýaly bilen aýrylyşjak bolup, kazyhana barypdyr.

Kazy:

– Aýalyň öz adyny hem-de atasynyň adyny ýazyp getiriň – diýip buýrupdyr. Kätipler muny Ependiden sorapdyrlar.

Ependi bolsa:

– Bilemok – diýip jogap beripdir. Kazy Ependiniň öýlenen ýylyna belet bolansoň:

– Aýalyň bilen pylança ýyl ýaşap, şu çaka çenli hem onuň adyny bileňokmy? – diýip sorapdyr.

Onda Ependi:

– Ýaşaşanym hak, ýöne men ikibaşdan aýrylyşjak bolamsoň, onuň adyny hem sorap durmadym – diýip jogap beripdir.

## Münen ýabym çepbekeý eken

Ependi kerwene çatylyp, bir ýana gitmekçi bolupdyr. Ertir ir bilen hemme adamlar howlukmaç atlanypdyr. Ependä-de bir ýaby getirip beripdirler. Ol sag aýagyny üzeňňä basyp, ýabynyň üstüne bat bilen towsupdyr welin, tersleýin atlanyp oturyberipdir. Ýanyndaky adamlar:

– Haý, Ependi, sen atyňa tersleýin atlanan ýaly-la. Ol nämäň alamaty? – diýip sorapdyrlar.

Onda Ependi:

– Atlanyşym-a dogry welin, ýöne maňa duşan ýaby çepbekeý eken – diýip jogap berenmiş.

## Ol kaza degişli

Iki goňşy daş çykyp otyrkalar, köçe bilen bir it gelip, olaryň öýleriniň gabat deňlerinde tezekläp gidipdir. Olaryň biri beýlekisine:

– Bu seniň öýüňe ýakyn, sen süpür! – diýipdir.

Beýlekisi bolsa:

– Ýok, seniň öýüňe ýakyn, sen süpürmeli – diýip dawalaşypdyr.

Olaryň arasyndaky dawa ulalyp, ahyry bir ujy kaza ýetipdir. Şol wagt kazyhanada Ependi hem bar eken. Kazy Ependini oýnajak bolup:

– Ependi, hany, bularyň dawasyny açyp ber! – diýipdir. Şonda Ependi dawagärlere ýüzlenip:

– Köçe hemme kişä ortalyk. Oňa eýemsiremäge siziň hiç biriňiziň hem hakyňyz ýok. Ol diňe kaza degişlidir. Şonuň üçin köçäniň aladasy kazynyňky bolmaly – diýip, dawany çöp döwlen ýaly çözüp beripdir.

## Meniň özüm kimkäm?

Bir gün Ependi kerwene dakylyşyp, uzak ýola gitmekçi bolupdyr. Ol özüniň ýitip gitmezligi üçin guşagyna kiçijik suw kädini daňypdyr. Şeýdip ol uzak ýol ýöräpdir. Bir düşelgede bir masgarabaz Ependiniň guşagyndaky kädini bildirmän alyp, öz guşagyna daňypdyr.

Ependi ertir ir bilen seredip görse, gabat öňünde guşagyna suw kädi daňylgy bir adam duranmyş. Ol aňk-taňk bolup, böwrüne diň salyp:

– Allajanlarym, şol adam-a men welin, meniň özüm kimkäm?! – diýip geň galypdyr.

## Haý, ýeteweriň!

Bir gün Ependi gaty ajygypdyr. Ol öňüne gelen gyzgyn çorbadan bada-bat bir çemçäni dolduryp içipdir. Gyzgyn çorba onuň içine gor guýlan ýaly edipdir. Ependi şundan bagyryp ýerinden turupdyr-da, köçä bakan ylgapdyr. Ol ulili bilen:

– Haý, adamlar, tutaweriň! Ýeteweriň-de, söndüreweriň, içden otlandyrlar-la, how! – diýip gygyrýarmyş.

## Daşymyň dolagy il-gün

Ependi keseki bir ýurtda ýaşaýan eken. Bir gün ir bilen bir arabaçynyň öz iline ugrajagyny eşidipdir. Ol ýatan ýerinden hasyr-husur turup, eşigini geýinmän, ýarym-ýalaňaç halda araba baka düwdenekläýipdir. Ependi bir hormatly adam bolansoň, hiç kim oňa «„Edýäniň näme?» diýmändir. Araba oba ýakynlaşypdyr. Arabakeş bir adamyny Ependiniň gelýänini buşlamak üçin oba çapar iberipdir. Uludan-kiçä ähli halaýyk Ependiniň öňünden çykypdyr. Görseler, Ependi ýarym-ýalaňaç haldamyş. Olar geň galyşyp:

– Ýeri, Ependi, bu nä boluş? – diýip sorapdyrlar.

Ependi alaň-açyklygyny şol wagt duýupdyr. Emma syr bermän:

– Daşymyň dolagynyň il-gündügine keseki ýurtda mazaly göz ýetirdim. Şonuň üçin hem öz ilime geýnüwli gelmegi özüme uslyp bilmedim – diýipdir.

## Ýeri, saňa näme?

Bir adam Ependä:

– Şu gün pylanylaryň çakylygy bar – diýipdir.

Ependi:

– Ýeri, bolsa bolupdyr-da, maňa näme? – diýipdir. Ol adam:

– Şoňa seni hem myhmançylyga çagyrypdyrlar – diýip, oňa düşündirjek bolupdyr.

Ependi bolsa:

– Çagyrsalar, meni çagyrýarlar. Ýeri, saňa näme? – diýipdir.

## Näsagyň oýny

Bir gün Ependi näsaglapdyr. Goňşy aýallar ony soramaga gelipdirler. Görseler, Ependi birneme bäri bakan eken. Aýallaryň biri oýun edip:

– Ependi, Alla seniň ömrüňi uzakdan bersin! Ýöne birden bolmasy bir iş bolup, Allanyň buýrugyny berjaý edäýseň, yzyňdan näme diýip aglaşsakkak? – diýip sorapdyr. Ependi:

– «Wah, biçäre, aýallar bilen oýnaşyp, göwün solpusyndan çykyp bilmän, armanlyja gitdi» diýip aglaýyň – diýipdir.

## Ejeňden gutulmanyň aladasyny edýän

Ependiniň gyzy bir iş üçin ýerzemine giripdir. Ol kakasynyň çelekleriň arasynda gizlenip ýatanyny görüpdir-de:

– Ýeri, kaka, bu ýerde näme işleýärsiň? – diýip sorapdyr.

Onda Ependi:

– Ejeňden gutulmagyň alajyny edýän gyzym! Şu taýa giräýmesem, ýagty-ýalançyda maňa gün ýok – diýipdir.

## Ördek çorbasy

Günleriň birinde Ependiniň kölde ýüzüp ýören bir topar ördege gözi düşýär. Ol ördekleri tutjak bolup, kölüň gyrasyna barandan, olar uçup gidipdirler. Ependi hiç zat bolmadyk ýaly kölüň gyrasynda oturyp, çöregini suwa batyryp iýmäge başlapdyr. Bu wakany synlap duranlaryň biri:

– Ependi, işdäň açyk bolsun! Ýeri, näme iýýärsiň? – diýip sorapdyr.

Ependi bolsa:

– Ördek çorbasyny – diýip jogap beripdir.

## Ependiniň oglunyň akyly

Günlerde bir gün Ependi:

– Badamjan näme? – diýip, oglundan sorapdyr. Ogly:

– Heniz gözi açylmadyk kiçijik bedene – diýip jogap beripdir.

Ependi begenjinden dylym-dylym edip:

– Muňa şuny öwreden adam ýok. Ol muny öz akyly bilen tapdy – diýip, hondan bärsi bolup çişipdir.

## Akylyň bolsa köle ylga!

Bir gün Ependi eşegini çygly ýandakdan mas ýükläpdir. «Ýandak çygyragam bolsa, gury ýaly ýanýarmyş» diýip eşiden Ependi barlap görmek üçin ýandagy otlapdyr. Ody üflemäge başlapdyr. Ot tutaşyp al-asmana göterilipdir. Eşegiň zähresi ýarylan ýaly bolup, ökjäni göteripdir. Ol hem aňňyryp, hem tezekläp uly basga galypdyr. Ependi bolsa sozanguýruk bolup, onuň yzyndan eňipdir. Emma eşegiň yzyndan ýetip bilmejegini, ýetäýende-de golaýyna baryp bilmejegini aňyp, bogazyna sygdygyndan:

– Haý, haýwan, aňrujy akylyň bolsa, köle ylga! – diýip gygyrypdyr.

## Ody özüňe bas – ötmese kesekä

Bir gün Ependi Teýmirleňiň ýanynda otyrka, bir mes esgeri alyp gelipdirler. Teýmirleň oňa üç ýüz taýak urmagy buýrupdyr. Ependi bu hökümi eşiden badyna batly gülüp goýberipdir. Teýmirleň oňa gaharlanyp:

– Ýene iki ýüz taýak urmaly – diýip höküm edipdir. Ependi öňküden hem gaty gülüpdir. Muňa Teýmirleň has hem ot alypdyr.

– Oňa sekiz müň taýak urmaly – diýip gygyrypdyr. Gülkiden ýaňa damarlary taýak ýaly gatan Ependi iki eli bilen içini tutup, ikiýana urunýarmyş.

Teýmirleň gaharyna bäs gelebilmän:

– Eý, kapyr, başyňda degirmen ýaly selläň bar, ýene sen meniň şerigat boýunça berjek jezamyň üstünden gülýärsiň. Onda-da dünýäni sarsdyran beýik hökümdaryň gözüniň alnynda ýaňsylap gülýärsiň. Eger sen ýene-de gülkiňi dowam etdirseň, menden oňlulyk tamasyny etme! – diýip, haýbat atypdyr.

Ependi bolsa oňa şeýle jogap beripdir:

– Tagsyr, elbetde, sen hakly. Derejäň uludygyna, mertebäň beýikdigine düşünýän. Ýöne, men saňa haýran galýan. Ýa-ha hiç san bileňok, ýa-da sen biz ýaly et bilen süňkden ýasalan adam däl. Belki, seniň bedeniň hem öz adyň ýaly Teýmirleňdir. Sen garaýan şerigatyň hakynda hiç zat bileňok, ýa bilseňem bilmezlige salýarsyň. Eýsem, şerigatyň buýurýan segsen taýagy bilen seniň höküm eden sekiz müň taýagyň ýer bilen gök ýaly dälmi? Höküm etmek aňsat, emma iş şeýle jezany çekmekde. Çykarýan hökümiňi ýerine ýetirip boljakmy ýa bolmajakmy, adamyň bedeni muňa çydajakmy, sen öňünden şu barada az-kem oýlan ahyryn! Ody özüňe bas, ötmese-kesekä – diýipdir.

## Ependi we dähri[1]

Teýmirleň Akşäherde bolanda, şähere bir dähri gelipdir. Ol:

– Meniň birnäçe soragym bar. Welaýatyňyzda güýçli alymlaryňyz bolsa, ýygnanyşsaňyz, bäsleşip görsek – diýipdir. Teýmirleň şäheriň tanymal alymlaryny ýygnap:

– Bize köpbilmiş alym gelipdir. Tebigat we hasap ugurlary boýunça siziň bilen ýaryşmak isleýär. Ol gezende alym, bütin ýer ýüzüne gezelenje çykypdyr. Eger siz onuň bilen bäsleşip biljek ähli ylymdan başy çykýan bir adam tapaýmasaňyz, ol bizi uly ile masgara eder – diýipdir.

Şäheriň ýaşululary maslahat edipdirler. Olar özlerinde okuwly alymyň ýokdugyny tas boýun alan ekenler. Ýene-de:

– Ýok, bu bolup biljek zat däl. Hökman bir çykalga tapmak gerek – diýen netijä gelipdirler. Emma muňa hem örän köp wagt gerek, onsoňam alym tapaýsagam, jemagatyň öňünde öz abraýymyz döküler – diýipdirler.

Ahyrda «„Däliden dogry habar», geliň, öz alymymyz Ependiniň pikirini soralyň. Belki, şol bir maslahat tapyp, bu diledüşmez gelmişekden üstün çykar» diýen maslahata gelipdirler. Bu teklibi ähli kişi goldapdyr. Olar Ependini çagyryp, ýagdaýy düşündiripdirler. Ependi:

– Bolubilýär, çagyryň ony. Eger men onuň sowallaryny çöp döwen ýaly edip, howuny basaýsam-a, oňa ýetesi zat ýok. Eger, başarman ýöwselläbersem, «Bu bir entäp ýören diwana, mejlise-de özi gelip giräýipdir» diýip, meni turzup goýbererseňiz-de, başga bir alymy getirersiňiz – diýipdir. Birden oňuna bolup, ýeňäýsem, onda sylagymy ýetirersiňiz. Patyşanyň serpaýy muňa girmeýär – diýipdir.

Ýaşulular:

[1] Dähri – tebigatyň kada-kanunlaryna akyl ýetirmäge synanyşýan gezende alym.

– Onuň gürrüňini etme. Şu beladan sypdyrsaň bolýar,  serpaýyň bireýýäm taýyn edilip goýuldy – diýipdirler.

Bellenen güni şäheriň uly meýdanynda çadyrlar gurlupdyr. Teýmirleň hem özüniň altyn-zer çaýylan geýminde, wezir-wekilleri we hyzmatkärleri bilen gelip oturypdyr. Şundan soň  gezende alym hem gelip, Teýmirleňe tagzym edip, şanyň ýanynda oturypdyr. Her kim ýerli-ýerine geçensoň, Ependä garaşypdyrlar. Ahyrda başy äpet selleli Ependi hem gelipdir. Onuň egninde holparyp duran çäkmeni hem bar eken. Yzynda bolsa Imat hebeşi bilen talyplary bar eken. Ependini patyşanyň sag tarapynda oturdypdyrlar. Bäsdeşler şerbet içip, demlerini dürsäpdirler. Soňra ol gezende orta çykypdyr-da, ulumsylyk bilen tegelek çyzyk çyzypdyr-da, Ependiden jogap talap edip, onuň ýüzüne seredipdir. Ependi hem ýerinden turupdyr-da, dähriniň çyzan çyzygynyň ortasyndan dogry çyzyk çekip, tegelegi deň ikä bölüpdir-de, dähriniň ýüzüne çiňňerilipdir. Soňra bolsa, beýleligine-de bir çyzyk geçirip, tegelegi dörde bölüpdir. «Üç bölegi meniňki» diýýän ýaly edip taýagy üç gezek özüne tarap galgadypdyr. Galan bir böleginiň üstüne bolsa taýagyny dürtüp, gezendä tarap itiberýän ýaly edipdir-de, onuň ýüzüne çiňňerilipdir.

Gezende Ependiniň bu meseläni çözüşinden kem tapman, yşarat bilen özüniň razylygyny duýdurypdyr.

Şondan soň syýahatçy barmaklaryny dürterip çykan çigillem ýaly edip, çugdamlap, iki elini biri-birine golaýlaşdyrypdyr. Soňra bolsa barmaklaryny birnäçe gezek ýokary galdyrypdyr. Emma munuň tersine, Ependi eliniň aýalaryny aşak tutup, barmaklaryny sallapdyr. Dähri ýene ylalaşypdyr. Iň ahyrda gezende barmaklary bilen haýwan ýörişini şekillendirip, garnynyň üstünden ýöredipdir. Ependi bolsa, jübüsinden ýumurtga çykarypdyr. Ony görkezip howada galgadypdyr-da, uçmak alamatyny edipdir.

Gezende baş atyp, bu jogaby-da makullapdyr. Ol ýerinden turup, Ependä hormat bilen tagzym edipdir. Onuň elinden öpüpdir. Patyşany hem onuň derejeli adamlaryny bu şäherde «zamananyň tanymal adamsynyň» ýaşaýandygy bilen gutlapdyr.

Mejlise gatnaşan adamlar bu beladan sypanlaryna gaty şatlanypdyrlar. Bu masgaraçylykdan dyndaran Ependini uly şowhun bilen gutlapdyrlar. Ähli kişi ätiýaç üçin ýanlaryna göteren pullaryny oňa bagyş edipdirler. Teýmirleň bolsa oňa şahana serpaý ýapypdyr.

Hemmeler dargan badyna patyşa hem onuň ýakyn adamlary gezendäni gyra çekip, dilmaç arkaly şeýle diýipdirler:

– Siziň yşaratyňyzyň we ümüňiziň ýekejesine-de düşünip bilmedik. Siz oňa näme sorag berdiňiz? Ependiniň jogaby näme boldy? Siz ony makulladyňyzmy?

Gezende:

– Dünýäniň ýaradylyşy barada ýunan alymlary bilen ýehudy alymlarynyň arasynda çapraz pikirler bar. Bu barada siziň musulman illeriňiziň pikiri maňa mälim däldi. Şonuň üçin hakykaty bilesim geldi-de, ýeriň şar şekillidigini çyzyp görkezdim. Ependi muny tassyklamakdan daşary öz ilkinji çyzan çyzygy bilen ýeri demirgazyk hem günorta ýarym şarlaryna bölüp berdi. Şondan soň ol ýene-de dikligine bir çyzyk geçirmek arkaly ýer togalagyny dörde böldi, üç bölegini öz tarapyna alyp, ýer şarynyň dörtden üç böleginiň suwdugyny tassyklady. Maňa tarap bir bölegini iteriberip

bolsa, onuň dörtden bir böleginiň gury ýerdigini aýtmak isledi. Şeýlelik bilen, ýer üstüniň howa ýagdaýyny hem syzdyryp goýberdi. Şundan soň men ýeriň gurluşyny we ýaşaýşyň syrlaryny anyklamak üçin ösümlikleri, çeşmeleri, magdanlary göz öňünde tutup, barmaklarymy ýokaryk galdyrdym. Munuň tersine Ependi barmaklaryny aşak sallady. Şeýdibem, alymlaryň soňky derňewlerine görä, bu ýagdaýlaryň hemmesiniň Gün ýagtylygynyň hem-de başga bir gudratlaryň täsir etmegi arkaly asmandan ýagýan ýagşyň keramaty bilen bolýandygyny dogry düşündirip, ýaşaýşyň syrlaryny doly aňlatdy. Iň soňky gezek men özümi görkezdim. Barmaklarym bilen haýwanlaryň ýöreýşini görkezip, garnymyň üstünden ýöredip: «„Biz, yns-jynslar neneňsi köpelýärler?» – diýip soradym. Elbetde men janly-jemendäniň ýaşaýşy barada aýdyň aýdan däldirin-dä, ol has açyk hem-de düşnükli „gürrüň etdi. Ol jübüsinden ýumurtga çykaryp galgatdy. Şeýdibem, perrendeleriň mysalynda adam we haýwanlaryň döreýşiniň örän syrlydygyny aňlatdy. Eýsem, guşuň ýa-da ýumurtganyň haýsysynyň öň dörändigini kim bilýär? Diýmek, bu jedel henizem gidip otyr.

Şunlukda men siziň alymlaryňyzyň ýer we asmanyň gurluşy baradaky ylmy babatda welilik derejesine ýetendigini aňladym. Siz tebigat ylymlarynyň şeýle tanymal adamsy bilen ýurtdaş bolandygyňyza guwanyp bilersiňiz – diýipdir.

Dährini hormat we sylaglar bilen ýola salypdyrlar. Ähli jemende Ependiniň daşyna egrilipdir. Dährä beren soraglaryny oňa-da gaýtalapdyrlar.

Ependi:

– Päheý, aýdyp-aýtmaz ýaly bu ýerde hiç zat ýok-la. Onyňyz bir keselbent hem açgöz adam eken. Açlykdan ýaňa ölüp ataýypdyr şu taýa. Siz ony alym diýen bolup, meni gury azara goýupsyňyz. Görşüňiz ýaly, men gelen badyma ol: «„Ah, şu wagt şunuň ýaly bir tegelek gutap bolsady» diýip, tegelek çyzdy. Men bolsam adamçylyk bilen gutaby „ikä böldüm. Görsem, ol öýkeli görünýär. Onsoň men ony dörde böldüm. Üç bölegini özüme alyp, bir bölegini oňa goýdum. Onsundan hem dynyp barýan ýaly duýup: «Bolýa-da, maňa şu-da besdir» diýip, kaýyllyk bilen başyny atdy. Şondan soň ol: „«Hä, palawam beräýseler, biz ony ine şeýdip, bileje iýerdik» diýip, eli bilen düşündirdi. Men bolsam: „«Hawa, üstüne duzjagaz seperdik, pissejik, kişmişjagaz goşardyk» – diýip, pikirini tassykladym. Şeýlelik bilen, biz bu meseläni hem çözdük. Şondan soň ol garnyny görkezip, uzakdan gelendigini hem-de köp wagtdan bäri süýji tagam iýip görmändigini aňlatdy. Men bolsam, özümiň ondan hem bäşbeter açdygymy, açlykdan „guşuň ýelegindenem beter ýeňländigimi aýtdym. Men ertir bilen turamda aýalym maňa ýumurtga berdi. Şony iýip ýetişmänkäm, siz çagyrdyňyz. Şonuň üçinem «ony jübime saldym» – diýip, çykaryp görkezdim. Ine, bar bolany şu, wessalam – diýipdir. Oturanlar:

– Men näme diýýän, dutarym näme diýýär edipsiziň-ow, Ependi! – diýipdirler.

## Dowzahda seniň ýeriň taýyn

Bir gün mejlisde o dünýä hakynda, magşar günündäki howpdyr hatarlar barada gürrüň edilipdir. Oturanlaryň hemmesi gaýgyly oýa batypdyr. Ependiniň ýanynda oturan Teýmirleň hem uludan demini alyp:

– Men eden etmişlerim üçin Hudaýyň öňünde nähili jogap okarkam? Meniň jaýym nirede taýýarlanarka? Behişdiň nygmatly ýerindemi, ýa otly dowzahda? – diýip pikirlenipdir.

Ependi:

– Päheý, senem-ä patyşahym! Asyl senem bular ýaly zatlar barada oýlanýarmydyň? Beýle boş zatlar üçin mübärek ýüzüňizi çytyp oturmaly dälsiňiz. Seniň Çingiz han tohumyndan bolan Hulagu gylykly ýurtbasardygyňy hemmeler bilýär ahyryn. Janyň çykybildigi, derrew dowzaha düşersiň. Enşalla, ynha özüňe meňzeş Nemrut, Şetdat, Pyrgawun, Isgender, Çingiz han ýaly patyşalar bilen birlikde labyrdap duran otdan tagtyň üstünde oturyp, ýene-de şalyk sürersiňiz – diýipdir.

## Ependiniň ogry goňşusyndan ar alşy

Ependiniň bir oýunçy guzusy bar eken. Ependi ony gaty gowy görüp, her dürli iýmler bilen naharlaýar eken. Guzy tokly çykyp, gaty semräpdir. Guýrugy elek ýaly bolupdyr. Ependiniň açgöz goňşulary muňa göz gyzdyryp, haçan duşsalar:

– Ependi, geliň, şu toklyny soýup iýeliň – diýip, azar berýän ekenler. Ependi:

– Köşeklerim, azar bermäň, ol meniň bar guwanjymdyr. Siziň azaryňyz maňa artykmaç degýär, ynanaýyň! – diýip, pugta aýdypdyr. Ependiniň özüne galsa, bu toklyny pyçaga dözmejekdigine olaryň gözleri ýetipdir. Bir gün onuň dul-degşir goňşusy toklyny gürüm-jürüm edipdir. Ependiden bidin guzyny iýipdirler. Ependi guzyny kimiň alandygyny, kimleriň iýendigini daş gulakdan eşidipdir. Emma sesini çykarmandyr. Ep-esli wagt geçensoň, oňa guzusyny ogurlanyň geçisini ele salmak miýesser bolupdyr. Ependi hem ony soýup ýygnapdyr-da, hiç zat bilmediksirän bolup geziberipdir. Goňşusy hem çem gelen ýerinde:

– Wah, meniň geçijigim, topaz ýaljakdy, gaty ullakandy, boýy meniň boýumça bardy, çöpüri pamyk ýalydy – diýip, saýrap ýörenmiş. Ozal görmedik adamlar ol aýratyn bir tohum maldyr öýdüpdirler. Mahlasy, onuň gepine güp ynanyp barýarmyşlar. Ependi bu sözleri eşidip durmaga halys çydamandyr.

Bir gün Ependiniň öýüne adam bary ýygnanypdyr. Goňşusy ýene-de pursat tapyp, öňki heňine başlapdyr:

– Geçi dagam däldi. Edil düýe ýalydy, çöpüri dagy alty gadak çykardy – diýipdir.

Az-kem oturyp, ol ýene özüniň şar gara geçisini öwüp başlapdyr:

– Arman, ýitäýdi-dä, gunduz ýaly akja geçidi, çöpüri ýüpekdenem ýumşakdy... – diýenden, Ependi durup bilmändir-de, ogluna ýüzlenip:

– Meniň-ä halys ýüregime düşdi, bar ýerzeminden onuň geçisiniň derisini getir! Bizi düýe ogurlana dönderdi. Belki, derini görüp uýalar. Bizem bolgusyz gürrüňlerden dynarys – diýipdir.

## Halanyň üçin aldym

Bir gün Ependi eşekli barýarkalar, birden eşegi kürtdürip durupdyr-da, ýolda ýatan tezegi ysgamaga başlapdyr. Ependi hasyr-husur eşekden düşüpdir-de, tezegi

torba salypdyr. Agşam ony iým torba salyp, eşegiň kellesine geýdiripdir. Eşek kesirlik bilen kellesini silkäp, torbany taşlajak bolupdyr. Ependi muny görüp eşegine:

– Indikiň näme diýsene. Ony men saňa halanyň üçin aldym ahyryn – diýipdir.

## Ependi ölüm halynda

Ependi ölüm halynda ýatyrka aýalyna:

– Hany, gelin baý, iň gowy geýimleriňi geýin. Saçyňy zadyňy daraşdyr-da, ýylman. Başardygyňça bezenip, gurjak ýaly bolup, ýanyma gel – diýip, hykgyldap başlapdyr.

Aýaly:

– Bolup ýatyşyňdan habaryň barmy? Meniň bezenmek ýadyma düşenok. Häzir ýanyňdan bir ädimem aýrylyp bilmen. Bu günki gün bezenip meni näme, şeýle haýasyzdyr öýdýäňmi? – diýipdir.

Onda Ependi:

– Bolaweri, mähribanym, seniň ýadyňa oýun düşýär. Men janda-pyçak bolup ýatyryn. Meniň maksadym başga zatda. Ölüm taýak atyma geldi, keýwany. Ezraýyl töweregimde pelesaň kakýar. Eger onuň gözi tawus ýaly ýalpyldap duran gözele düşäýse, meni unudyp, şonuň ýanyna gider. Özüm Ezraýyl bolsam-a, edäýjegim şu. Düşnüklimi indi? – diýipdir.

## Sen toýdan geleniňde-de şu bolşuň...

Bir gün Ependi gaty ýadap, öýüne gelipdir. Onuň kellesi agyryp, şatlap dur eken. Hezzet-hormat etmekden geçen, gaýtam aýaly ýene-de öňküsi ýaly gaşyny çytyp gamaşyp otyrmyş.

Ependi:

– Ýeri-how, keýwany, ýüzüň edil turşan hamyra dönüpdir-le! Il-ä seniň üçin gijesini gündiz edip, iki egninden gum sowurýar, sen bolsaň söwdasy oňmadyk täjir ýaly, dommarlyp otyrsyň – diýipdir.

Onda aýaly:

– Waý-ýeý, bolşuň nähili? Meniň joramyň çagasy üýtgäpdir. «Men şoňa görüneýin» diýip gitdim, ynha-da, gelip oturşym. Bilesiň gelse, dommarlyp oturşymyň sebäbi şu – diýipdir.

Ependi bolsa:

– Aý, toýdan geleniňde-de ýüzüň şu bolşundan üýtgän wagty ýok-la – diýipdir.

## Kimiň içiniň ýanjakdygy belli

Ependi dostunyň öýüne myhman bolupdyr. Dosty onuň öňünde bal bilen gaýmak goýupdyr. Ol çörek bilen gaýmagy derrew iýip gutarypdyr-da, şapyladyp bal ýalamaga başlapdyr.

Dosty:

– Baly çöreksiz iýseň, içiňi ýakar – diýipdir.

Ependi bolsa:
– Kimiň içiniň ýanjakdygyny özüm gowy bilýän – diýip, haýdap bal ýalamagyny dowam etdiripdir.

## Ependi çagalaryň dawasyny açýar

Bir gün çagalar derýanyň kenarynda aýaklaryny suwa sokup otyr ekenler. Olaryň biri:
– Waý, hany meniň aýaklarym? «Bu duran-a seniňki. Olam onuňky. Aýagymyzy suwa sokmalyň» diýip, men size näçe sapar aýtdym. Ana, indi garym-gatym boldy – diýip gygyrypdyr. Olaryň galmagaly barha güýjäpdir. Şol wagt olaryň duşundan Ependi geçip barýan eken.
Ol çagalaryň gowurdysyny eşidip:
– Duraweriň, çagalar! Häzir men siziň her haýsyňyzyň aýagyňyzy özüňize gaýtaryp bereýin. Kim bu başagaýlygy başlan bolsa, şoňa-da jeza bererin – diýipdir. Ependi şeýle diýipdir-de, elindäki çybygy bilen ekabyrragynyň biriniň injigine çalypdyr welin, çagalaryň hemmesi sar uçan ýaly güsürdäp ýokary galypdyr.

## Ukymy aldym

Bir gezek Ependi bir obanyň ymamynyňka myhman bolupdyr. Öý eýesi Ependiden:
– Ýatasyň gelýärmi, içesiň? – diýip sorapdyr. Ependi ymamyň iýmek hakynda agzamany üçin:
– Men şu ýere gelmänkäm, çeşmäniň boýunda kemsiz ukymy aldym – diýipdir.

## Oňa-da zat düşenok

Ependi bir gün köçe bilen barýarka, atyň nalyny tapypdyr. Onsoň ol öýüne gelip, bolsady ekip başlapdyr. Ilki bilen athana edinmek gerek, yzyndan at almaly, soňra bolsa atbakar tutunmak gerek. Şu pikirler bilen ol howlusyny ýüp bilen ölçeşdirip, eýlesine-beýlesine gazyk kakyp başlapdyr. Uzyn gije bolsa, „ «Jaý salmaly, jul almaly, atbakar tutmaly, saman gerek, iým almaly» diýip, çirim etmän, gezmeläp çykypdyr.
Aýaly:
– Näme üçin ýatmaýarsyň? – diýende:
– Atyň nalyny tapdym. Indi at almak pikirini edýän – diýipdir.
Onda aýaly:
– Haý, işigaýdanyň biri. Nal tapanyň bilen işiň oňaýýarmy? Galan zatlaryny näme, meni satyp aljakmy? – diýipdir.
Ependi oňa:
– Onuň hem pikirini etdim. Oňa-da zat düşenok eken, keýwany – diýip jogap beripdir.

## Ikiňizden biriňize hökman don bolar

Ependiniň iki gyzy bir günde atasy öýüne gezelenje gelipdir. Olaryň biri:

– Ärim gowaça ekdi. Eger ýagyn bolup, ekin gowy bitse, maňa «don alyp berjek» diýip, wada berdi – diýipdir.

Ependiniň beýleki gyzy hem:

– Ärim bugdaý ekdi, orup gallasyny ýygnaýança, ýagyş ýagmasa, maňa bir don alyp bermäge söz berdi – diýipdir.

Ependi bir salym pikir edensoň:

– Ikiňizden biriňize hökman don bolar – diýipdir.

## Kim biwagt hammama gitse………..

Ependi agşam namazynyň öň ýanynda täret kyljak bolup, öýüne gelipdir. Ol metjide wagtynda ýetişjek bolup dyrjaşypdyr. Emma aýaly bir eýýämden bäri ýuwunmadyk Ependini hammama ugradypdyr. Aýaly ony ýola salyp:

– Habardar bol, gijä galaýmagyn! Özüň bilýäň, aýal doganym şu gün durmuşa çykýar. Sen hem ol toýda onuň atasynyň ornunda beýemçilik etmelisiň. Eger gijä galsaň, gelen myhmanlary mähetdel edersiň, bu bolsa biziň adymyza, abraýymyza gelişjek zat däl – diýip, pugta tabşyrypdyr.

Ependi hammamda çalasynlyk bilen ýuwnup, öýe gaýtmaga alňasapdyr. Emma oňa daşarda ýagyş ýagýandygyny aýdypdyrlar. Ependi penjireden seredip görse, daş-töwerekde hiç zat görünmeýän eken. Eger ýagşyň içinde gitse, ile çykýan abraýly eşikleriniň bary öl-myžžyk boljak. Ýagyş diňýänçä garaşsa-da, aýalynyň demine düşjek. Şonuň üçin Ependi eşiklerini derrew düwünçege düwüpdir-de, goltugyna gysyp, ýalaňaçlygyna öýe bakan düwdenekläberipdir. Ýagyş Ependini süllümbaý ezipdir. Ol şapadaňlap barşyna öýüne ýetenini hem duýmandyr. Öýüň gapysynda bolsa çagyrylan adamlar ýygnanyşyp, Ependä garaşyp duran ekenler. Ependiniň bolup gelşini geň gören adamlar:

– A-how, Ependi, bu näme boldugy? Aždarha gördüňmi, şir gördüňmi, nämeden gaçyp, basga düşüp gelýäň? – diýip gygyryşypdyrlar.

Ependi bolsa:

– Kimde-kim aýalynyň gepine gidip biwagt hammama gitse, ot ýaly gyzgyn suwdan soň buz ýaly suwa girmeli bolar eken – diýip jogap berenmiş.

## Öýüň porsusy ýatyşan bolsa

Günlerde bir gün Ependiniň aýaly:

– Mydama öýde porsap ýatyrsyň. Senem il ýaly iç-daş çykarlar. Dagy bahana tapmasaň, oba-şähere aýlanyp gelerler – diýip igenipdir. Ependi geýimlerini geýip, çykyp gidipdir. Şol gidişine bäş günläp gara bermändir. Ahyry bir tanşyna duşup:

– Jan inim, gaýrat et-de, biziň öýmüzden habar tut. Gelnejeňe „«Öýüň porsusy ýatyşan bolsa, Ependiniň öýe dolanaýmak hyýaly bar» diýip aýdyp ber – diýenmiş.

## Çäkmeniň içinde özümem bardym

Bir gün Ependi öýünden çykanda, oňa goňşusy gabat gelipdir. Ol:

– Wah, Ependi siz maňa ünji bolduňyz-ow, ertir ir bilen siziň öýüňiz tarapda bir hili galmagal-gopgun turdy-la. Ol nämäniň galmagalydy? – diýip sorapdyr.

Ependi ýüzüni sallap:

– Ol galmagal-a keýwany ikimiziňkidi. Aýalym bilen sene-mene edişdik welin, onuň gahary geldi. Ol gaharyna bäs gelebilmän, meniň çäkmenime bir suňşurdy welin, çäkmenim uly galmagal turzup, basgançakdan aşak gaýtdy, wessalam! – diýipdir.

Goňşusy geň galmak bilen:

– Ependi, seniň diýýäniň näme? Heý, çäkmenden hem bir şeýle ses çykarmy? – diýip sorapdyr.

Onda Ependi:

– Be, goňşy, asyl ýakamy goýbermediň-ow! Çäkmeniň içinde meniň özümem bardym ahyryn – diýipdir.

## Ependi hem derwüş eşikli Teýmirleň

Teýmirleň kiçi Aziýany basyp alanda, Akşäherde[1] mongollar ýaşaýan eken. Olaryň zalymlyklaryndan şäher boşapdyr. Şäher halky gorkudan ýaňa obalara siňipdir. Ependi hem aýalyny we ogluny eşege mündürip, aýak ýetmejek oba gidipdir.

Bir gün gaçakçylar suw atylyp duran çeşmäniň başyna ýygnanypdyrlar. Olar mongollaryň wagşylyklary hakynda gürrüň açypdyrlar. Gürrüňe Ependi hem goşulypdyr. Ol mongollara o dünýäde erbet jeza beriljekdigi hakda, patyşalaryň gazabyndan-da beter bela duçar boljakdyklary barada adamlara gürrüň beripdir.

Şol wagt uzyn boýly, bugdaý reňkli bir eýmenç derwüş munuň aýdan sözlerini dykgat bilen diňläp duran eken. Onuň gözleri içiňden geçip barýarmyş. Burny tüňňi, ýüzi süýnmek, sakgaly bolsa köseleç eken. Ol birden top atylan ýaly:

– Ependi, seniň mysal getiren Gurhan aýatlaryň we hadyslaryň dogry. Emma „«Hudaýyň gazap gamasy», „„«Hudaýyň adyllygynyň mysaly» diýen sözleriň magşar[2] güni sorag-jogaba durjak adamlar hakda däldir. Belki, seniň ýaly damarlaryna hapa gan goşulan, merdi-merdanalygy ýiten, mahlasy, ejiz hem nalajedeýin, bolgusyz gep bilen il-güni bimazalyga salyp ýören adamjyklar hakynda aýdylandyr – diýipdir.

Derwüşiň gorkunç sesi kesgir gama sanjylan ýaly degipdir. Dym-dyrslyk aralaşypdyr. Käbirleri garantga ýaly bolup duran derwüşe gorkuly seredipdir. Ependi derwüşiň depesinden dabanyna çenli dykgat bilen synlap, aňk-taňk bolupdyr. Birden özüni dürsäp:

---

[1] Akşäher – Kiçi Aziýanyň Kirman welaýatyna degişli şäher. Ependiniň mazarynyň şu şäherde ýerleşýänligi barada maglumatlar bar.

[2] Magşar – kyýamat güni, ahyret.

– Derwüş baba, haýsy taýpadan bolarsyňyz? – diýip sorapdyr.

Derwüş bolsa, şol gorkunç sesi bilen:

– Men Mawerennahryň[1] hökümdary. Maňa Teýmirleň diýerler – diýipdir.

Bu sözi eşiden Ependi halys aljyrapdyr.

Soňra:

– Ýeri, oglum, seniň hanlygyň nirä gitdi? – diýip sorapdyr. Derwüşden: «„Heniz hem şol hanlygymda» diýen sözi eşidip, Ependi hasyr-husur oturanlara seredip:

– Doganlar, basymrak boluň, jynaza ýygnanyň! – diýipdir.

## Men neneň götereýin?

Ependi açlyk ýyly bir gurply oba düşüpdir. Şol obanyň ýele ýanynda bir beýik dag barmyşyn. Ol dag ilerden-gaýradan öwüsýän salkyn şemalyň öňüni tutýan eken. Şol sebäpli tomus aýlarynda bu obanyň howasy gaty petiş bolýan eken. Ependi ilata ýüzlenip:

– Eger isleseňiz, men bu dagy ýerinden gozgaýyn – diýipdir. Oba adamlary begenip:

– Hä, şeýdäýseňiz-ä, biz siziň sylagyňyzy ýetirerdik – diýip, ýerli-ýerden gygyryşypdyrlar. Ependi:

– Gepleşdik onda. Edil ýene bir ýyldan şu dagy ýok diýip hasap edäýiň. Ýöne şoňa çenli meni örän süýji naharlar bilen bakmaly bolarsyňyz. Munuň ýaly işe güýç-kuwwat gerekdir – diýipdir.

Oba ilaty razy bolupdyr.

Ependini ýylboýy göle bakan ýaly bakyp, top ýaly edipdirler. Wadaly gün gelende Ependi:

– Obanyň işe ýarar ýalysy şol daga ýygnansyn. Her kim öz ýany bilen urgan alyp barsyn – diýipdir.

Ilat ýygnanansoň, Ependi hem gelipdir. Ol urganlary sepläp, dagyň daşyna aýlamagy buýrupdyr. Soňra bolsa az-kem egilip:

– Hany, dagy göteriň-de, meniň arkama goýuň! – diýipdir.

Adamlar:

– A-how, sen bir öz akylyňdamy? Heý, dagy hem göterip, arka goýup bolarmy? – diýipdirler.

Ependi bolsa:

– Eýsem, müň adam bolup göterip bilmedik zadyňyzy meniň göterip-götermejegime siziň akylyňyz çatanokmy? – diýip jogap beripdir.

## Tüýdügi pul beren çalar

Bir gün Ependi bazara gidende, goňşy-golamlaryň çagalary onuň töweregini gallap:

[1] Mawerennahr – Amyderýanyň sag kenaryndaky çäginde ýerleşýän ilatly nokatlary özüne birikdirýän ýurduň orta asyrlardaky ady.

– Maňa tüýdük getirip ber-de, maňa tüýdük getirip ber – diýşip, ala wagyrdy bolşupdyrlar.
Ependi bolsa hemmesine:
– Ýagşy, oglum ýagşy – diýip, hoş söz berýärmiş. Oglanlaryň arasynda diňe birisi:
– Ependi aga, şujagaz puly al-da, maňa tüýdük getirip ber – diýipdir.
Ependi oňa:
– «Oglum, seniň tüýdük çalaýmagyň ahmal» diýipdir. Çagalar agşamara Ependiniň ýoluny saklap, oňa garaşyp durupdyrlar. Onuň bazardan gelýänini görüp, daşyna üýşüpdirler.
– Ependi aga, hany bize getiren tüýdügiňiz? – diýşip, çagalar onuň daşynda pyrlanýarmyşlar. Ependi bolsa pul beren oglanjyga bir tüýdügi uzadypdyr-da:
– Tüýdügi pul beren çalar, köşekler! – diýipdir.

## Ependi bazarda

Bir gün Ependi bir iş üçin şäher bazaryna barypdyr. Bir ýüň balagy on bäş teňňä söwdalaşypdyr. Ol balagy dolaşdyryp, puluny bermekçi bolanda, aýagyndaky balagynyň onçakly sarsyz däldigine gözi düşüpdir. Onuň pikiri bada-bat üýtgäpdir. Balagynyň ýerine bir ýeňiljek jüpbe[1] almaga göwnüni bölüpdir.
Ependi dükança:
– Men balak almakçydym welin, hyýalymy üýtgetdim. Munuň ýerine maňa bäş teňňelik jüpbe ber – diýipdir.
Dükançy oňa laýyk jüpbe beripdir. Ependi jüpbäni goltugyna gysyp gidiberipdir. Dükançy onuň yzyndan:
– A-how, sen pul bermän gitdiň-le! – diýip gygyrypdyr.
Ependi:
– Men balagymy almadym-a – diýipdir.
Dükançy:
– A-how, sen balak üçinem pul bereňok ahyryn – diýip janygypdyr. Onda Ependi geň galan bolup:
– Bu akmaga serediň-ä! Balagy almasam, men oňa näme üçin pul bereýin? – diýip gidiberipdir.

## Üzümi az iýseňizem, köp iýseňizem tagamy bir

Ependi eşegine iki sebet üzüm ýükläp, şähere ugrapdyr. Şäherde onuň daşyna çagajyklar üýşüp:
– Ependi aga, üzüm beräý-dä! – diýşip, onuň yzyndan galmandyrlar. Ependi üýşüp duran çagalara gözüni aýlap: „„«Eger bularyň hemmesini doýurjak bolsam-a, onda üzümimden zat galmaz» – diýip pikir edipdir. Şondan soň ol çagalaryň her haýsyna hoşanyň jüp üzümli tiljagazlaryny berip çykypdyr
Çagalar:

[1] Jüpbe – don, uzyndan giň tikilen halat.

– Ependi aga, bar berjegiň şujagazmy? – diýşip, uly gopgun turzupdyrlar.

Ependi bolsa:

– Çagalar, gulak salyň, şu sebetlerdäki üzümleriň hemmesiniň tagamy bir. Şonuň üçin az iýeniňiz, köp iýeniňiz bilen agzyňyzyň tagamyny üýtgetjek gümanyňyz ýok – diýip jogap beripdir.

## Ependiniň dostunyň öýkeleýşi

Üç dost ýygnanyp, ýeke çemçede gezekleşip, süýt içmäge başlapdyrlar. Olaryň biri öz gezeginde artyk içýärmiş. Onsoň Ependi bilen ýene bir dosty göz gypyşyp, süýde çörek dogramaga başlapdyrlar. Üçünjisi bolsa, bulara üns bermän, dogralan çöreklerden symyşlaberipdir. Ahyrda Ependiniň gahary gelip: «„Ýa, Jepbar!» diýägeden, onuň çemçesini elinden alyp, maňlaýyna ýelmäpdir. Ýoldaşy gökdaş bolup ýatyberipdir. Ependi:

– Al, saňa gerek bolsa, çörek dogranok, çemçäni sypdyranok, indem çemçe bilen sähel urlanyna öýkelän bolýar – diýipdir.

## Ependiniň «sahylygy»

Dostlarynyň biri Ependiden:

– Biraz möhlet bilen pul beräýseň? – diýip karz sorapdyr.

Ependi:

– Möhleti näçe diýseň bereýin welin, pul dileme! – diýipdir.

## Ýogsam täze köwşüm zaýa bolardy

Günlerde bir gün Ependi aýakýalaňaç ýer sürüpdir. Onuň aýaklaryna tiken çümüp, kesek gyýyp, sypjyryk-sypjyryk bolupdyr. Ol aýaklaryny ýuwupdyr. Aýaklaryny arassalap, esgi bilen daňypdyr. Soňra bolsa:

– Täze alan köwşümiň aýagymda bolmanyna şükür. Ýogsam olam aýagym ýaly zaýa bolardy – diýipdir.

## Ukym gaçdy, şony gözleýän

Günlerde bir gün Ependi ýarygijeler il ýatyp, it uklansoň, köçä çykyp, gezip ýören eken. Oňa şähere aýlanyp ýören häkim gabat gelip:

– Ýeri-how, ýarygijeler köçeden näme gözleýärsiň? – diýipdir. Ependi:

– Ukym gaçdy, şony gözleýän – diýip jogap beripdir.

## Hudaýyň rehmetini basgylamajak bolýan

Ependi bir ýagyşly gün öýünde köçä seredip oturan eken. Ol goňşusynyň ýagşa ezilmejek bolup, gaty-gaty ýöräp barýanyny görüpdir. Ependi onuň beýle

howlukmaçlygynyň sebäbini sorapdyr. Goňşusy Hudaýyň rehmetine ezilmejek bolup ylgaýandygyny aýdanda Ependi:

– Haý, haý, haý! Hudaýyň rehmetinden gaçmak, eýsem kada-kowahada sygýan zatmydyr? – diýipdir. Ependiniň sözi birneme täsir eden bu biçäre haýaljakdan ädimläp öýüne gidipdir. Ependi gözlerini güldürip, onuň yzyndan tä öýlerine barýança seredip durupdyr. Goňşusy pahyr Ependiniň sözlerinden çekinip, ýagşa süllümbaý ezilip, öýüne barypdyr.

Soň bir tozanly gün goňşusy aýnadan seredip otyrka, Ependiniň geçip barýanyna gözi düşüpdir. Ýagyş ýaňy iki-ýeke şitdi-pitdi edip ugrapmy-ugramanmy, Ependi jüpbesiniň syýyny başyna bürenip, öýüne bakan ýazzyny beräýipdir. Ol duşuna geli-berende goňşusy:

– A-how, Ependi, eýsem-de bolsa, Hudaýyň rehmetinden gaçmak kada-kowahada sygýan zatmydyr? – diýip gygyrypdyr.

Ependi säginmän:

– Goňşy, men Hudaýyň ýere düşýän rehmetlerini basgylamajak bolup haýdaýaryn – diýip jogap beripdir.

## Birahat iýlen nahar

Bir gün Ependi ertir irden öýden çykyp barýarka, aýalyna:

– Gelin baý, agşam nahara bir palaw bişirip goý, bir garnymyzy ýazaly – diýipdir.

Ependi ikindinara ýadap, öýüne gaýdyp gelipdir. Aýakgabyny zadyny çykaryp, elini-ýüzüni ýuwupdyr. Açlygyndan ýaňa içi, «eljuk» diýýärmiş. Ol derrew saçagyň başyna geçipdir. Aýalynyň bir tabak palaw, bir käse süzme, gök sogan getirip goýanyny görüp:

– Haý, berekella! – diýipdir.

Ol penjesini yzly-yzyna palawa urup, açgözlülik bilen iýmäge başlapdyr. Onuň keýpi kökelipdir. Nahar arasynda aýalyna degip, gülküsi al-asmana çykypdyr. Edil şol wagt ýaňy-ýakynlarda kakasy ölüp ýetim galan oglan gelipdir. Ol boýunjygyny sallap:

– Ata, bize basymrajyk baryp gaýdyň. Seni ejem çagyrýar. Biziň senden başga ýüz tutara kimimiz bar? – diýipdir.

Iliň agyrysyna gyýylyp, horlugyna dözmän ýören Ependi howul-hara geýnip, goňşy aýalyňka ugrapdyr. Esli salymdan ýüzüni çytyp, gaşyny burup gaýdyp gelipdir. Aýaly ýene-de saçagy täzeläpdir. Emma Ependi ýüzüni hem galdyrmandyr. Aýaly çydaman, näme bolanyny sorapdyr.

Ependi:

– Aýdyp oturmak nämä gerek? Kyrk ýaşan är-heleý bolup, ömrümizde bir gezek hezil edip palaw iýjek bolduk. Onda-da goňşymyzyň eşegi guýrugy jonnuk kürre guzlap, bir ýanymyzdan çykdy-laý – diýipdir.

## Näme üçin tersine seredýärsiň?

Günlerde bir gün Ependi ýoldaşy bilen kölüň duşundan geçip barýan eken. Ýoldaşy balyklaryň suwdan ýokary çykýandyklaryny görüp:

– Ol balyklara seret! – diýip, Ependä ýüzlenipdir. Emma Ependi beýlesine seredipdir.

Ýoldaşy:

– Men saňa balyklara seret diýýän ahyryn, näme üçin tersiňe seredýärsiň? – diýipdir. Ependi bolsa:

– Näme igenýärsiň-aýt! Balyk köl tarapda diýip aýdaýarlar ahyryn! – diýipdir.

## Ependi ugursyz dawany çözýär

Bir täjir ýat ýeriň kerwensaraýynda düşläpdir. Saraýman oňa bir towuk, iki ýumurtga hem çörek beripdir. Onuň ýabysynyň öňüne bolsa bir gujak ot döküpdir. Täjir ertesi ýol şaýyny tutup durka saraýmana:

– Gaýdyp gelişinim hasaplaşarys – diýipdir. Şol söz bilenem ol ugrapdyr.

Üç aý geçensoň, täjir ýene-de şol kerwensaraýa gelip düşüpdir. Saraýman oňa ýene-de bir towuk, iki ýumurtga, ýabysyna bolsa bede beripdir. Şol günüň ertesi täjir saraýmana:

– Hojaýyn, men saňa näçe bermeli? – diýipdir.

Saraýman:

– Ynsap bilen aýdamda, biziň hasabymyz birneme çylşyrymlyrak. Emma sen söwdalaşyp durmasaň, onda biz aňsatlyk bilen ylalaşarys. Sen maňa on tümen ber, wessalam, iş tamam. Alla ýaryň bolsun, senden başga aljak zadym ýok. Emma bilip bolmaz, ýene ýoluň düşüp, şu jelagaýlardan geçseň, bilip goý, şu kerwensaraýyň gapysy seniň üçin açykdyr – diýipdir.

Puluň gadyryny hem ony gazanmagyň güzapdygyny bilýän täjir bu söze geň galyp:

– A-how, hojaýyn, akylyňdan azaşan bolaýma! Sen-how, edil ýaman algyly ýalyla. Ýa başga niýetiň bar bolsa onyňy aýt. Iki towuk, dört ýumurtga üçin on tümen, bu näme boldugy? – diýip gygyrypdyr. Saraýman oňa:

– «Biziň hasabymyz birneme uzyn bolar» diýip, men saňa ozal aýtdym-a. Ynha, men saňa düşündireýin, hemmesi edil eliň aýasyndaky ýaly, aýdyň bolar. Maňa gahar etmegiň ýerliksizdigine özüňem ap-aňsat düşünersiň. Eger siziň şol üç aý mundan ozal iýen towugyňyz günde bir ýumurtgadan guzlan bolsady, munuň özi, şunça bolardy. Eger şol ýumurtgalary basyran bolsam, şunça-şunça jüýje dünýä inerdi. Olar ýetişip towuk bolardylar hem-de guzlamaga başlardylar. Indi gaýdyşyn geleniňdäki iýeniňi-de munuň üstüne goşaly. Eger şondan bäri üç ýyl geçenmiş diýsek, onda ummasyz towuk-jüýje sürüsi emele gelýär gerek? Ondan ýüz müň gyran gazanmagyň mümkin boljakdygyny sen özüň hem ýagşy bilýärsiň. Emma men uzak hasap edip oturmadym, on tümene razy bolaýdym. Şeýlelikde men özümiň maýamy-da dikläp bilmeýärin. Sen şol towuklary, ýumurtgalary iýmek bilen towuklaryň köpelmegine böwet bolduň. Ynha, munuň özi şunça pul bolýar – diýip jogap beripdir.

Olaryň jedeli uzaga çekipdir. Iş kaza baryp ýetipdir. Saraýman özüniňkä ýat, diwana hem akmak bir adamyň gelendigini, eger dil düwüşse, ondan lomaý pul ýonup boljakdygyny kaza syzdyrypdyr. Dawagärleriň ikisi hem ýagdaýy düşündirenden soň kazy täjirden:

– Sen towuklaryň hem ýumurtgalaryň bahasy hakynda hojaýyn bilen gepleşipmidiň? – diýip sorapdyr. Täjir:

– Iýlen zatlar uly bahaly zat däldi. Şonuň üçin «Towukdyr ýumurtgalaryň bahalaryny gepleşip durmak gerekdir» diýip, kelläme-de gelmändir – diýip jogap beripdir.

Kazy:

– Sen gaýdyşyn iýeniňde-de bahasyny gepleşmediňmi? – diýipdir.

Täjir:

– Ýok – diýip jogap beripdir.

Kazy:

– Gaýdyp geljek möhletini aýdyp gidipmidiň? – diýip sorapdyr. Täjir ýene-de «„Ýok» diýipdir. Şol wagt kazy:

– Eger möhlet bellenmedik bolsa, seniň pikiriňçe, iki towukdan we dört ýumurtgadan müň towuk bilen müň ýumurtga çykyp bilermi? – diýip gygyrypdyr. Täjir:

– Elbetde çykyp biler – diýip ykrar edipdir.

Täjir hernäçe närazylyk bildirse-de, onuň sözi ýol almandyr. On tümen tölemeli edilip höküm edilende, halys aljyrap, almalydyr öýdüp, synyny tutupdyr. Kazyhanada oturan adamlardan biriniň oňa rehimi inip, onuň Ependiniň ýanyna barmagyny maslahat beripdir.

Täjir Ependiniň ýanyna baryp, işiň bolşuny bolşy ýaly gürrüň beripdir. Kazylyk düzgünini gowy bilýän Ependä üç günden soň işe täzeden garalmagyny gazanmak başardypdyr. Emma işe garaljak gün Ependi kazyhana geler ýerde gelmändir. Ahyrda onuň yzyndan adam iberip, kazyhana çagyrypdyrlar. Ependi kazyhana gelipdir. Ependä gahary gelen kazy:

– Sen näme üçin wagtynda gelmediň, hormatly adamlary özüňe garaşyp oturmagy mejbur etdiň? – diýip gygyrypdyr. Ependi hiç darykman:

– Galmagal nämä gerek, kazym? Edil gaýtjak bolup durkam, ýoldaşym geldi. Men ony kabul etdim. Ol ýönekeý bugdaý ekjek bolýandygyny aýtdy. Men ammaryma gitdim-de, her haýsy düýäň dişi ýaly bugdaýdan iki halta doldurdym. Soňra ýarma edip üwedim-de, yzyndan hem bişirdim. Etjek alajym ýok. Şeýtmesem, ýoldaşym iň ýönekeý, hyrawadan ýygnanan gara- başly bugdaýy ekjek eken. Elbetde, ýaramaz bugdaýyň hasylam erbet bolardy, onuň hem ýarpysyny ýoldaşym alsa, ep-esli bölegi gowy tohum satyn almaga giderdi, galanjasy-da hüşüre ýetäýse boldugy, şeýlelik bilen, biziň hemme işimiziň ýele sowruldygy bolardy. Zeleli ýok, gyşyna ýarmapalawy seýregräk iýäýerin, onuň ýerine gelen ýyl ýagşy hasyl alaryn. Men häzir takmynan ullakan iki halta, her haýsy nohut ýaly ýarma tohumy saýlap, gowrup goýdum. Men ine, şonuň üçin gijä galdym – diýipdir.

Garşydaşynyň asgyn tarapyny «tapan» kazy märekä ýüzlenip:

– Sizem eşitdiňizmi: Bu adam bişen bugdaý ekmekçi bolýar. Heý, bişen bugdaý hem gögerermi? Munuň ýaly zady gören-eşiden adam barmy? – diýipdir.

Ependi:

– Eýsem, gowrulan towuk bilen bişen ýumurtgadan abyrsyz towuk-jüýje sürüsi emele gelende, näme üçin gowrulan bugdaý gögermezmiş?! – diýipdir.

Şeýlelik bilen, Ependi kazyny utandyrypdyr. Kazynyň çykaran karary ýatyrylypdyr. Kazyhanadaky adamlaryň hemmesi Ependiniň hünärine haýran galypdyrlar.

## Ot hem aýalymdan gorkýan eken

Bir gün Ependi ojakda ot ýakjak bolup, hernäçe üflese-de, ot tutaşmandyr. Onsoň Ependi ýerinden turup, aýalynyň börügini alyp, öz başyna geýipdir-de, ojakdaky ody üflemäge başlapdyr. Ot derrew tutaşypdyr. Ependi muňa geň galyp:

– Be-ýeý! Ot hem aýalymdan gorkýan eken-ow! – diýipdir.

## Bally golça

Belli parahor bir adam şähere kazy bolupdyr. Ependi öz hat-peteklerini tassyklatmak üçin şol kaza iberipdir. Bir aý geçipdir, emma hernäçe käýinse-de, jibrinse-de, hatlardan derek bolmandyr. Ahyrda şähere onuň özi gitmeli bolupdyr. Ol kaza bir ullakan golça sowgat edipdir. Kazy golçanyň agzyny açanda, onuň päkize bal bilen gyrma-gyrat doludygyny görüpdir. Onuň bada-bat ýüzi açylypdyr. Ependi bilen gadyrlysyrap başlapdyr. Salymyny bermän, ähli haty möhürläp, Ependä gowşurypdyr. Ependi hatlaryny goltugyna gysyp, ep-esli wagt kazynyň ýüzüne seredip durupdyr-da, soňra hoşlaşyp gidipdir. Birnäçe wagtdan soň kaza gaýmak getiripdirler. Kazynyň birden bally golça ýadyna düşüpdir. Ol getirilen golça çemçesini sokupdyr welin, onuň iki barmak galyňlykdan aşagy bal däl-de, garamtyl sary palçyga çümüpdir. Kazynyň muňa gaty gahary gelipdir. Ol derrew özüniň ýasawulyny çagyryp:

– Ependi diýen masgarabazy ýeriň teýine giren bolsa-da, tapyp getiriň! – diýip buýruk beripdir. Ýasawul Ependini bazardan gerek-ýarak zatlaryny alyp durka tapypdyr. Ol Ependiniň syýyndan çekip, oňa hormat bilen salam beripdir-de:

– Ependi, siziň hatlaryňyz tassyklananda bir ýalňyşlyk gidipdir. Kazyhana baryp, şolary düzetdirip gaýdaýsaň. Kazynyň özi hem mähetdel, garaşyp otyr – diýipdir.

Ependi ýympyk ýylgyryp:

– Azara galyp oturma! Meniň hatlarym tüýs şerigatyň kada-kanunlary esasynda düzülendir. Gudraty güýçli Alla öz bende gullaryny penasynda saklasyn! Biziň hatlarymyzy seniň kazyň däl-de, hut, şol gudraty güýçliniň ýanynda oturan ak ýürekli mürzeleri düzetdiler. Seniň kazyňy bolsa, diňe bir Allanyň özi ýa-da, belki, bally golça düzeder – diýipdir-de, ýol şaýyny tutup, tizräk şäherden çykmak bilen bolupdyr.

## Ependiniň gyzyny suwa ugradyşy

Bir gün Ependi gyzyny suwa ugratmak üçin eline jürdek beripdir-de, gulagynyň düýbüne bir-iki şarpyk çalypdyr. Yzyndan hem:

– Seresap bol, jürdegi döwäýmegin – diýipdir. Gyz görgüli ýarym-ýaş bolup, suwa ugrapdyr. Muny gören adamlar Ependä:

– Sen näme bigünä gyzy urýarsyň? – diýipdirler. Onda Ependi:

– Jürdegi döwenden soň, urmagyň näme hajaty bar? – diýipdir.

## Meni «jaýlaş»!

Ependi bir gün bir oba gitjek bolup hyýallanypdyr. Adamlar oýunlyga salyp, ony kepene dolap, tabyda mündüripdirler. Ol gorkusyndan ýaňa sandyrap:

– Eý, halaýyk, garaşyk ediň, munyňyzdan oýun bolmaz. Meni öz günüme goýuň! Oýnuňyzyň soňunyň çyna ýazaýmagy mümkin. Meniň ol obada bir möhüm işim bar. Öňem howlugyp durdym, goýberiň meni! – diýip, galmagal edipdir.

Emma adamlar oňa gulak  salmandyrlar. Ahyry bolmajagyny bilip, Ependi sus ýatypdyr. Edil şol wagt hem Ependiniň dostunyň hem birýana şaýlanýandygyny görüp, ony tabydy zady bilen bir jaýda gizläpdirler-de, Ependiniň dostuna ýüzlenip:

– A-how, biziň Ependimiz aradan çykdy. Ony jaýlamaga gatnaşmasaň, asyl bolmaz! – diýip, ýerli-ýerden gygyrypdyrlar. Bu adam „«Meniň gyssag işim bar» diýip, başyndan sowjak bolup, hernäçe sapalak atsa-da, gulak salmandyrlar. Gykylykdan halys surnugan Ependi  başyny ysgynsyzlyk bilen galdyryp:

– Sen biderek ýere özüňi gynaýarsyň. Sypjak bolup, arrygyňy gynap oturma-da, diýenlerini edäý! Meniň işim seniňkidenem gyssaglydy. Emma görüp dursuň, ölmeli boldum. Ähli hossarlarym hem ýygnandy. Senem beýdip durma-da, şulara goşuldajyk, meni „ «jaýlaş» – diýipdir.

## Kim naharyň buguny satsa, ol puluň sesini alar

Ölmez-ödi çörek gazanmak ugrunda alada edýän bir garyp saý-sebäp bilen aşhananyň duşundan geçip barýan eken. Görse, bir uly gazan lygyrdap, daş-töweregine jan alyjy hoşboý ysyny ýaýradyp gaýnaýar eken. Ol derrew gazanyň gapdalyna çöküpdir-de, çöregiň ujundan agza sygarlyk bölegini döwüp alyp, gazanyň buguna tutupdyr. Ol çyglanan çöregi lokuladyp, agzyna oklap başlapdyr. Aşhananyň eýesi ilki bilen oňa haýran galyp seredip durupdyr. Garyp iýip bolan badyna bolsa, onuň ýakasyndan ebşitläp tutup, «iýen „nahary» üçin hak talap edip başlapdyr. Garyp biçäre:

– Naharyň duzundan hem dadamok, hak tölemen – diýip, garşylyk görkezipdir.

Şol wagtlar şäheriň kazysy Ependi eken. Aşhanaçy garyby kazyhana eltipdir. Ependi aşhanaçyny bir kemsiz diňläpdir-de, öz jübüsinden iki şaýy pul çykarypdyr. Ol oňa:

– Gulagyňy mazaly aşagrak eg! – diýipdir. Soňra Ependi pullary jyňňyrdadyp başlaýar-da, aşhanaça:

– Al! – diýýärmiş. Aşhanaçy muny geň görüp:

– Bu näme etdigiň?– diýipdir. Ependi oňa:

– Höküm şeýle: «Kim naharyň buguny satsa, ol puluň sesini alar» – diýipdir.

## Ependiniň gotur geçä dem salyşy

Bir daýhanyň geçisi gotur açypdyr. Oňa geçisini gara sakyz[1] bilen bejermekligi maslahat beripdirler. Daýhan bolsa, muňa ynanman, geçisini Ependiniň ýanyna alyp gelip:

– Ependi, şu geçime bir dem salyp ber. Dem salynsa, gotur çalt gutular – diýip, özüne berlen maslahaty Ependä aýdyp beripdir:

Ependi oňa:

– Bolýar, men dem salaýyn, ýöne geçini goturlykdan açjak bolsaň, birneme gara sakyz çalsaň zeleli degmez – diýipdir.

## Sowuk hem üşeýärmikä?

Gyşyň sowuk bir gijesinde ýatyrka, Ependiniň ogly üşäpdir. Onsoň Ependini oýaryp:

– Kaka, sowuk hem üşeýärmikä? – diýipdir.

– Ýok, oglum, sowuk üşeýän däldir – diýip, Ependi jogap beripdir.

Onda ogly:

– Üşemeýän bolsa, onda näme üçin ol meniň ýorganyma girýär? – diýip garşy çykypdyr.

## Tagamly gutap

Bir baýramçylygyň öňüsyrasynda aýaly Ependä gowy görülýän tagamly gutap taýýarlapdyr. Är-aýal nahardan mazaly doýupdyrlar. Artyp galanyny bolsa, ertire gizläp goýupdyrlar. Birsalym gürleşip oturanlaryndan soň, ertir irräjik turaýarys – diýip ýatypdyrlar. Ependi gijäniň birmahaly turup:

– Keýwany, aý, keýwany, tur! Meniň kelläme bir pikir geldi, ýadymdan çykaraýmakam, tur, senem eşit! Wah, men seni bimaza edýänem welin, sen gaty görme, iş juda uly. Tur, men seniň aýaklaryň tozuny gözüme sürteýin, gutaplary basymrak getir! – diýip ynjalyksyzlanyp, aýalynyň böwrüne dürtüp başlapdyr.

Aýaly Ependiniň näme üçin howsala düşýändigini sorajak bolubam durman, hasanaklap turşy ýaly baryp, gutaply tabagy getiripdir. Ependi tabagyň başyna geçip, aýalyny-da özi bilen ýanaşyk oturdypdyr. Ol eýlesine-beýlesine seretmän, süýji gutaplary symyşlap başlapdyr. Gutaby iýip tükedenden soň, uludan bir demini alypdyr. Aýaly näme üçin beýdendigini düşündirmegini haýyş edende, Ependi:

– Biziň ilkagşamky naharymyzdan bir topar süýji gutabymyz artyp galypdy. Uzynly gije biynjalyk bolup ýatdym, hiç gözüme uky gelmedi. Ahyry oýlandym, oýlandym-da birden: «„Iň gowy iýmit – adamyň bokurdagyndan aşak geçen iýmit. Kim öz zadyny özi peýdalanmasa, başgalar iýip ýok eder» diýen ýaly paýhaslar

[1] Sakyz – halk arasynda porsy sakyz ady bilen hem bellidir. Ýylyň belli bir möwsüminde arça agajyndan syzylyp çykýan ýelim şekilli dermanlyk serişde.

ýadyma düşdi. Ine, men şol parasatly pähimleri derrew ýerine ýetirmegi ýüregime düwdüm, indi bolsa, gel, uklaly – diýipdir.

## Akmagyň baryp ýatany bolardym

Bir gün Ependi degirmene üwetmäge bugdaý getiripdir. Görse, çuwal bary üýşüp duranmyş. Sen-men ýok, iliň çuwalyndan goşawuçlap, öz çuwalyna bugdaý gapgaryp başlapdyr:

Kilwan ondan:

– Näme üçin beýdýärsiň? – diýip soranda. Ependi:

– Wah, huşum gursun, näme edýänimem bilemok – diýipdir.

Kilwan sözüni dowam etdirip:

– Eger huşuň ýok bolsa, näme üçin tersine edeňok? – diýipdir. Ependi oňa:

– Men häzir ýönekeý akmak, eger bugdaýy öz çuwalymdan başganyň çuwalyna salsam, onda akmagyň baryp ýatany bolardym – diýipdir.

## Meni başaşak jaýlaň!

Ependi ölmeziniň öňüsyrasynda dostlaryny ýanyna çagyrypdyr. Ol özüne mahsus bolan ýitilik bilen dostlaryna garap:

– Men öläýsem, başaşaklygyna jaýlaň! – diýip, wesúet edipdir. Olar muny geň görüp, Ependiden sebäbini sorapdyrlar.

Ependi hem:

– Kyýamat bolanda, hemme zatlar agdar-düňder bolup, ýer tersine çöwrüljekmiş. Eger şeýle bolsa, meniň kyýamat güni başaşak durasym gelenok – diýip jogap beripdir.

## Ependi ýel satýar

Bir gün Ependi obanyň ymamlygyna bellenipdir. Oraza aýy gelende, daýhanlar dil düwşüp, ekiniň ýaramaz bitenligini bahanalap, Ependä pitre[1] bermezligi karar edipdirler.

Ependiniň gahary gelipdir. Harman atylan wagty ol:

– Beýle etjek bolsaňyz, men size ýel bermerin. Harmanyňyzy nädip atsaňyz, şeýdip atyň. Hany göreli, kim üstün çykarka? – diýipdir. Ol şeýle diýipdir-de, ekinzarlygyň ýele tarapyndan baýryň üstünde ullakan boýra[2] geripdir.

Ependiniň bagtyna uzynly gün ýel öwüsmändir. Gaýtam, niredendir bir ýerden akja bulutlar süýşüp gelipdir. Daýhanlar howsala düşüp başlapdyrlar. Olardan birisi:

– Men Ependä öten ýylkydan iki esse köp pitre berjek – diýipdir. Şol wagt Ependi boýradan barmak sygar ýaly deşik deşipdir. Daýhan harmanyna ýetip-ýetmänkä,

[1] Pitre – her ýyl oraza aýynda maşgala sanyna görä berilýän sadaka.
[2] Boýra – suwda bitýän uzyn baldakly, gamyş pisint ösümlikden örülen düşek.

şemal çalaja öwsüp başlapdyr. Şeýdip dänesini ýygnap bolupdyr-da, bugdaý samanyny arabasyna ýükläp, öýüne gaýdypdyr.

Goňşulary muny görüp, harman ýere eňipdirler. Gelseler, çöp başy gymyldamaýan eken. Eýýäm ýel ýatypdyr. Döwekçiler:

– Beýdip görgä galyp ýörmäň! Göni Ependiniň ýanyna baryň. Näme bermeli bolsa beriň-de, az-owlak ýel soraň – diýipdirler.

Olar Ependiniň ýanyna baryp, pitrelerini artykmajy bilen tölejekdiklerine wada berip, nesúe ýel „«satyn» alypdyrlar.

Ependi:

– Ahmal bolmaň, wada berip: «„Şertim şahyma» edäýseňiz, soň gaty görmäň! Alla siziň dänäňizi ýer bilen ýegsan eder. Onsoň iki eliňizi burnuňyza sokup, ýanyma geliji bolaýmaň – diýipdir.

Daýhanlar ýene-de däne getirjeklerine kasam edipdirler.

Ependi boýranyň ýanyna baryp, her harmana bir deşik deşipdir. Her kim döwegine tarap eňipdir. Az-kem öwüsgin başlanypdyr. Mahlasy, daýhanlar harmanyndan dynyp, bol hasyl alypdyrlar. Ependä-de aýdyşlary ýaly, pitre getirip beripdirler. Şeýdip Ependi ýyl gallasyny edinipdir. Alanja dänesini araba ýükläp, obasyna ugrapdyr. Ol daýhanlar bilen «„Kärizler» çeşmesiniň başynda hoşlaşyp, ak pata beripdir. Ugrajak bolanda bolsa:

– Bilip goýuň, eger Alla el bilen alyp bilmese, ýel bilen alýandyr – diýipdir. Şol obada heniz-henizlerem ýel söwdasy gidýärmiş – diýen gürrüň bar.

## Keýwany, seniňki-de hak!

Ependiniň dosty bir iş hakynda maslahatlaşmaga onuň öýüne gelipdir. Ol oňa işiň ýagdaýyny başdanaýak gürrüň beripdir. Ahyrda hem:

– Ýeri neneň? Eýsem-de bolsa, meniňki hak dälmi? – diýip sorapdyr. Ependi:

– Hawa, seniňki hak, dogan , seniňki hak – diýipdir.

Ertesi bu işden bihabar dawagärleriň beýlekisi hem Ependiniň ýanyna gelipdir. Ol dawanyň ahyrynyň nähili gutarjakdygyny bilesi gelip, elbetde, işiň öz peýdasyna çözülmegi üçin janyndan syzdyryp, oňa gürrüň edip beripdir-de:

– Ýeri, Ependi, sen nähili görýäň? Eýsem-de bolsa, meniňki hak dälmi? – diýip sorapdyr. Ependi oňa-da:

– Elbetde, elbetde, seniňki hak – diýipdir.

Aýaly kesesinden Ependiniň dawagärler bilen eden gürrüňlerini eşidip oturan eken. Ol Ependiniň dawagärleriň ikisine-de, «Seniňki hak» diýendigini eşidip, ony utandyrmaga synanyşypdyr.

– Ependi, düýn seniň ýanyňa ilki gelen Gorkut öz işini gürrüň edip berende, sen oňa „«Seniňki hak» diýip aýtdyň. Ertesi onuň dawagäri geldi welin, oňa-da: „«Seniňki hak» diýip goýberdiň. Bu näme beýle bolýar. Sen-ä kazy, menem indi birnäçe ýyl bäri kazynyň aýaly. Iki dawagäriň ikisiniň-de gepiniň bir wagtyň özünde hak bolup biljegine men-ä şübhelenýän – diýipdir. Ependi bolsa muňa üýtgeşik ähmiýet hem bermän:

– Hawa, keýwany, seniňki-de hak, ýöne, nähak – meni şäher kazysy edip bellän adam – diýip, özüniň bu işe ýaramaýandygyny boýun alypdyr.

## Ependiniň ejesiniň tabşyrygy

Bir gün ejesi Ependä:

– Oglum, men goňşulara oturmaga gitjek. Öýe seret, gapyny taşlap, bir ýaňa ygyp gitmegin – diýip tabşyrypdyr. Ependi gapynyň bosagasynda oturyp, ejesiniň beren erigini iýmäge başlapdyr.

Birdenkä obadan giýewleri gelip, onuň ejesi öýdedir öýdüp:

– A-how, bar, ejeňi çagyr, „«Myhman geldi» diýip aýt – diýipdir.

Ependi öýüň gabsasyny goparyp, arkasyna alypdyr-da, goňşulara bakan ylgapdyr. Munuň bolup gelşini ejesi görüp:

– Waý-ýeý, bu näme etdigiň? – diýip gygyrypdyr.

Ependi bolsa:

– Gapyny taşlap, hiç ýaňa gitme diýip, özüň aýtdyň ahyryn. Öýe myhman gelensoň, nalaç şeýtmeli boldum – diýipdir.

## Kişide söz bir bolar

Ependiden „«Ýaşyň näçe?» diýip sorapdyrlar. Ol „«Ýaşym kyrk» diýip jogap beripdir. Şondan on ýyl geçensoň, oňa ýene-de şol soragy beripdirler. Ependi ýene-de:

– Ýaşym kyrk – diýip jogap beripdir. Adamlar oňa:

– A-how, Ependi, sen mundan on ýyl ozalam kyrk ýaşymda diýipdiň, bu günem kyrk ýaşymda diýýärsiň, oňa nähili düşünmeli? – diýip geň galypdyrlar.

Onda Ependi:

– Kişide söz bir bolar, kyrk diýdimmi, kyrk – diýip jogap beripdir.

## Ýüzüňi nirä etmeli?

Bir gün Ependi namaza duranda köwşüni ogurlaýypdyrlar. Şol wagt bir adam ondan:

– Namaza haýsy tarapa bakyp durmaly? – diýip sorapdyr. Ependi bolsa:

– Köwşüň nirede bolsa, şoňa seredip durubermeli – diýipdir.

## Üç müň teňňelik ätişgir

Günlerde bir gün Ependi gadymy zatlar satylýan bazardan geçip barýarka, dellalyň bir gylyjy üç müň teňňä satjak bolup ýörenini görüpdir. Ependi gylyja seredip, näme üçin üç müň teňňe bahalaýandygyna düşünmändir. Ol töwerekdäki adamlardan munuň sebäbini sorapdyr. Olar hem:

– Gylyç duşmana salnanda, üç arçyna[1] çenli süýnýär – diýip düşündiripdirler.

[1] Arçyn – bu ýerde ölçeg birligi manysynda gelýär.

Ertesi Ependi öýündäki ätişgiri alypdyr-da, bazara çykarypdyr. Gadym zatlar satylýan bazara gelip:

– Ätişgiriň bahasy üç müň teňňe – diýip, bokurdagyna sygdygyndan zowladyp başlapdyr. Muny eşiden adamlar onuň töweregine golaý-golaý süýşüpdirler. Olar ätişgiri ellerine alyp, onuň eýlesine-beýlesine seredişipdirler. Ahyry olar Ependiniň ätişgiriniň üýtgeşik zat däldigine göz ýetiripdirler. Şeýle-de bolsa, Ependiden:

– A-how, Ependi, seniň bu ätişgiriň näme häsiýeti bar, sen muny birden üç müň teňňä çykaraýdyň-la?! – diýip sorapdyrlar.

Ependi hem:

– Siz ynha, düýnüň özünde bir ýönekeýje gylyjy diňe duşmanyň üstünden inende, üç arçyn süýnýändigi üçin üç müň bahalap durduňyz. Eýsem, bu ätişgir aýalym maňa gahar bilen salanda, üç arçyn däl, on arçyn hem süýnüp bilýärkä, siz üç müňi gymmat görýärsiňizmi? – diýip jogap beripdir.

## Ependi we gaz

Ependiniň oglan wagtynda hem bälçiklik etmedik pursaty bolmandyr.

Bir gezek onuň gysganç we sögünjeň goňşusynyň howlynyň kölegesinde irkilip oturan gazlaryna gözi düşüpdir. Onuň gazy ýiten goňşusynyň kebelekleýşine tomaşa edesi gelipdir. Ol gazlaryň iň ulularynyň birini tutupdyr. Ony jüpbesine bukup, öz ýoluna gidiberipdir. Ependi ep-esli ýere gidipdir. Emma gaz gygyrjak bolup hyýal hem etmeýärmiş: „«Gel-ýeý, şuny barlap göreýin-le» diýip, çolaja köçä sowlupdyr.

Ol usullyk bilen jüpbesini açyp, gaza seredipdir. Gaz kellesini galdyryp, öz endigi boýunça „«hüş-şş» etmäge başlapdyr.

Ependi:

– Sag bol, duýduranyňa. Meniňem „«Seresap bol, gygyraýma!» diýip, ýüzüňi açyşymdy – diýipdir.

## Onuňky iliň tersinedir

Ependiniň gaýnenesi kir ýuwup otyrka, derýa ýykylypdyr. Ependi gaýnenesiniň ýykylan ýerine baryp, akymyň ugruna däl-de, tersine bakan ýöräp başlapdyr. Oňa:

– Ependi, heý-de, jesedem bir tersine akarmy? Sen ony derýanyň akymyndan gözle ahyryn! – diýipdirler. Ependi muňa kellesini ýaýkap:

– Wah, siz onuň kejirligini bileňzok. Onuňky mydam iliň tersinedir. Maňa akyl öwretjek bolmaň. Gözlemeli ýerini gaty gowy bilýärin – diýip, ýokarlygyna bakan ýöräberenmiş.

## Aňyrsy bir-iki ýyldan...

Ejesi Ependini ýüpekçä şägirtlige beripdir. Ependi oňa bir ýyl gatnapdyr. Bir gün ejesi:

– Hany, seniň näme öwrenendigiňi bir göreli, oglum! – diýipdir.

Ependi bolsa:

– Eje jan, seniň alan dogalaryň gudraty bilen men hünäriň deň ýarysyny öwrendim. Bükdürilen ýüpüň towuny açyp bilýärin. Indi bolsa, işiň diňe ikinji ýarysy – çöşlenen ýüpegi bükdürmegi öwrenäýmek galdy. Ýene bir doga alaýsaň, aňyrsy bir-iki ýyldan onam öwrenerin – diýipdir.

## Dowzah bilen behişt dolýança

Bir gün Teýmirleň Ependiden:

– Adamlar haçana çenli doglup-ölüp ýörjekkä? – diýip sorapdyr.

Ependi hem salymyny bermän:

– Tä dowzah bilen behişt dolýança – diýipdir.

## Ependiniň «jomartlygy»

Bir topar batyl çaýhananyň howlusyna ýaplanyp oturan ekenler. Ependi olaryň duşundan geçip barýarka, degişmekçi bolup, birine pul berýän ýaly edip, gapjygyny şagyrdadyp:

– Alyň, ynha, şu pullary öz araňyzda paýlaşyň – diýipdir.

Özi bir gapdala çekilip, batyllaryň näme edýändiklerini synlamaga durupdyr. Olar biri-birine müňkür bolup: „«Ol puly saňa berdi», «„Ýok, maňa-ha zat berenok», „«Hany, ýetdijek paýymy ber» diýşip, uly galmagal turzupdyrlar. Ependi gülüp, öz ýoluna gidiberipdir.

## Kesekiniň eşeginiň gözlenişi

Bir gün şäher hākiminiň eşegi ýitipdir. Eşegi gözlemäge giden hyzmatkärler üzümçilige barýan ýolda Ependini görüp:

– Biz aňyrraklarda aýlanjak. Üzümçilikde del eşek göräýseň, habaryny ýetireweri – diýipdirler.

Ependi hem hiňlenen bolup, eşegiň «„gözlegine» çykypdyr. Üzümçilige aýlanyp ýörkä, oňa bir adam duş gelip, näme üçin aýdym aýdýandygyny sorapdyr.

Ependi:

– Eşek gözleýän – diýipdir. Onda bu adam:

– Be-ýe, seniň eşek gözleýşiň geň aýt. Heý-de bir aýdym aýdyp eşek gözlenermi? – diýipdir. Ependi bolsa:

– Kesekiniň eşeginiň gözleginde eýsem, başga nämä güýmenjek? – diýipdir.

## Ependiniň öz hammalyndan gaçyşy

Ependi bazardan alan zatlaryny hammala göterdip, onuň bilen bile ýöräp barýan eken. Emma olar ýolda barýarka, birden hammal gözden ýitipdir. Ependi hernäçe eýläk-beýläk urunsa-da, ony tapyp bilmändir.

On gün geçensoň, Ependi öz dostlary bilen gidip barýarka, biri:

– Ependi, han-ha, seret, seniň gözleýän hammalyň gelýär – diýip habar beripdir. Ony gören Ependi haýdan-haý görünmez ýaly buky ýerde gizlenipdir.

Hammal geçip gideninden soň bolsa, Ependi ýene dostlarynyň yzyndan ýetipdir. Dostlary ondan:

– Ýeri, Ependi, sen näme üçin ol hammaly tutman, gaýtam, bukuldyň – diýip sorapdyrlar.

Ependi hem:

– Näme üçin bukulmaýyn? Meniň ol hammalymy ýitirelim bäri on gün dagy geçdi ahyryn. Eger ol meni tutaga-da: „«On gün bäri seniň ýüküňi göterip ýörün. Şonuň üçinem on günüň hakyny berersiň» diýse nädeýin!? – diýip jogap beripdir.

## Ogry ak guşmudy?

Günlerde bir gün Ependiniň eşegini ogurlapdyrlar. Ertesi Ependi bolan işi dostlaryna jibrinip-jibrinip gürrüň berip, olardan delalat isläpdir. Olar muny eşidip, gaýtam onuň özüne akyl berip, igenip başlapdyrlar.

Olaryň biri:

– Athananyň gapysyny gulplap goýmaly ekeniň – diýipdir.

Beýlekisi:

– Asly bek bolmadyk gapyny gulplanyň nä peýdasy bar? Wah, diýjek bolsaň, tamyň daşyna aýlangy haýaty beýigräkden gurmaly eken diýsene! – diýipdir.

Ýene biri:

– Sen ölümidiň ýa-da dirimidiň? Ogry aňsyz eşegi goltugyna salyp çykan däldir ahyryn. Asla sen şo wagt niredediň? – diýen.

Gyzmaragy bolsa:

– A-how, hany, men şu gapyny gulplap gidip, açaryny bir ýassygymyň aşagyna dykaýyn, onsoň ogryň atasy gelse-de, meniň sygrymy ýa eşegimi alybilse, halaly bolsun – diýipdir.

Mahlasy, olar peýdasyz boş maslahat bilen Ependiniň gulagyny kamata getiripdirler, igenipdirler, käýinipdirler.

Ependi ahyry çydaman:

– A-how, dostlar, bu aýdýanlaryňyzyň hemmesi-de dogry. Ýöne bu ýerde günäkär men bolup, baryan-la?! Eýsem, ogry ak guşmudy? – diýipdir.

## Ependiniň taýagy döwene gargaýşy

Bir adam Ependä degsinjek bolup, häli-şindi çylkasyny atyp durupdyr. Onuň Ependä bermedik azaby galmandyr. Ol bir gün has hem çökderlik edip, Ependiniň ýigrimi ýedi ýyldan bäri göterip ýören badam agajyndan edilen taýagyny döwüpdir. Ependi onuň eden işine gaty gynanypdyr. Ol:

– Meniň bu taýaga endik edenime gaty köp ýyl boldy. Ol el deregini tutýardy. Sen meniň elimi döwdüň. Goý, seniň hem aýagyň döwülsin. Meniň gargyşym hepdedenmi, ýa kyrk gündenmi, giç galsa bir ýyldanmy, garaz, ýakaňdan ebşitläp tutar – diýen.

Ol adam utanjyndan ýaňa näme diýjegini bilmändir. Bir zat, bir zatlar samyrdap, gapydan çykyberende, aýagy taýyp, çiňňarkan ýykylypdyr-da, onuň çep aýagy döwlüpdir. Ol gorkusyna toba edipdir. Ýarym-ýaş bolup, emedekläp gelip, Ependiniň aýagyna ýykylypdyr we Ependä ýalbarmak bilen:

– «Gargyşyň kyrk günden soň tutar» diýipdiň ahyryn – diýipdir.

Ependi:

– Hawa, kyrk günden soň tutar. Bu döwük seniň kyrk gün mundan ozal birine eden ýamanlygyň jezasydyr. Indi sag aýagyň hem döwler. Şonda sen emedekläp ýöremeli bolarsyň – diýipdir.

## Tamyň üstündäki tersleşik

Bir gije çakdanaşa petiş-yssy bolupdyr. Şunuň ýaly günlerde, adatça edilişi ýaly, Ependiniň aýaly hem düşegi tamyň üstünden ýazypdyr. Ependi ýatjak bolup süýnende, aýaly onuň bilen oýnaşmaga başlapdyr. Bu oýun-henegiň soňy jedele-tersleşige baryp ýetipdir. Ependi ahyry çydaman:

– Senden ýaňa maňa düşegiň üstünde hem gün ýok – diýip, ýerinden turup, özüniň tamyň üstündedigi huşuna gelmän, ugrubir gidiberipdir. Ependi şol gidişine aşaklygyna güwläp gaýdan. Onuň galmagalyna töwerekden ylgaşyp gelen goňşular ah-wah çekip, çala demi gelip ýatan Ependiniň daşyndan aýrylyp bilmän durupdyrlar. Birhaýukdan soň az-kem özüni dürsän Ependiden:

– Ýeri, sen nädip, beýle güne düşdüň? Saňa näme boldy? – diýşip, sorap başlapdyrlar. Ol bu işiň magadyna ýetjek bolýanlara ýüzlenip:

– Kim tamyň üstünde ýatyp aýaly bilen tersleşip gören bolsa, maňa näme bolýanyny gowy biler – diýip jogap beripdir.

## Hyýary kim satýar?

Bir gün Ependi duzlanan hyýar satmak üçin obalara çykypdyr. Ol obanyň gyrasyndan girip:

– Haý, şorja hyýar alan gel, how! – diýip, gygyryberjek bolanda eşegi ondan öňürti aňňyryp başlanmyş.

Ependi ýene-de bir jemendeli köçä ýetip:

– Haý, duzlanan hyýar…... – diýip, sözüni soňlap-soňlamanka, eşegi ýene-de aňňyryp ugrapdyr. Ependiniň gahary gelip:

– A-how, peläket, şu hyýary sen satýaňmy, ýa-da men?! – diýip, eşegini gamçy bilen saýgylapdyr.

## Ependiniň çaga ukladyşy

Bir gün Ependiniň aýaly käýinip:

– Ependi, çagamyza näme bolýanyny men-ä bilýän däldirin. Birsyhly aglap ýatyr, diňer ýerde diňenok, şubela diňdirjek bolýan welin, bolanok. Men-ä halys boldum.

Eşidýärmiň? Belki, muňa uky tutduryan doga ýazyp berersiň. Üwräp-towsakladyp, elim-golum düşdi. Men-ä indi ysgynym gidip ýykyljak – diýipdir.

Ependi oňa bir kitaby berip:

– Ynha, şu kitaby al, onuň başujunda açyp goý. Wagtal-wagtal hem sahypalaryny agdaryşdyr – diýipdir. Aýaly bu söze tosaň-tosaň edip:

– O nä kitap ol? Saňa oýun gerek. Ýeri, seniň kitabyňdan näme çykjakmyş? – diýip, gykylyklap başlapdyr.

Ependi:

– Men metjitde her gezek şu kitapdan sapak berip başlaýan welin, talyplarym ýeke-ýekeden irkilip, barýandyr, ine, görseň, biri pallap oturandyr, biri hor çekse, ýene biri eýýam basyrganyp, samrap ýatandyr, garaz, barynyň gözi ukudadyr. Meni hem akylsyz adamdyr öýtme! Eger bu kitap ululary meýmiredýän bolsa, çagany dagyny kömür tutan ýaly edäýer? – diýipdir.

## Aýal hilesi

Aýaly gijesine Ependini öýe sakçy goýup, goňşy aýallaryňka oturmaga gidýän eken. Onuň bolgusyz aýallar bilen baş goşýandygy baradaky gürrüňler Ependiniň gulagyna ýetip başlapdyr.

Bir gije ol aýal her hili bahanalar bilen öýden çykypdyr. Giçden soň gaýdyp gelipdir. Ol gapyny kakmaga durupdyr. Emma Ependi gapyny açmandyr. Aýaly hernäçe ýalbarsa-da, peýda bolmandyr. Onda ol:

– Beýle bolsa, men özümi guýa taşlap heläklärin – diýip, gapydan daşlaşypdyr. Ullakan daşy guýa oklapdyr-da, diwaryň düýbünde gizlenip durupdyr.

Ependi öz eden işine ökünip:

– Gel-aý, bu däli aýaly guýudan bir çykaraýyn – diýip oýlanypdyr. Emma ol gapyny açyp, niçikmi daşaryk ätlän badyna, aýaly öýe kürsäp urupdyr-da, gapyny bekläpdir. Ol ýokaryk çykyp, äriniň seredip duran penjiresinden aşak seredipdir.

Ependi:

– Gapyny aç! – diýip gygyryberipdir. Emma aýaly diýýämiňem diýmändir. Soňra ýalbarmaga durupdyr. Aýaly bolsa bogazyna sygdygyndan:

– Waý-ýeý, men şundan halys irdim. «Sen meni ile metgi etdiň. Günde agşam goňşularyňa barýaň, biwagt çagy, gör, kim bilen hyşy-wyşy edýäň» diýip, halys janymy aldyň. Seniň betbagt aýalyň seniň üçin gül ömrüni kül etdi. Ah, sen azgyn çal, beýle haýýarlyk etmäge utanmadyňmy? Men seni it masgarasy ederin. Ajymykasüýjümikä, göreli bakaly. Gijelerine nähili ygyp ýörmelidigini men saňa görkezerin! – diýip, haýýarlyk bilen gygyrypdyr.

Ependi aýalynyň haýýarlygyna haýran galypdyr. Ol ýygnanan mähellä näme diýjeginem bilmän:

– A-how, halaýyk, bu işden habaryňyz bar bolsa, arkamy alaweriň! – diýip, naýynjar halda ýüzüni sallapdyr.

## Kazynyň „«kölegesi»

Ependi bir gün baş kazynyň ýanyna baryp, ondan welaýatlaryň birine özüni kazy bellemegini haýyş edipdir. Emma ol welaýatlaryň hemmesinde hem kazylyk orunlaryň eýelidigi üçin:

– Şu wagt bize kazy gerek däl – diýip, onuň möhümini bitirmändir. Onda Ependi nähili-de bolsa şäherden özüne laýygrak bir wezipe berilmegini sorapdyr. Ýöne kazy Ependiniň bu haýyşyny hem bitirmändir. Ependi haýsy gullugy diýse-de, kazy bir bahana bilen oňa wezipe bermekden boýun gaçyrypdyr.

Ahyry bolmansoň, Ependi:

–Kazym, aňrujy maňa ýagşylyk etjegiňiz çynyňyz bolsa, onda heniz hiç kimiň ýerine ýetirmedik, hiç wagt hiç kim tarapyndan basdaşlyk edilmejek, özem häzir boş duran bir wezipäni sizden dilejek. Ondan ne hökümete, ne halka, hiç kime zyýan ýetjek däl. Emma siziň özüňize welin, peýda boljak. Ol sizi çözüp bolmajak dawalar barada baş agyrdyp oturmakdan dyndarjak – diýipdir. Kazy muňa razy bolup:

– Ýagşy, aýt hany, o nähili gullukmyş? Eger şeýle wezipe bar bolsa, men ony saňa bereýin – diýipdir.

Ependi:

– Siz meni öz ýanyňyza „kazynyň «kölegesi» edip belläň! – diýipdir. Bu wezipe hem, onuň ady hemmeleriň göwnünden turupdyr. Kazy:

– Bolýar, seni „kazynyň «kölegesi» edip belläýerin, ine, bu-da saňa oturar ýaly jaý – diýipdir. Ependi bu jaýda ýazuw-pozuw eder ýaly zerur esbaplary goýuşdyrypdyr. Ol şeýdip „kazynyň «kölegesi» wezipesinde işe başlapdyr we gün yrman öz gulluk wezipesine gatnapdyr.

Günlerde bir gün bir adam öz dawagäriniň golundan tutup gelipdir we kaza ýüzlenip:

– Tagsyr, bu adam maňa bermeli bergisini berenok – diýip arz edipdir. Kazy:

– Sen ondan näme talap edýärsiň? – diýip sorapdyr.Algyly:

– Şu adam Syrajetdin baýa otuz arka odun aýryp berdi. Ol paltany her sapar aýlap salanda, men onuň „«hähini» berdim. Mahlasy, şol odunyň aýrylmagynda meniň hem ýetdik kömegim bar. Ynha, indi ol odun aýrany üçin pul aldy, menem indi ondan öz hakymy dileýän welin, pulumy bermekden boýun towlaýar – diýipdir.

Kazy bu dawadan baş çykaryp bilmän, bergilä ýüzlenip:

– Şu hakykatdan hem şeýle boldumy? – diýip sorapdyr. Ol hem „«hawa, şeýle boldy» diýip baş atypdyr. Kazy bu dawany nädip açjagyny bilmän ýaýdanypdyr. Ol kelebiň ujuny ýitirip, bu dawadan uç tapman otyrka, birden onuň ýadyna „ kazynyň «kölegesi» düşüpdir. Ol dawagärlere garap:

– Bu maňa degişli däl! Munuň ýaly işlere, ine, şu garşyňyzdaky jaýda oturan „kazynyň «kölegesi» garaýar – diýip, başyndan sowupdyr. Dawagärleri özüniň hyzmatkärleri bilen Ependiniň üstüne iberipdir. Özi hem bu tapan çykalgasyna keýp edip „«hany näderkä?» diýip, tutynyň aňyrsynda diňläp durupdyr.

Ependi dawagärleriň ikisini-de diňläpdir. Soň algyla ýüzlenip:

– Hawa, seniňki hak, ol her sapar paltany aýlap salanda, sen derläpsiň, uly azap çekipsiň. Emma puluň hemmesini onuň ýeke özi alypdyr. Hiý, şeýle bihaýalygyň görlüp-eşidilen ýeri barmy? Elbetde, ýok. Şonuň üçin seniňki dogry – diýipdir.

Muňa bergili çydam edip durup bilmändir.

– Rehimiň gelsin, Ependi, oduny aýran men ahyryn! Ol bolsa ýöne meniň garşymda durup „«hähini» bermekden başga hiç zat etmedi. Onuň pulda näme algysy bar? – diýipdir. Ependi oňa:

– Sesiňi çykarma, sen heniz bu zatlara akyl ýetirerden gögele bolýaň. Basymrajyk bol-da, maňa pul sanamak üçin tagta getirip ber – diýipdir.

Tagta getirilensoň, Ependi odun aýran adamdan pul alyp, ýeke-ýekeden puly ýokardan taşlap başlapdyr. Ependi odun aýrana «ýere gaçan pullary almaly» diýen hökümi çykarypdyr. «„Hähini» berene bolsa:

– Senem ýetiş-de, puluň tagtadan çykýan sesini al! – diýipdir.

## Bu dünýäniň işi bulam-bujardyr

Bir gün Ependiniň goňşusy toý edip, süýtlaş bişiripdir. Ependi bilen aýaly öýlerinde aç oturan ekenler. Saçak ýazylyp, nahar çekmekçi bolnanda, ozalky dilleşik boýunça Ependi aýalyny „ «ýençmek» üçin eline taýak alyp, kowalap başlapdyr. Goňşusy bulary görüp, köşeşdirmek üçin öýüne çagyrypdyr-da, tabagyň başynda oturdypdyr. Ependi nahar öňe alnandan soň wagt geçmänkä, süýtlaşyň üstüne atylan ýagyň öz öňündäki bölegini iýip gutarypdyr. Emma tabakdaşynyň öňündäki ýag heniz hem duran eken. Edil şol wagt tabakdaşy Ependiden:

– Aýalyň bilen näme paýlaşyp bilmeýän zadyň bar? – diýip sorapdyr.

Ependi:

– Men bu aýala bu ýol bilen git diýýärin welin, ol bu ýol bilen gidýär – diýip, barmagy bilen çyzyp, tabakdaşynyň öňündäki ýagdan öz öňüne çekipdir. Aýalym hem:

– Ýok, meniň bu ýol bilen gidesim gelenok, bu ýol bilen gitjek – diýýär diýip, goňşusynyň öňündäki ýagyň galanyny hem öz öňüne syrykdyrypdyr.

Tabakdaşy hem ýagyň hemmesiniň tabagyň beýle gapdalyna akyp gidenini görüp, şol bada Ependiniň mekirligini aňypdyr. Ol hem:

– Aý, hawa-da, dogan, bu dünýäniň işi bulam-bujardyr – diýäge-de, tabakdaky aşy barmagy bilen garym-gatym edipdir.

## Ependiniň gaýgysy

Günlerde bir gün Ependiniň aýaly ölüpdir. Emma onda gaýgy-gussadan nam-nyşan hem ýokmuş. Şondan ep-esli wagt geçenden soň, onuň eşegi ölüpdir. Ependi gaýgy-gama batyp, ýas tutupdyr. Dostlary ondan:

– Ýeri, Ependi, bu näme etdigiň? Aýalyň ölende beýle gussa batmandyň-la? Eşegiň öleli bäri indi on gün geçdi welin, seniň gözüň ýaşy henizem kepänok?! – diýip sorapdyrlar.

Onda Ependi:

– Meniň aýalym ölende, goňşy-golamlar, ýakyn garyndaş, dost-ýarlar ýygnanyşyp:„ «Ependi, gaýgy etme, müň gaýgy bir iş bitirmez. Başa gelenini sowsun. Biz saňa has gowrak aýal tapyp beräýeris» diýip, göwünlik berdiler. Ynha,

indi eşegim öldi welin, ýanyma gelýänem ýok, göwünlik berýänem – diýip jogap beripdir.

## Ependi gedem oglany aldaýar

«„Meni aldap bilen bolmaz» diýip, gören ýerinde öwnüp ýören bir oglan bar eken. Ependi heniz ýaş ýigitkä hem ondan şu gürrüňi ýygy-ýygydan eşidýär eken. Bir gezek onuň gaty gahary gelip, ol oglana:

– Sen şu ýerde biraz garaş. Men derrew gelerin. Onsoň men seni aldamaga bir çäre taparyn – diýip gidipdir. Oglan birnäçe sagatlap, irikkä bolup durupdyr. Asyl Ependi yzyna köwlenmändir. Şol wagt onuň ýanyna bir deň-duşy gelip:

– Sen kime garaşýaň, hüňürdiň näme? – diýip sorapdyr. Oglan bolşy ýaly gürrüň beripdir. Gelen oglan bu ýigdekçäniň akmaklygyna gülüp:

– Saňa indi dagy näme gerek? Aldabilipdir-le, kişi! – diýipdir.

## Buýruk şeýle

Günlerde bir gün Ependi gowrulan towuk iýip otyrka, bir adam gelipdir-de:

– Ependi, maňa-da birazajyk dadyraýsaň – diýipdir.

Ependi:

– Dogan, bu towuk meniňki däl, aýalymyňky – diýipdir.

Onda ol:

– Sen özüň-ä iýip otyrsyň – diýende, Ependi:

– Dagy nädeýin, aýalymyň buýrugy şeýle – diýip jogap beripdir.

## Bu-da heniz kiçi bolýar

Ependiniň medresede okadýan wagtlarynda ýarag götermek gadagan edilipdir. Bir gezek Ependi medresä baranda, onuň jübüsinde duran ýoňsuz gama daşyna dürterip duranmyş. Ony tutup, şäher häkiminiň ýanyna eltipdirler. Häkim gaharlanyp:

– Eýsem, hökümetiň buýrugy saňa ýöränokmy? Näme sen gündiziň günortany şeýle ýoňsuz ýaragy göterip ýörsüň – diýip azgyrylypdyr.

Ependi:

– Tagsyr, okuw wagtynda men bu zat bilen talyplaryň ýalňyşlaryny görkezýärin – diýipdir.

Häkim has gazaba münüp:

– Sen näme, meni oýnajak bolýarmyň? Heý, şeýle ullakan pyçak bilenem, ýalňyş görkezilermi? – diýip gygyrypdyr.

– Päheý, tagsyr, käte şeýle bir ýalňyşlyk edýärler welin, bu-da heniz kiçi bolýar – diýip jogap beripdir.

## Ependiniň gämiçilere beren jogaby

Ependi ýelkenli gaýyk bilen biryana barýar eken. Ýolda güýçli gaý turup, ýelkeni ýyrtypdyr. Ependi gämiçileriň bogaldaga[1] dyrmaşyp, ýelkeni daňyşlaryny görüp:

– Tentekler diýsänim, näme gaýygyň depesinde sermenişip ýörsüňiz, gaýgyň düýbi yranýar ahyryn, ony aýagyndan daňyň – diýip gygyrypdyr.

## Gyzylly huma öwrülermikä?

Günlerde bir gün Ependi meýdanda ýer sürüp ýörkä, azaly altynly huma degipdir. Ol humy görüp, haýran galyp:

– Men muny hiç kime görkezmän, göni hana tabşyraýyn – diýen netije gelipdir.

Ine, şeýle pikir bilen ol irgözin öýüne gaýdypdyr. Bu ýagdaýda bir syryň bardygyny aýaly bada-bat aňypdyr. Ol ärine nahar beripdir-de, onuň anygyna ýetmegiň kül-külüne düşüpdir. Ol Ependiniň horjunyny açyp görse, bir hum ýatan eken. Ol humy alypdyr-da, ýerine daş salyp goýupdyr. Ependi naharyny iýip bolansoň, derrew häkimiň ýanyna ugrapdyr.

Baryp görse, häkimiň ýanynda bir topar ýat adam bar eken. Ependi ol adamlaryň ýanynda habaryny aýtmaga çekinip, horjunynda bir zadyň bardygyny duýduryp, üm bilen häkime yşarat edipdir. Häkim bolsa:

– A-how, ýakynrak gel-de, habaryňy ber. Horjunyňda hem näme bolsa görkeziber, goý, uly il görsün – diýipdir. Ependi oturanlaryň ýanyna gelipdir. Horjuny başaşak tutup silkipdir welin, onuň içinden bir tokga daş ýere gaçypdyr. Ine, bir masgaraçylyk. Mejlisdäkiler haýran galyp, Ependä garapdyrlar. Ependi aljyrapdyr. Şol bada hem özüni dürsäp:

– Şu daşy göterip, alan ýerime eltäýsem, gyzylly huma öwrülermikä? – diýipdir.

## Her kişiniň ýüregi meniň ammarym däl

Ependiden:

– Biziň şäherimizde syr saklamagy başarýan adam bardyr öýdýäňmi? – diýip sorapdyrlar.

Ol hem:

– Her kişiniň ýüreginiň meniň ammarym ýaly arassa däldigini bilýärin. Şonuň üçin henize çenli men kişä syryny paş eden adam däl – diýip jogap beripdir.

## Seni düşüren tapylmasa gerek

Ependi heniz çagaka şähere gelende azançynyň minara çykyp, azan aýdyp duranyny görüpdir. Ependi azançy düşüp bilmän, töwerekden dalda isläp gygyrýandyr öýdüp:

[1] Bogaldak – gämini baglamak üçin ulanylýan tanapyň ujundaky gazyk.

– Agam, çykan ýeriň şol bolsa, näçe zowlatsaň hem seni düşüren tapylmasa gerek – diýipdir.

## Iliň gepinden gaçyp gutulyp bolmajak eken

Ependi öz ogly bilen bir oba gidipdir. Ol ogluny eşege mündürip, özi hem gapdaly bilen pyýadalap ugrapdyr. Bularyň öňlerinden çykanlar bu ýagdaýy görüp:

– Päheý, ýigide bak-a! Alymlykda ile meşhur atasyny pyýada ýöredip, özi hem eşege münüp barýar – diýşip, geň görüpdirler. Şonda ogly Ependä ýüzlenip:

– A-how, kaka, men saňa aýtdym ahyryn! Keçjallygyňa tutma-da, gel, indi, mün eşege! – diýipdir. Ependi şondan soň eşege münüpdir.

Olar şu gidişde ep-esli ýol ýöräpdirler. Öňlerinden ýene birentek adam çykypdyr. Bu adamlar Ependiniň özüniň eşege münüp, oglunyň hem pyýada barýandygyny görüp:

– A-how, Ependi, janyň sag halyňa eşege münüp barmaň näme? Çöp ýaly arryk, ýaşajyk çagaňy şeýle horlamaga neneň dözýäň? – diýipdirler. Bu gürrüňden soň, Ependi ogluny-da eşege mündüripdir. Olar syrtlaşyp gidiberipdirler.

Ependi dagy şu baryşlaryna az-kem ýol geçip-geçmänkäler, öňlerinden ýene bir topar agzyboş adam çykypdyr. Olar Ependi bilen oglunyň bir eşege syrtlaşyp barýandyklaryny görüp:

– Beýle-de bir rehimsiz adamlar bolar eken. Ýumruk ýaly eşegiň üstüne iki adam bolup münüp, uzak ýola gidilenini heý, görüp-eşiden barmy? Görüň, bu asyl Ependi bolmaga çemeli. Kime-kime, ýöne, Ependä-hä beýle rehimsizlik gelişýän zat däl – diýipdirler.

Ependiniň muňa gahary gelipdir. Ilki özi eşekden düşüp, soň ogluny-da düşüripdir. Şeýdip, ataly-ogul eşeklerini öňlerine salyp gidiberipdirler. Ep-esli salym ýöränlerinden soň, olaryň öňlerinden ýene bir topar adam çykypdyr. Olar:

– Bu akmaklary gör-ä! Eşeg-ä boş, öňlerinden selpäp barýar, bular hem yssynyň içinde öljek bolşup, pyýada süýrenişip barýarlar. Her ýerde akmak adamlar bar-ow! – diýipdirler.

Ependi muny eşidip:

– Tüýs: „«Il agzyny ýygyp bolmaz, çelek agzyny bogup» diýleni şu boldy-ow! Asyl bu iliň gepinden gaçsaň, öz ogluňa-da, eşegiňe-de erkiň ýetmejek ekeni-ow! – diýip hüňürdäpdir.

## Ependi hurma iýýär

Bir gün Ependiniň aýaly äriniň hurmany şänigi bile ýuwudyp oturanyny görüpdir. Aýaly:

– Weý, sen hurmanyň şänigini hem ýuwdup otyrsyň öýdýän – diýip ýüzlenipdir.

Ependi:

– Ýogsa näme? Iýilmeýän zat bolsa, satyjy onuň bahasyny kemerdi ahyryn – diýip jogap beripdir.

## Ependi we çagasy bolmaýan gelin

Günlerde bir gün goňşusy gelni bilen Ependilere barypdyr. Ol öz gelniniň önelgesizliginden zeýrenipdir. Gelin görgüli hem bir dulda ýer dyrmap oturanmyş. Gaýnene bolsa uludan dem alyp, sözüni dowam etdiripdir:

– Wah, daň atdygy äri bir dulda, aýaly hem bir dulda gözlerini balkyldadyp, gaýga batyşyp otyrlar. Bolup oturyşlaryny görüp, bagrym para-para bolýar, ýüregim gyýym-gyýym gyýylýar. Aralaryna bir saýranda diline guwanylyp, ýörände ýoluna guwanylyp oturan güýmenjejik geläýmese, ol öý asyl öýe meňzejek däl, edil suwy sowlan degirmen ýaly. Sen özüň gowy bilýäň. Hudaý ryzasyna, al-arwahlary kowýaňmy, ýa ýüzärlik tütedip, tüsseden ätledýäňmi, ýa bir däri-derman edýäňmi, garaz, bir alaç et! – diýip, ol aýal Ependiniň başyny-gözüni aýlapdyr, aljyradypdyr. Ependi ilki bir «eýleň-beýleň» diýip başlapdyr. Soň ol bir zat ýadyna düşen ýaly bolup, gelne ýüzlenipdir.

– Gyzym, seniň munyň ata-baba miras bolup, tohum yzarlaýan bolaýmasyn? Belki, seniň eneňden hem çaga bolan däldir – diýenmiş.

## „«Eýerlenen» Ependi

Bir şäher häkimi aýalyny örän gowy görýän eken. Aýaly bolsa, mundan peýdalanyp, döwlet işine-de gatyşar eken. Her işi halanyça çözýärmiş. Halan adamsyny gulluga alyp, gullukdan çykarýarmyş. Uly emeldäki adamlar Ependiniň ýanyna gelip, muňa bir alaç etmegini sorapdyrlar. Ependi şäher häkiminiň ýanyna barypdyr. Oňa her hilli mysallar getirip, aýallara erkiňi bermeli däldigini ynandyrypdyr. Şondan soň näzi çekilýän aýal äriniň ýanynda jyňkyny-da çykaryp bilmändir. Ol bu ýagdaýyň kimden ýetendigini bilmekçi bolupdyr. Ahyrda belanyň körüginiň Ependidigini bilip, ondan ar almagyň kül-külüne düşüpdir. Ol Ependiniň aýalyny gysymyna gysypdyr.

Ependi nirä gitse-de, gaýdyp gelen dessine häkimiňkä myhmançylyga barmak endigi bar eken. Ependiniň aýaly şu pursata garaşyp ýören eken. Ependi bu gezek häkimiň ýanyna ugrajak bolanda, şäher häkimini hem onuň aýalyny öz öýüne çagyrmaga yrypdyr.

Häkimiň çagyrylan güni Ependi aýaly bilen bälçireşip, myhmanlara garaşyp otyrmyş. Birden aýaly näz etmäge başlapdyr, ärini dürtgüläp, bizar edipdir. Ol:

– Eşidýärmiň, men daşarda haýatdan asylgy eýer gördüm. Şony getir. Meniň göwün açasym gelýär – diýipdir.

Erkini aldyran Ependi „«ýok» diýip bilmän, derrew baryp, eýeri alyp gelipdir. Aýaly aýnap, göz gypyp, sypap-sermäp, usulluk bilen Ependini eýerläpdir, kellesine uýan salyp, üstüne-de atlaýyn münüpdir. Ynha, Ependi tamyň içinde «„hormatly çapyksuwary» arkasyna alyp, at ýaly kişňäp ýörmüş. Ependi dört aýak bolup, içerde ikiýana at salyp ýörkä, şäher häkiminiň aýaly hem bu bolşy gapynyň deşiginden ärine görkezipdir. Ependi şol barmana ýene-de gygyryp, her aýagyny bir ýana zyňyp,

«„jyrtlap» ugrapdyr. Muny görüp, şäher häkimi gülüp-gülüp kese ýykylypdyr. Ahyrda çydap bilmän, gapyny açypdyr.

Häkim oňa:

– Päheý, Ependi, bu nä boluş-ow? – diýipdir. Ependi sähelçe-de aljyraman:

– Geleniň gowy boldy, ynha, meniň nätüýsli bolanymy sen hut, öz gözüň bilen gördüň. Seniň şeýle pese düşmegiňe ýol bermejek bolup, men saňa şo-ol maslahatymy beripdim. Indi men hakda sorasaň welin, aý, näme, biz bir garamaýak adam. Aýallara kä oýnadan borus, kä oýnan borus. Uýan kimiň elinde bolanda-da, parhy ýok. Biziň häkimligimiz, diňe islän zadymyzy edip bileris. Mundan hiç kime zyýan gelmez. Emma siz häkimligiň uýanyny aýalyňyza berseňiz, onda dumly-duşda bulam-bujarlyk bolar – diýipdir.

Şäher häkimi Ependiniň öwüt-nesihatlaryny eşidip, ägä bolmalydygyna düşünipdir. Onuň aýaly bolsa hiç zat edip bilmän, alaçsyz galypdyr.

## Ependi bilen ýaňra

Günlerde bir gün bir öwünjeň meýlisde üznüksiz ýaňrapdyr. Ol birsyhly hemme kişiň bilýän zatlaryny aýdyp, töwerekdäkileri ýadadypdyr. Biçäre Ependi hem bir garaňky burça çekilip, pallap otyrmyş. Meýlis sowlansoň, ýaňra Ependiniň üstünden gülmekçi bolup:

– Siz bu gün asyl düýbünden agzyňyzy hem açmadyňyz-la! – diýipdir.

Geplemän oturmakdan ýaňa içi byjyklan Ependi:

– Seniň aýdýanyň näme-how! Men agzymy açyp, agzymy açyp, tas eňeklerimi ýazdyrypdym – diýipdir.

## Ependiniň oglundan ýeňlişi

Bir gün Ependi wagyz-nesihat etmek üçin metjide baryp, münberiň üstüne çykypdyr. Bu ýere üýşen märeke „«Ependi bize näme aýdyp bererkä?» diýip, onuň gürrüň başlaryna sabyrsyzlyk bilen garaşyp durupdyr. Ependi münberiň üstüne çykyp, birsalym oturypdyr. Emma wagyz-nesihat edere hiç zat ýadyna düşmändir. Ýygnanan jemendäniň sabyr käsesiniň püre-pürlenip, birneme tolgunyşyp ugrandygyny görüp, has hem darygyp başlapdyr. Onuň howy basylyp, bu gün hiç nesihat edip bilmejigini aňypdyr-da:

– Adamlar, meniň sizi güýmemäge söz tapman, ýaýdanyp durmajagym-a bilýänsiňiz. Emma ynha, şu gün münbere çykanymda size wagyz etmäge hiç zat ýadyma düşmedi – diýip, halkyň öňünde boýun alypdyr.

Şol wagt münberiň golaýragynda Ependiniň ogly oturan eken. Ol kakasynyň sözüni eşidip, başyny galdyrypdyr-da:

– Kaka, eger seniň ýadyňa wagyz-nesihat düşmedik bolsa, wagtyragynda münberden düşäýmek hem hakydaňa gelmedimi? – diýipdir.

## Ependi hem horan

Bir gün Ependiniň öýüne horan myhman gelipdir. Ependi orta saçak atyp, nahar getirmäge gidipdir. Ol gaýdyp gelse, goýup giden çöreginden bir tike-de galmandyr. Ol hiç zat diýmän, ýene-de çörek getirmäge gidipdir. Çörek alyp gelse, goýup giden nahary-da gutaran eken. Şondan soň ol boş gaby alyp nahar üçin ylgapdyr. Ependi bu sapar hem görse, saçakda çörek ýok eken. Mahlasy, gapdaky nahar, saçakdaky çörek gutarýança, Ependi iki-baka gatnap durupdyr. Asyl nahar bilen çöregiň başyny jemlemek başartmandyr. Ahyry ol myhmandan nirä barýanyny sorapdyr.

Horan:

– Men işdämiň ýoklugyndan horlanýan. Şonuň üçinem şähere barýan. Şo ýerde tebibe görünjek. Derman alyp bildigim, eglenmän yzyma dolanjak. Enşalla, aňyrsy bir aýdan ýene görşeris. Men seni gaty haladym. Gaýdyşynym seniňkide bir aý myhman bolmak, şu ýeriň howasyndan ine-gana dem almak niýetim bar – diýipdir.

Onda Ependi:

– Wah, arman! Gaýdyşynyň biz görşüp bilmesek gerek. Biz erte-birigün göçýäris – diýipdir. Şeýlelik bilen Ependi ol horandan dynypdyr.

## Süýtdeş doganlar

Ependi bir gün öz üzüm bagyna tarap ýola düşüpdir. Ol eşegini öňüne salyp, kowup barýan eken. Ýolda bir adam onuň gapdalyndan çykyp, bälçirän bolupdyr.

– Ýeri, Ependi, iki kişi bolup nirä barýaňyz? – diýipdir.

Ependi eşegini görkezip:

– Siz indi şunuň bilen süýtdeş doganlar ýaly bolup, aýak goşup ýöräberiň. Meniň şu ýerde azajyk işjagazym bar. Şol işimi bitirdigim, yzyňyzdan ýetip, hemmesini bolşy-bolşy ýaly edip aýdyp bererin – diýipdir.

## Aý peýdalymy, ýa Gün?

Ependiden:

– Aý peýdalymy, ýa Gün? – diýip sorapdyrlar. Ol hiç bir pikirlenmezden:

– Elbetde, Aý peýdalydyr. Gün gündiz dogýar, gijesine ondan hiç bir peýda ýok. Aý bolsa garaňky gijelerde dogýar. Özüniň şuglasy bilen bütin tümlügi gündizlik ýaly ýagtyldýar. Şonuň üçin hem Aý Günden peýdalyrak – diýipdir.

## Ependi pul bölýär

Bir gün Ependi adam baryny üýşürip, gürrüň berip otyr eken. Şol wagt onuň ýanyna çala tanyş bir adam gelip:

– Ependi agam, maňa şu tyllany bölüp beräýseň – diýipdir.

Ependä öz gullukçy ýoldaşlarynyň arasynda pulsuzlyk aýbyny açmak örän agyr düşüpdir. Ol bu adamy tizräk başdan sowmakçy bolup, abyr-zabyr edipdir.

– Eýsem, şu wagt pul bölünýän wagtmydyr? – diýipdir.

Emma ol adama zerur pul gerek bolansoň, Ependiden el üzmändir. Bir sapalak ataýmasa, oňa başga alaç galmandyr. Ol gelene:

– Hany, tyllany bärik ber – diýipdir. Ependi tyllany eline alyp, saldarlap görüpdir. Eýlesine-beýlesine agdaryp, oklap-gapan bolupdyr. Ahyrda bolsa:

– A-ho-ow, inim, men seniň bu tyllaňy asyl bölüp bilmerin. Bu doly agramly tylla däl ahyryn – diýipdir. Ol adam:

– Bolýar agam, näçe agramy bardyr öýtseň, şoňa görä, ownuk pul beräý! – diýip, ýapyşyp ýatypdyr. Ependi ýene-de puly saldarlap:

– Weý, munyň ýaman ýeňil-aýt! Asyl munda hiç bölerlik zat ýok-la – diýipdir. Onda gelen adam:

– Gel, sen näçe berseň beräý! Soňra men bu tyllany alan adamyma gaýtaryp, seň puluňy üzlüşäýerin. Senem maňa ullakan ýagşylyk eden adam bolarsyň – diýipdir. Bu sözleri eşiden Ependini der basypdyr. Ahyrda ol:

– Men hasapladym. Sen maňa munyňdan daşary ýene alty şaýy bermeli bolarsyň – diýipdir.

## Bize ýene bir pil iberiljekmiş

Teýmirleňiň goşunynda piller juda köp bolup, uruş-ýöriş başlan wagtynda olardan peýdalanylýar eken. Şolaryň birini Ependiniň ýaşaýan obasyna bakmaga iberipdirler. Pil obadaky ekinleriň baryny paýhynlap çykypdyr. Şonuň üçinem Ependini öňlerine salyp Teýmirleňe arz etmäge gidipdirler. Emma Teýmirleňiň gazabyndan gorkan daýhanlaryň ilki birisi, soň ýene biri, soň beýlekisi ökje ogurlap, yza galypdyr. Ependi Teýmirleňiň huzuryna girmek üçin hyýallanyp, gaňrylyp yzyna seretse, yzyny ýel syran ýalymyş. Ependi: „«Päheý, züwwetdinler!» diýip, ep-esli oýlanyp durupdyr. Soňra: «Ýeri, bolýa-da, men aldamagyň nämedigini size mazaly görkezerin» diýip, Teýmirleňiň arz jaýyna baran. Şa Ependiden näme üçin gelendigini sorapdyr.

Ependi:

– Sen köşk pillerinden birini biziň ygtybarly obamyza bakmak üçin iberipsiň. Ine, seniň gullaryň bolan daýhanlar meni seniň ýanyňa iberdiler. Olar merhemet edeniňiz üçin sizden gaty razy. Emma biçäre piliň ýat ýerde höwri bolmansoň, ýeke özüniň ýüregi gysýar, öwrenişip bilenok. Onuň zaryn-zaryn sesine biziň ýüregimiz gyýylýar. Daýhanlar bu ýere meniň bilen bile geldiler, emma siziň ýüzüňize gelip bilmediler. Olar meniň hoş habar elterime sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar. Eger siz bizi öz ak ýürekli raýatyň hökmünde ykrar etseňiz, biz kyýamata çenli siziň gadryňyzy bileris – diýipdir.

Bu habary eşidip Teýmirleň hoş bolupdyr. Ependä halat-serpaý ýapypdyr. Oňa uly merhemet bilen hezzet-hormat edipdir. Daýhanlara bolsa taňryýalkasyn iberip oňupdyr. Teýmirleň Ependiniň ýaşaýan obasyna ýene bir urkaçy piliň iberilmegi barada höküm edipdir. Şunlukda Ependi diňe özüniň howpdan gutulmag-a däl, eýsem patyşanyň sylagyna-da mynasyp bolanyna begenip, öz obasyna gaýdypdyr. Daýhanlar Ependiniň dolanyp gelenini görüp, onuň daşyna üýşüpdirler.

– Ýeri, Ependi, näme habar getirdiň? Biz seniň hoş habaryňa garaşýarys – diýipdirler.

Ependi uly bir beladan sypan adamyň şatlygy bilen:

– Buşluk, bize ýene-de bir pil iberiljek – diýip gygyrypdyr.

## Ependiniň eşegine kömek edişi

Günlerde bir gün Ependi bazara gidipdir. Ol her dürli gök ekinlerden ýüküni tutup, alan zatlarynyň baryny horjuna salypdyr. Soňra agzy-burny bilen doly horjuny egniniň üstüne aşyryp atypdyr-da, eşegine münüp, ýola düşüpdir. Ýolda barýarka adamlar oňa:

– A-ho-ow, Ependi, horjunyňy egniňe atyp, ýegşerilip barman, eşegiňe ýükläp, özüň arkaýyn otursaň bolmaýarmy? – diýipdirler.

Ependi bolsa:

– Onsuz hem eşegiň ýüki ýetik ahyryn. Özümiň münüp oturanymyň üstesine ýene horjunymy-da oňa ýükläýinmi? Men beýle naýynsap däldirin – diýipdir.

## Soňky gün aýtmady diýme!

Ependi bir gün düýş görüpdir. Düýşünde ony goňşy aýallar öýerjek bolýarmyşlar. Bir topar gelin onuň daşyny gallap: «„Ine, şu gelin saňa mynasyp» diýşip, alasladyp barýarmyşlar. Ependi hopugyp turupdyr-da, aýalyny yralap oýarypdyr.

– Oýan-how, ýüregi aýra keýwany! Dünýäden habaryň ýok, myrlap ýatyrsyň. Äriňden dynmakaň, aýňal basymrak! Gapdalyňda birini joňkardaýmakalar bulary kowuşdyr. Soňky gün «aýtman öýlendiň» diýip, iňirdeýji bolaýmagyn! – diýipdir.

## Ysyny nätjek?

Bir adam Ependi bilen ýanaşyk otyrka, duýdansyzlykda ýel goýberäýipdir. Soň ol muny duýdurmajak bolup, aýagy bilen tagtany takyrdadyp başlapdyr. Onda Ependi oňa ýüzlenip:

– Bar, hamana, sesi tagtanyň takyrdysyna meňzeş diýeli, onda onuň ysyny nätjek?! – diýipdir.

## On dolusy bir batman

Günlerde bir gün Ependi tokaýa odun ýygmaga gidipdir. Ýolda ol bir towşan tutupdyr. Ol henize çenli towşan diýen zady görmän eken: «Be, bu neneňsi geň haýwan! Gel, men muny öýe äkideýin, belki, munuň nähili haýwandygyny bilen tapylar» diýip oýlanan. Soňra ol tutan towşanyny torba salyp, agzyny hem pugta daňypdyr-da, öýüne getiripdir. Ol aýalyna özüniň tutan haýwany hakda gürrüň edip beripdir. Soň bolsa munuň nähili haýwandygyny bilmek üçin goňşy-golamlary çagyrmaga çykan. Aýalyna hem «„Gelýänçäm torbanyň agzyny açaýmagyn!» diýip tabşyrypdyr. emma «Dälä „harman otlaýma» diýleni bolupdyr. Ependiniň aýaly ýeke özi galandan: «Munda üýtgeşik bir geň haýwan bar bolara çemeli. Gel, muny açyp, ýeke özüm arkaýynlykda bir göreýin» – diýip pikirlenipdir. Ol torbanyň agzyny açan badyna towşan turup gaçypdyr. Ependiniň aýaly aljyrap, başga näme alaç etjegini bilmän, beýle ýanragynda düňderilip ýatan arpa-bugdaý susulýan susajygy torbanyň

içine atyp, agzyny daňyp goýupdyr. Ol „ «Munuň soňy näme bilen gutararka?» diýip, galagop ýagdaýda garaşyp durupdyr. Ependi «goňşy-golamlar» diýip köçä çykanda, şäheriň atly-abraýly adamlary myhmançylykdan gaýdyp gelýän ekenler. Olar Ependiniň öýüniň gapdalyndan geçip barýarkalar, onuň bilen gabat gelşipdirler. Olar Ependiniň eýlesine- beýlesine geçip, ony gürledipdirler. Ependi hem özüniň geň-enaýy bir haýwany tutup, öýe getirendigini aýdypdyr. Ol adamlar bu geň haýwany görmekçi bolup, Ependiniň öýüne barypdyrlar. Ependi gelen adamlary bir jaýyň içinde döwre guradyp oturdypdyr. Eger ol haýwan birden gaçaýmakçy bolsa dagy tutar ýaly, olaryň ellerini ýokary galdyryp, taýýar bolup durmaklaryny haýyş edipdir. Soň ol ortara geçip, torbanyň agzyny çözmäge başlapdyr. Oturanlaryň hemmesiniň gözi torbadamyş. Ependi torbanyň agzyny çözüp, başaşak tutupdyr-da, kişüwläpdir. Torbanyň içinden towşana derek susguç tokulap ýere gaçypdyr. Ependi haýran galyp, aňk-taňk bolupdyr-da, başga näme diýjegini hem bilmän:

– Ine, şunuň on dolusy bir batman bolar – diýip, susgujy ýerden galdyran bolanmyş.

## Ependiniň öwüdi

Günlerde bir gün Ependiniň ýanyna goňşy aýal gelipdir-de:

– Goňşy, meniň şu telbe gyzymy ýa okap ber, ýa-da doga-tumar et! Ýogsam, her gün meniň bilen tutaklaşyp, gün berenok. Çem gelen zady aýlap salýar. Ol meni urup öldürjek – diýipdir.

Ependi:

– Bilýäňmi goňşy, men indi garrapdyryn. Meniň dogamyň hem güýji galmandyr, tumarymyň hem. Sen oňa är tap. Ol oňa doga-da berer, tumar hem. Bir önelgejigem bolaýdygy, öz aladasy özüne ýetik bolar. Şunlukda ol mum ýaly ýumşak, perişde ýaly ýuwaş bolar – diýipdir.

## Ependi algydaryny utandyrýar

Ependi bir sebäp bilen dükança elli üç teňňe bergili bolupdyr. Emma ol uzak wagtlap bu bergisini üzüp bilmändir. Günlerde bir gün Ependi öz dostlary bilen bazarda otyrka, onuň birden dükança gözi düşýär. Dükançy eger bergisini bermese, onda it masgarasy etjekdigini düşündirjek bolup, Ependä birhili-birhili yşarat edip başlapdyr. Ependi dükançyny görmediksirän bolup, beýlesine bakyp oturypdyr. Emma dükançy beýle tarapdan gelip, oňa öňküsinden hem beter mojuk yşaratlar edip ugrapdyr. Ependi muňa çydam edip bilmän, kellesini ýaýkap:

– Lä hawle we lä kuwwate, illä, billähi[1] – diýip, okamaga başlapdyr. Emma onuň öňündäki duran dükançy «Lä hawle» dogasyny okanda ýok bolup ötägider ýaly eýe ýa şeýtan däl ahyryn. Ol özüniň howply yşaratlary bilen Ependä haýbat atmagyny dowam etdiripdir. Şol wagt Ependi: «Aguzy billähi mineşşeýtan yrrajym, Hudaýym maňa sabyr-kanagat berseň ber, emma şu haramzadanyň eline berme» diýip, gaty ses

[1] Lä hawle we lä kuwwate, illä, billähi – Alladan başga güýç ýokdur.

bilen gygyrypdyr. Bu ýerde bir syryň bardygyny dostlary aňypdyrlar. Dükançy Ependiden el üzmändir. Ependiniň hem sabyr käsesi dolupdyr. Ol:

– A-ho-ow, meniň saňa näçe bergim bar? – diýip gygyrypdyr. Dükançy:

– Elli üç teňňe – diýip jogap beripdir. Ependi:

– Örän gowy! Ertir gel-de, ýigrimi sekiz teňňäni al, birigün hem ýigrimi teňňäni al, kyrk sekiz teňňe boldy gerek? Ýene näçe teňňe galdy? – diýip sorapdyr. Dükançy hem:

– Jemi bäş teňňe galýar – diýipdir. Ependi bolsa:

– Ah, sen nadan! Gel-gel indi bir bäş teňňe üçin meni ak bazaryň içinde dostuň-duşmanyň öňünde gyjalata goýmaga utanokmy? Utan! – diýip, alarladyp barýarmyş.

## Başga aglajagy ýokdur

Günlerde bir gün Ependiniň aýaly syrkawlapdyr. Ependi işden gele-gelmäne onuň başujunda çöküp, möňňürmäge başlapdyr. Syrkawy soramaga gelen goňşy aýallaryň biri:

– Goýaweri, goňşy. Bu ýerde gorkasy zat ýok. Aýalyň basym sagalar – diýipdir.

Ependi bolsa:

– Men bir işli adam. Her gün birýana gidýän. Öýde örän seýrek bolýan. Häzir maňa zat diýmäň. Elimiň boşan wagty agysyny bir ýetireýin. Bolmasy bir iş bolaýsa, bu görgüliň menden başga aglajagy-da ýokdur – diýipdir.

## Är-aýalyň kesirligi

Ependi eşegine ot-suw berip ýörmekden ýadapdyr-da, aýalyna:

– Eşege şu günden başlap sen seret! – diýipdir. Emma aýaly muňa razy bolmandyr. Şonuň üçin är-aýalyň arasynda uly dawa turupdyr. Ahyrda olar «„gepleşmeli däl, kim ilki geplese, şol hem eşegi idetmeli» diýşip şertleşipdirler.

Ependi bu şertden soň bir dula çekilip, ýoňsuz wagt şol ýerde sarsman oturypdyr. Aýaly bolsa bu dym-dyrslykdan iripdir-de, ýaglygyny atynyp, goňşularyna çykyp gidipdir. Ol agşama çenli gelmändir. Agşam namazy okaljak wagty Ependiniň aýaly öz äri bilen eden şertlerini goňşusyna aýdan:

– Meniň ärsumagym örän kesirdir. Ol açlygyndan öler welin, geplemez. Oňa bir tabaga çorba guýup ibermeli – diýipdir. Aýallar çorbaly tabagy bir oglanyň eline berip, Ependä nahar iberipdirler. Ependiniň aýaly goňşularynyňka çykan badyna olaryň öýüne ogry giripdir. Ogry öýdäki hemme ýüzi suwluja zatlary orta üýşüripdir. «„Ene näme göze ýakymly zat barka» diýip, jaýyň içine ser salypdyr. Görse, Ependi bir dulda torsarylyp oturanmyş. Ogry ilkibada aljyrap, howsala düşüpdir. Ýöne, onuň dünýä bilen seriniň ýokdugyny dessine aňypdyr. Onuň galmagal etmäg-ä beýle-de dursun, gaýtam, berlen soraga-da jogap bermän, edil doňňaradaş ýaly bolup oturyşyny görüp, ogry Ependini oturan bir kör-şeldir öýdüpdir. Ependiniň gözüniň alnynda ol hiç bir gypynçsyz derege ýarajak zatlaryň baryny düýrläp başlapdyr. Soň ol Ependiniň özüne erşip görmegi ýüregine düwüp: „«Hany, men munuň kellesinden sellesini-de alyp göreýin, ol şonda-da sesini-üýnüni çykarman otirarmyka?» diýip

oýlanypdyr. Ol Ependiniň başyndaky sellesini hem sypyrypdyr-da, ogurlan zatlarynyň daşyny daňypdyr we ony arkasyna atyp çykyp gidipdir.

Ogrynyň yzysüre hem eli tabakly oglan gelipdir. Ol bir burçda kesilen töňňe ýaly dommaryp oturan Ependini görüp:

– Size çorba iberdiler – diýipdir. Ependi öýüniň içindäki zatlaryň ählisiniň ogurlanandygyny, kellesindäki sellesine çenli ogrynyň sypyryp äkidendigini aýalyna ýetirjek bolup, sykylyk atyp, içerini görkezipdir. Oglan bolsa, «Çorbaly tabagy onuň kellesiniň üstünden üç gezek aýlap, düňderäýmelidir» diýip düşünipdir-de, tabagy Ependiniň kellesine geýdiripdir. Gyzgyn çorba Ependiniň kellesini çürüşdirere getiripdir. Içi tüwüli çorba ýüzünden syrygyp, sakgalyndan sarkyp gaýdypdyr. Şonda-da Ependi agzyna gurşun guýlan ýaly bolup, sesini çykarman oturanmyş.

Oglan eli boş tabakly öýüne gaýdyp gelipdir. Onuň habaryny alanlarynda, ol öýde hemme zatlaryň – gapylaryň, sandyklaryň açykdygyny, öýüň içiniň agdar-düňderdigini, öý goşlarynyň edil pişik oýnan ýaly bulam-bujardygyny aýdypdyr. Ol Ependiniň özüni nähili garşylandygyny we çorbany näme edendigini hem gürrüň beripdir.

Ependiniň aýaly yzynda bir wakanyň gopandygyny aňyp, öýüne ýelk ýasaýypdyr. Görse, öý agdar-düňdermiş. Dulda gäp[1] ýaly bolup oturan äriniň ebtine gözi düşenden, oňa haýpy gelip:

– Waý, waý-ýeý, saňa nä döw urdy? – diýipdir.

Ependi hem onuň sözüni agzyndan kakyp alýar-da:

– Ana, geplediň, bar, indi eşege özüň seret! – diýipdir.

## Aýalymy hem ýatlaýaryn

Bir gün Ependiniň ogly bolupdyr. Aýallar oňa:

– Ependi, ogluňa bir at dak! – diýipdirler.

Ependi oglunyň gulagyna azan aýdyp: „«O Adika – men Nasreddin» diýip gygyrypdyr. Şol wagt bir kempir ileri omzap:

– Bu nä boluş? Sen bular ýaly ýerde bir oýun etme. Dogryňdan gel-de, gowja bir at tap – diýipdir.

Ependi bolsa «„şundan gowy at bolmaz» diýip, ýer depip duranmyş. Onda kempir:

– Asyl saňa aýdanoklarammy? Çagaň ogul ahyryn – diýipdir.

Ependi:

– Bilýän, bilýän. Näme oglana ejesiniň adyny dakaýamda aýyp bolar öýdýäňmi? Men oglanyň ejesini gaty gowy görýärin. Birden aýalym öläýse, şu at bize ýadygär galar. Her gezek oglumyň adyny tutanymda, aýalymy ýatladygym bolar – diýipdir.

## Ependi Teýmirleňden gaçýar

Düýşüne girip bimaza edeni öldürmek Teýmirleň üçin adat bolupdyr. Ependi bu hakda eşiden badyna assyrynlyk bilen goş-golamyny göterip, öz obasyna gaçypdyr. Käbirleri oňa:

[1] Gäp – içine saman, selin dykylan haýsydyr bir haýwanyň hamy.

– Ependi, onuň bilen diňe sen oňuşýardyň. Onuň garşysyna halanyňy edip, isläniňi diýip bilýän ýeke-täk adam sendiň, ol saňa batyrynyp bilmeýärdi. Bu ýagdaý diňe bir saňa däl, halkyňa-da uly kömek bolýardy. Ilat, köplenç Teýmirleňiň gazabyndan sowa galýardy. Näme üçin sen paty-putyňy göterip, bu ýere geldiň? – diýip sorapdyrlar.

Ependi:

– Ol oýaka haýynlyk etjek bolsa, hötdesinden gelýän-le. Emma ukudaka düýşüne giräýsem, onda ol diňe öz islänini eder – diýip jogap beripdir.

## Iki setirjik oka!

Bir gün sowatsyz adama pars dilinde ýazylan hat gelipdir. Ol geçip barýan Ependiden haty okap bermegi haýyş edipdir. Ependi haty eline alypdyr. Emma ony okap bilmän, eýesine gaýtarjak bolupdyr welin, ol adam oňa «„oka» diýip, aýagyny diräp duranmyş.

Ependi nalaçlykdan:

– Meniň pars dili bilen aram saz däl. Ol türküçe bolaýanda-da, haty şu boljak bolsa, okap bilmerin – diýipdir.

Hat okatjagyň gahary gelip:

– Päheý, seniň Ependi bolaýşyňdan. Parsça bilmeýän bolsaň, sen tüýs bisowat ekeniň. Ýarma sokusy ýaly **e**dip selle geýmäň näme? Selläňi degirmen daşy ýaly edip, nämä gabarylýaň? – diýipdir.

Ependiniňem gahary gelipdir. Sellesini çykaryp, ol adamyň öňüne oklapdyr-da:

– Selle oranýan adam hat bilýändir öýdýän bolsaň, al, şulary geýdejik, agaň hatyndan iki setirjik okap ber – diýipdir.

## Gören eşigim däl

Ependi bir agşam ýol bilen gidip barýarka, bir serhoş adamyň çalam-çaş bolup ýatanyny görüpdir. Ependi onuň şäher häkimidigini tanap, sellesi bilen çäkmenini alyp gidipdir.

Häkim daňdan huşuna gelipdir. Görse, sellesi bilen çäkmeni ýok eken. Ol öz adamlaryna sellesi bilen çäkmenini tapmagy hem-de alan adamy tutup getirmegi buýrupdyr.

Hyzmatkärler Ependini tutup, häkimiň ýanyna eltipdirler. Häkim köpçüligiň içinde:

– Bu selle bilen çäkmeni nireden aldyň? – diýip sorapdyr. Ependi biperwaýlyk bilen:

– Düýn agşam pylan köçeden gelýärkäm, özüni bilmän ýatan bir serhoşyň egninden sypyryp aldym. Eger şol adam siz bolsaňyz, halal malyňyz, ynha, alaýyň – diýipdir.

Häkim adamlaryň arasynda gyjalata galmajak bolup:

– O zeýilli bolsa, men däldim, bular bolsa meniň gören eşigim däl – diýipdir.

## Ependi eşege okamagy öwredýär

Bir adam Teýmirleňe bir daýaw eşek sowgat beripdir. Teýmirleň muňa gaty şatlanypdyr. Köşk ýaranjaňlary bolsa, «Dünýä döräp, munuň ýaly haýwan dörän däldir» diýşip, ol eşegi magtapdyrlar. Gezek Ependä ýetende:

– Şu owadan haýwanda men ullakan ukyp görýärin. Eger şu eşegi okadyp bolsa, ol gaty sowatly bolarmyka öýdýän – diýipdir. Teýmirleň bu sözi eşidip:

– Eger sen şu eşege şol sungaty öwredip bilseň, men seniň sylagyňy ýetirerin. Ýöne welin, habardar bol. Seniňki hem owalda biriniňki ýaly bolaýmasyn. Sagdynyň «„Gülüstan» kitabynda bir masgarabaz barada bir rowaýat bar. Ol eşege adam dilini öwretjek bolanda, bir parasatly adam: «Sen ýabany haýwanlara geplemegi öwredip bilmersiň. Eger sen adam boljak bolsaň, olardan geplemezligi öwren» diýipdir. Ýagdaýyňa seret, eşege okamagy öwredip bilmeseň, men seni ýöne ile gülki edip goýmaryn. Saňa gaty uly temmi bererin – diýipdir.

Ependi:

– Siz huzurynyzda ýalan ýerden «bir zady ederin» diýip lap etmek, tüýs ketjallygy ýa-da akmaklygy aňladyp biler. Öz tanşyma kast eder ýaly, men akmak, ýa-da zynjyrlaýmaly däli däl ahyryn. Men size aýdýan zadymy örän ýagşy bilýän. Emma maňa üç aý möhlet bilen harjylyk üçin hem şunça pul berseňiz synanyşaýaryn. Galan zatlar bilen işiňiz bolmasyn – diýipdir.

Bu işiň ahyrsoňunyň tomaşa bilen gutarjagy güman edilip, Ependiniň talaplary ýerine ýetirilipdir. Ependi üç aýlap ýagşy iýipdir, hem-de bir kitabyň sahypalarynyň arasyna kepek sepip, günde bir sahypany eşege ýaladypdyr. Şunlukda, köp gezek şeýle edensoň, eşegiň özi kitabyň sahypalaryny agdaryp, kepek ýalamaga endik edipdir. Möhlet gutarandan soň, Ependiniň görkezmegi bilen meýdanda mejlis gurlupdyr. Bellenen sagady ýetip gelende üsti altyn bilen kebşirlenen gaňňaly ajaýyp jully eşek görnüpdir. Ependi eşegiň nogtasyndan tutup, ony idip getiripdir. Ol töwerek-daşyna salam berip, kürsiniň üstünde goýlan kitaba bakan eşegi idip ugrapdyr. Eşek kitabyň ýanyna baryp, sen-men ýok, dili bilen onuň sahypalaryny agdaryp başlapdyr. Kitabyň belli bir ýerine ýetende, Ependä bakan öwrülip, aňňyrypdyr. Emir Teýmirleň Ependiden:

– Bu näme etdigi? – diýip sorapdyr.

Ependi bolsa:

– Ol okap bolansoň, emire doga edýär – diýip jogap beripdir. Ol ýerdäkiler geň galypdyrlar. Emir Teýmirleň şatlanyp, Ependä köp sylag-serpaý beripdir.

## Ependiniň ýola ugraýşy

Günlerde bir gün Ependi münülip öwredilmedik eşege münüpdir. Eşek örän kesir eken. Ependi ony öz gitjek tarapyna hiç öwrüp bilmändir. Ondan:

– Ependi, nirä barýarsyň? – diýip soranlarynda, ol:

– Eşegim nirä äkitse, şoňa barýan – diýip jogap beripdir.

## Wagtynda gaýdan ekeniň

Zalym patyşa bir gün öz goşunynyň düşen obalaryna gezelenje çykypdyr. Ol bir hepdeläp gezelenç edip, köşge dolanypdyr. Şol wagt onuň ýanyna Ependi salama baryp, şeýle diýipdir:

– Neneň hökümdarym, göwün açyp bildiňizmi?

– Hawa, wagtymy örän hoş geçirdim. Baş güni obada tötänden ýangyn döredi, baý, tomaşa bol-dow. Heläk bolan hem tapyldy, biriniň gaýnenesi öldi, ol pahyr kösenip, dat-bidat etd-ä! Ýaş güni iki adamy bir guduz it ýardy. Adamlar hem «guduzlamasyn» diýip, olaryň endamyna köz ýaly gyzdyrylan demir basdylar. Olar edil öküz ýaly bögürdiler. Hoş güni sil geldi, birentek tamy ýumurdy. Her hili öý goşlary suw bilen akyp gitdi. Içi çagaly sallançaklar gaýyk ýaly bolup gaýyp suwda ýör. Sygyrlaryň, göleleriň, düýeleriň hemmesini diýen ýaly sil alyp gitdi. Biz oňa uzynly gün tomaşa etdik. Sogap güni biriniň gäwmişi boşady, adam baryny gyran-jyran etdi. Kimiň gözüni çykardy, kimiň garnyny silkdi. Şol garny silkileniň «öler howpy bar» diýýärdiler. Anna güni bolsa biri bir zat tapynypdyr-da, adamlara azar berdi. Meniň gaty gaharym geldi. Ol haramzada «ölüm jezasyny beriň» diýip buýurdym. Agşama çenli şonuň ugrunda süýrendim. Ruh güni bolsa tötänden bir tam ýykyldy. Aýal-erkek, çaga-çuga barysy aşagynda galyp öldi. Aýallaryň sesi obany tutdy. Men «Derrew ýykylan jaýyň döwük-ýenjiklerini eýläk-beýläk aýryşdyryň» diýip buýurdym. Jaý palçykdan salnan eken.

Dogrusy, jaýyň astynda galanlaryň mysalasy gaty eýmenç eken, açanymyza puşman etdik. Şunlukda, olar gözümiziň alnynda gaty ejir çekip heläk boldular. Dynç güni bolsa bir aýal garaly agajyndan asylypdyr. Mahlasy, bütin hepdäm alada bilen geçdi – diýipdir.

Bu gürrüňden ýaňa ini dyglan, özünden gitmäge az galan Ependi görgüli sandyraýan sesi bilen:

– Hudaýa şükür, basym yza gaýdan ekeniňiz? Ýene bir hepde galaýan bolsaňyz-a, bütin obany ýumurtga togalabermeli etjek ekeniňiz – diýipdir.

## Ependiniň çörek dileýşi

Günlerde bir gün Ependi bir ýere myhman bolupdyr. Ol uzak oturypdyr, emma öňüne gelen zat bolmandyr. Öý eýeleri öň nahar edinen ekenler-de, olar Ependini hem dokdur öýdüpdirler. Şonuň üçinem oňa şerbet äberipdirler-de, soň hem süýji gürrüň edişip oturypdyrlar. Ýatar wagty bolansoň, öý eýesi oňa: «Sag-aman ýatyp-tur» diýip çykyp gidipdir. Ependi jaýyň içinde ýeke galypdyr. Ol bu çaka çenli has hem ajygypdyr. Ýerine geçip, şunça uklajak bolupdyr, emma açlygyndan ýaňa gözüne çiş kakylan ýalymyş. Içi halta bilen süpürilen ýaly bolan Ependi açlyga çydap bilmän, halys ýüregi akyp turupdyr-da, tamyň içinde aýlanyp başlapdyr. Emma diwara dyrmaşsa-da, mundan zat çykmajakdygyny duýan Ependi ahyry bolmandan soň, baryp beýleki jaýda ýatanlar bilen aralykdaky gapyny şakyrdadyp başlapdyr. Ýatanlar ondan:

– Näme habar? Näme boldy? – diýşip, howsala düşüp, ylgaşyp gelipdirler. Ependi zarynlap diýen ýaly:

– Siz maňa uly hormat edip, azara galyp, ýumşak düşek salyp berdiňiz. Emma men bir pukara adam, onuň ýaly ýumşak düşeklerde ýatyp öwrenişmämsoň, ukym gaçýar. Gowusy, maňa bir döwüm çörek berseňiz, başujumda goýup, süýji uka gitsem, sizi hem biynjalyk edip durmazdym – diýipdir.

## Ependiniň Bagdada hat ýazyşy

Bir gün Ependiniň dostlarynyň biri onuň ýanyna gelip:

– Men Bagdatdaky dostuma hat ýollamakçy welin, hat ýazyp bersene? – diýipdir. Ependi oňa:

– Aý, goýsana, walla, häzir Bagdada gitmäge wagtym ýok – diýipdir. Ependi bu sözleri aýdyp, öýden çykyp gidipdir. Ol adam geň galyp, Ependiniň yzyndan ylgapdyr. Onuň yzyndan ýetip:

– A-how, Ependi, men saňa hat ýaz diýýän, «Bagdada git» diýemok ahyryn – diýip jibrinipdir. Onda Ependi:

– Päheý, näme beýle düşünmezlige salan bolýaň. Men hat ýazsam, hökman yzyndan özüm gidip okap beräýmesem, ony özümden başga okap bilýän ýok ahyryn – diýip düşündiripdir.

## Ependi gelinleriň dawasyny çözýär

Ependi kazy wagtynda onuň huzuryna iki sany gelin gelipdir. Olaryň biri:

– «Men şu aýala ýogyn at tanapyny işip ber» diýipdim. Emma ol meniň saçym ýaly inçeden inçe edip işmäge başlapdyr. Şeýle edeni üçin men onuň bilen şertimi bozjak. Goý, ol aýal meniň pulumy gaýdyp bersin! – diýipdir.

Şu sözleri aýdyp durka, ol gelin ýüzüni näz bilen açyp, Ependä saçynyň örümlerini görkezip towlanjyrapdyr.

Gelniň bu bolşundan Ependi utanyp, toba edipdir, Allany ýatlapdyr. Soňra beýleki gelne tarap ýüzüni öwrüp:

– Ýeri, sen näme aýdarsyň? – diýip sorapdyr. Ol bolsa gahardan ýaňa sesini sandyradyp:

– Biziň aramyzda ýogynlygy ynha, meniň barmagym ýaly inçejik geýim serip bolaýjak ýüp hakynda gürrüň bolupdy. Emma meniň bilegimiň ýogynlygyndaky ýaly ýüp işmek hakynda düýbünden gürrüň bolmandy – diýipdir.

Şeýlelik bilen öz sözüniň hakdygyny subut etmekçi bolup, ol bir şahyryň: «„Dellek Musa päkini alan badyna, onuň eliniň ak kümüş ýaly arassa bilegi ýalaňaçlandy» diýen sözlerini ýatlap, ak gar ýaly bilegini görkezipdir. Ependi alaçsyz onuň sözüni kesipdir. Ol gelinleriň ikisini-de başlaryndan tä aýaklaryna çenli ýiti synlapdyr hem ýylgyryp:

– Gelinler, her niçigem bolsa, öz araňyzda gepleşiň-de, ylalaşyga geliň – diýipdir. Soň ýüp işjek gelne ýüzlenmek bilen sözüni dowam etdirip:

– Sen birneme ýogynrak iş, emma welin, ýaňky edişiň ýaly etseň, birden Ependiňiziň-de ýüregi üzüläýmesin, – diýipdir. Muňa gelinler gülşüpdirler-de, gidiberipdirler.

## Siz onuň gylygyny bileňzok

Bir topar adam gezelenje çykypdyr. Olar iýip-içipdirler, soňra bolsa ellerini ýuwmaga kölüň gyrasyna barypdyrlar. Obanyň ymamy bolsa kölüň gyrasyna barabarmana aýagy taýyp, suwa güwläp gaýdypdyr. Dumly-duşdan kömege gelen adamlar ymama elini uzadyp:

– Eliňi ber! – diýip gygyrypdyrlar.

Ymam hiç kime elini bermän, dyrmaşyp, özi çykjak bolupdyr. Ependi muny görüp:

– Hany, aýrylyň bakaly. Siz onuň gylygyny bilýän dälsiňiz. Ol suwa gark bolar welin, siziň aýdanyňyzy etmez. Bu tohum millete zat bermäge endik eden däldir. Ine, oňa şeýle ýüzlenmelidir – diýipdir-de, oňa bakan aşak eglip:

– Eý, ependim! Meniň elimi al! – diýipdir. Ol bu sözleri aýdan badyna:

– Wah, doganjygym, Taňryýalkasyn – diýip, ellerini titredip, Ependiniň golundan tutupdyr.

Ependi şeýdip ymamy kenara çykarypdyr.

## Ependi we hammamçylar

Bir gün Ependi hammama barypdyr. Hammamçylar oňa köne sürteç beripdirler. Dogrusy, onuň gelenine ähmiýet berenem bolmandyr. Ependi hem sesini çykarmandyr. Ýöne hammamdan çykanda, aýnanyň tekjesinde on teňňe goýup gidipdir. Hammamçylar muňa geň galypdyrlar, begenişipdirler.

Bir hepdeden soň Ependi ýene şol hammama barypdyr. Hammamçylar bu gezek Ependä dumly-duşdan hyzmat edip başlapdyrlar. Oňa täze sürteç, ýüpek el süpürilýän beripdirler. Ependi ýene sesini çykarmandyr. Emma bu gezek hammamdan çykanda, şol tekjäniň üstünde ýekeje teňňe goýupdyr. Hammamçylar haýran galypdyrlar, gaharlanypdyrlar. Şeýle-de bolsa:

– Ependi, munyňa nähili düşünmeli? – diýip sorapdyrlar.

Onda Ependi:

– Bu ýerde düşünip-düşünmez ýaly hiç zat ýok. Bu günki beren teňňäm-ä geçen sapar üçin, geçen gezekki berenim hem şu günki hammam üçin – diýip, jogap berip gidiberipdir.

## Sesi ertir çykar

Günlerde bir gün Ependi öz şägirdi Imat bilen öýüne gelýär eken. Olar jaýyň töwereginde ogrularyň köwejekläp ýörendiklerini görüpdirler. Ependi özlerinden ogrularyň oňly zat tapmajakdyklaryna kemsiz gözüni ýetirip, sessiz-üýnsüz

barýarmyş. Imat ogrularyň gapynyň agzyna baryp dümtünip duruşlaryny görüp, olaryň hyşy-wyşylaryny eşitjek bolup, diň salýarmyş. Hiç zat eşidilmänsoň, ahyry ol:
– Ependi, olar näme işleýärlerkä? – diýip sorapdyr.
Ependi:
– Saz çalýarlar – diýipdir.
Imat bolsa:
– Onda näme üçin hiç bir ses eşidilenok? – diýip sorapdyr.
Ependi:
– Sesi ertir çykar – diýipdir.

## Ependi we çörekçi

Ependi iş üçin gidip barýarka, ýolda gaty ajygypdyr. Emma iýere zat almaga puly ýok eken. Şol barşyna bazarda gezip ýörkä çörek bişirilýän ýerde daş-töweregine ýakymly ysyny ýaýradyp, bugarýan täzeje çöregiň tamdyrdan çykarylyp durandygyna gözi düşüpdir. Ol bir çetde oturan çörekçä:
– A-how, atam, bu çörekler seniňkimi? – diýip sorag beripdir. Çörekçi:
– Hawa, meniňki! – diýip jogap beripdir. Ependi sesini öňküdenem batlandyryp:
– Be, atam, şu giden çöregiň hemmesi seniňkimi! Ýeri, aýtsana, dogrudan hem, ynha, şu ýaýrap ýatan tegelejik, pamyk ýaly ýumşak, gyzgynjak çörekleriň hemmesi özüňkimi? – diýip soranmyş. Çörekçi:
– Ýeri, näme beýle köp ýaňraýarsyň? Hawa, şularyň bary meniňki – diýipdir. Onda Ependi ýalynjaňlyk bilen:
– Eýsem-de bolsa, atam, näme beýdip seredip otyrsyň? Eger özüňki bolsa, al-da, iýiber-dä – diýipdir.

## Ependiniň aýalynyň hasaby

Ependiniň öýleneli bäri bary-ýogy üç aý geçen eken. Bir gün aýaly Ependä:
– Bir göbegene tapyp geläýseň – diýipdir. Ependi bir hili bolup:
– «Çaga dokuz aýdan soň dogulýarmyka» diýýärdik welin, keýwany, bu näme boldugy? – diýipdir.
Aýaly gaharlanyp:
– Sen meni alalyň bäri üç aý geçdimi? Geçdi. Meniň saňa gelelim bäri üç aý geçdimi, geçdi. Çagany göwrämde göterip ýörenime-de üç aý. Ine, saňa dokuz aý – diýipdir.

## Ependiniň sawçylygy

Bir gün obanyň hany Ependini bir baýyň gyzyna sawçylyga iberipdir. Ol gidip barýarka, ýolda bir işan duş gelip:
– Baýyň gyzyna meniň üçinem söz aýdyp ber – diýipdir. Ependi baýyň öýüne gelip, saglyk-amanlyk soraşanyndan soň, öý eýesi onuň habaryny alypdyr.
Ependi:

– Üç adam gyzyňyza hyrydar: biri han, biri işan, biri-de men – diýipdir. Baý gülüp:
– Ýeri, sen bularyň haýsysyny maslahat berýärsiň? – diýip sorapdyr. Onda Ependi:
– Özüň gör, baý aga! Hanyň ýagdaýyn-a özüň bilýäň, onuň bu dünýäde keýpi kök, emma o dünýäde ýüzi ýok. Işanyň iki dünýäsi-de abat. Men bolsam, iki jahan owarrasy – diýip jogap beripdir.
– Onda bolsa gyz işanyňky – diýip, baý netijä gelipdir.

## Dawa ýaş üstünde-hä däldir?

Bir gün Ependiniň goňşusy hasyrdap gelip, demi-demine ýetmän:
– Ependi goňşy, bir gaýrat et, öýde aýalym gaýnenesi bilen tersleşipdir-de, ikisi ýolma-towuk oýnaşýarlar. Olary bir ylalaşdyrmagyň çäresini tapaýmasaň, bolar ýaly däl. Oýlan-da bir alajyny tap, men-ä hiç başaryp bilýän däldirin – diýipdir.
Ependi:
– Tersleşik nämeden başlandy? Dawa olaryň ýaşlary üstünde-hä turan däldir-dä? – diýip sorapdyr.
Onda goňşusy:
– Ýok, ýaş üstünde-hä däl – diýipdir.
Ependi:
– Bar, eýle bolsa alada edip ýörme, öýüňe gaýdyber, olar eýýäm ýaraşandyrlar – diýipdir.

## Ependiniň synja kylyşy

Bir gün aýaly Ependä ýüzlenip:
– Biziň synja kylýan kündügimiziň düýbi deşilipdir. Içinde suw duranok, nätsekkäk? – diýipdir. Onda Ependi:
– Päheý, keýwany, şonuň dagy hem aladasyny eder oturarlarmy? Biz owal ilki meýdan edip, soň synja kylýan bolsak, indi kündüge suw guýan badymyza synja kylarys-da, soň meýdan edäýeris – diýip jogap beripdir.

## Bulaşyk hasap

Bir gün Ependi gök satylýan dükanyň duşundan geçip barýan eken. Dükançy Ependini gören badyna algysy ýadyna düşüpdir. Ependi öňürtiläp:
– Hany, depderiňe seret, meniň näçe bergim bar? – diýip sorapdyr.
Dükançy „«Büý-ä bergisini üzjeg-ow» diýip, ýyrş-ýyrş edipdir. Ependi bolsa sypmagyň tärini gözleýärmiş. Dükançy hasaplap başlandan, Ependi hem bile hasaplamaga durupdyr. Bütin ýylboýy alnan zatlaryň bahasyndan ýene-de otuz bir teňňe berginiň galany anyklanypdyr. Depderiň beýle ýüzüne garasalar, ymamyň jemi ýigrimi alty teňňe bergisi bar eken. Ependi dükança:

– Seret, ynha, meniň adyma otuz bir teňňe, ymamyň adyna-da ýigrimi alty teňňe bar eken. Bilýärmiň, näme? Ymam meniň ýegre dostum. Aramyzdan gyl geçýän däldir. Şonuň üçin onuňkynam hasaplaşaýyn. Oň bilen meniň aramda bary-ýogy bäş teňňe bar. Ojagaz bäş teňňäni hem häzir maňa berersiň welin, ikimiz bilen hem üzlüşdigiň bolar – diýipdir.

Dükançy „«Iki bergili bilen hem üzlüşdim» diýip şatlanypdyr. Ol uly höwes bilen bäş teňňäni Ependä uzadypdyr hem hoşlaşypdyr. Ependi gaýdansoň, dükançy uly iňkise gidipdir. Ýöne, bu bulaşyk hasaba hiç düşünip bilmändir.

## Gidere ýeri bolmaz

Ependi bir gün köçeden barýarka, bir adam onuň sellesini alyp gaçypdyr. Ependi sesini çykarman, gös-göni gaýralyga – mazarystanlyga tarap ýumlugaýypdyr. Ony gören adamlar:

– Ýeri, Ependi, bu taýda näme iş edýärsiň? – diýip sorapdyrlar. Ependi olara:

– Bir adam meniň sellämi alyp gaçdy. Men şoňa garaşýaryn – diýip jogap beripdir. Onda adamlar:

– Selle alyp gaçanyň bu ýerde nä köri bar? Git, ony başga ýerden gözle – diýipdirler. Ependi bolsa:

– A-ho-ow, doganlar, ony gözläp näme edeýin. Gidere ýeri bolmaz, ahyr onuň geljek ýeri şu taýydyr – diýipdir.

## Gökje monjuk kimde bolsa

Ependiniň iki aýaly bar eken. Ol aýallarynyň her haýsyna bir gökje monjuk beripdir-de, olara aýratynlykda:

– Bu meniň seni gowy görýänligimiň nyşanydyr – diýip, ol monjugy günüsine görkezmezligi berk tabşyrypdyr.

Emma günlerde bir gün olaryň ikisi-de Ependiniň üstüne dökülip başlapdyrlar. Olar:

– Sen aýt, biziň haýsymyzy gowy görýärsiň, haýsymyzy has köp göwnüň küýseýär? – diýip gygyrypdyrlar.

Ependi:

– Gökje monjuk kimde bolsa, meniň göwnüm şondadyr – diýip jogap beripdir. Aýallary muny eşidip, hersi öz ýanyndan:

– Diýmek, ärim meni has gowy görýän eken – diýip, oýlanypdyr hem hoş bolupdyr. Her kim özüni äriniň iň ýakyn göwündeşi hem syrdaşy hasaplapdyr. Ependi, şeýlelikde, aýallarynyň arasyny sazlap bilipdir.

## Ependi we aýal ýigrenýän zalym

Aýaly bimaza gezýän bir hökümdar aýal tohumyny ýigrenip başlapdyr. Ol bir ýerde «bilimli ýa alym bar» diýip, çala gulagyna degse, olary öz ýanyna çagyryp, bir zat, bir zatlar çawuş çakyp aýdýarmyş. Öz göwnüne ýaraýan ýa-da gussasyny egsip

bilýän jogap alyp bilmese, olaryň kellesini kesmegi buýurýarmyş. «Ili şu beladan diňe Ependi halas edip biler» diýen umyt bilen ony şol zalymyň ýanyna ugradypdyrlar.

Zalym Ependini öz ýanynda oturdyp:

– Sen aýallymy, ýa-da sallah? – diýip, çawuş çakypdyr.

– Meniň ýaşyma ýeten adam hem sallah bolarmy? – diýip, Ependi sözüni soňlap-soňlamanka, ol zalym:

– Wah, bu-da öňküler ýaly eken. Munuň hem başyny kesiň! – diýipdir. Ependi derrew ýagdaýyň agyrdygyny duýup:

– Hany, entek howlukma, tagsyr, öňürti bir bil! Belki, men birini taşlap, başga birini alandyryn. Ýa ol ölendir-de, ikilenç öýlenendirin. Ýa-da meniň bir aýalym bar eken-de, onuň üstüne ýene birnäçesini alandyryn. Belki-de, men aslynda ýalňyşyp öýlenendirin. Bu bir uçut, oňa diňe gaçanyňdan soň neneňsi çuňdugyny bilýärsiň. „«Büdrän atyň başy kesilmez» diýlen nakyl bar ahyryn – diýipdir.

Şeýlelikde Ependiniň degerli jogaby zalymyň gazabyny dep edipdir.

## Özümiň bolmadyk wagtlarym-da boldy

Günlerde bir gün mejlisde halwa bişirmek barada gürrüň bolupdyr. Ependi hem bu gürrüňe goşulyp:

– Ynha, menem birnäçe ýyl bäri halwa bişirmekçi bolup jan edýän welin, henize bu güne çenli başa baranok – diýipdir.

Oňa:

– Ony bişirmek itiň aňsady ahyryn. Sen näme beýle kösenip ýörsüň? – diýenlerinde biçäre Ependi:

– Meniň unum bolanda, ýagym bolmady, ýa-da ýag bolanda un tapylmady – diýip jogap beripdir. Oturanlar:

– Päheý, şunça wagt geçip, sen olaryň başyny jemläp bilmediňmi? – diýip sorapdyrlar.

Ependi:

– Wah, boldy-la, ýöne olaryň başy jemlenende, özümiň bolmadyk wagtlarym boldy – diýipdir.

## Bu neneňsi Hudaý boldugy?

Ependä ýer sürmek üçin, bir jübüt öküz gerek bolupdyr. Oba adamlary „«Saňa öküz geregi çyn bolsa, Hudaýdan dile!» diýipdirler. Ependi dagyň etegine baryp, Hudaýa nalyş edipdir. Oba adamlarynyň biri öňürti gidip, dagda gizlenen eken. Ependi daga bakyp:

– Ýa, Alla! – diýipdir. Ol gizlenen adam bolsa:

– Hä-ä! – diýip seslenipdir.

– Maňa bir jübüt öküz ber!

– Bermen.

–Öküz bermeseň, menden namaz, oraza tamasyny etme. Isleseň, janymy alaý!

Ol adam:

– Senden namaz-oraza görmejek bolsam, ine, saňa – diýip, Ependiniň üstüne bir gara daşy togalap goýberipdir. Ependi zordan sowlup ýetişipdir.

Ol:

– «Ber» diýsem, bermez, «ur» diýsem, ikelläp urýan bu neneňsi Hudaý boldugy?! – diýip seslenipdir.

## Ependi synagdan geçýär

Teýmirleňe örän batyr adam gerek bolupdyr. Ol bu adamy öz ýanyna çekip, ýokary gulluk bermek isläpdir. Şol gulluga mynasyp adam tapylsa tapylaýjak hem welin, „«Bir emmasy bar bolaýmasyn?» diýen ätiýaç köp kişini ürküzipdir. Mahlasy, bu wezipä ýürek edip baran töwekgel adam tapylmandyr. «„Şeýle adam tapylmady» diýip, Teýmirleňe aýtmak hem howatyrly eken. Howply pursatda bir hile-sapalak oýlap tapýan görgüli Ependi ýada düşüpdir. Ependiniň akyl-paýhasyna Teýmirleňiň hem synynyň oturýandygyny millet bilýän eken. Garaz, Ependi şu wezipä göterilipdir.

Bir gün Teýmirleň Ependini synag etmekçi bolupdyr. Teýmirleňiň buýrugy bilen Ependini bir gyrada duruzypdyrlar. Şol wagt bir mergen çagyrylyp, oky Ependiniň satanynyň arasyndan geçirmeli edilipdir. Ependiniň ýüregine gorky düşüpdir. Emma syr bildirmejek bolup, baş saglygyny diläp, başaran dogasyny sanap başlapdyr. Birinji ok sag-aman şuwlap geçipdir.

Teýmirleň synagy dowam etmegi buýrupdyr. Ependi hopul-sopul çäkmeniň içinde ellerini gezmeledip, bir zatlar-bir zatlar diýýärmiş. Şo barmana ýene-de ok atylypdyr. Ok çäkmeniň çep taý ýeňini ýyrtyp geçipdir. Görgüli Ependiniň diňe jany çykmandyr.

Indiki ok sopbajyň üstündäki düwmeden atylmaly edilende Ependiniň düýpden hezili gaçypdyr. Başy aljyran Ependi ne öli, ne diri halda duranmyş. Mergeniň ussatlygy bilen bu synag hem sag-aman geçipdir.

«Synag gutardy» diýlip yglan edilenden soň hem, Ependi ýerinden gozganman duranmyş. Gorkusyny duýdurman, it ýylgyryşyny edipdir. Teýmirleň Ependiniň batyrlygyny we gaýduwsyzlygyny taryp edip, sylag baryny beripdir. «„Ependiniň çäkmenini ok eleme-deşik edipdir» diýlenini eşidip, Teýmirleň oňa iňňeden çykma çäkmen bilen sopbaç bermeli edipdir. Ependi oňa minnetdarlyk bildirip:

– Patyşahym, balak bermegi hem buýruň, goý, hemmesi birlaý täze bolsun – diýipdir.

Teýmirleň:

– «Ependi, seniň balagyňa ok degmändir» diýip aýtdylar. Oňa seredipdirler, hiç bir zyýan ýeten ýeri ýokmuş – diýipdir.

Ependi:

– Tagsyr, aýdýanyňyz dogry. Okdan maňa zyýan ýetmedi. Emma menden balaga köp zyýan ýetendir. Ony ö:lüň içinden geçen ýaly edendirin. Seniň adamlaryň balagyň daşyndan seredip, hiç zat görmediler. Emma men seretmesem-de, iç ýüzüniň zaýadygyny bilýärin. Ony geýerlik galan däldir – diýipdir.

## Kyrk ýyllyk sirkäniň dilegi

Günlerde bir gün Ependiniň goňşusy:
– Sende kyrk ýyllyk köne sirke ýokmy? – diýip ondan sorapdyr.
Ependi hem:
– Bar – diýip jogap beripdir.
Goňşusy:
– Şonyňdan maňa az-kem beräýseň?! – diýip diläpdir.
Ependi:
– Ýok, berjek däl – diýende, goňşusy onuň sebäbini sorapdyr.
Onda Ependi:
– Eger men öňúetene berip ýören bolsam, onda mende kyrk ýyllyk sirke durarmydy? – diýip jogap beripdir.

## Kim tapsa şoňky

Ependi bir gün eşegini ýitiripdir. Ol bazarma-bazar, saraýma-saraý aýlanyp:
– Kim eşegimi tapsa, ony şoňa gaňňasy-nogtasy bilen bilelikde berjek – diýip yglan edipdir.
Biri oňa:
– Eger eşegi bar esbaby bilen tapanyň özüne berjek bolsaň, onuň tapylanda-tapylmanda tapawudy näme? Bary-bir seniň görjek zadyň ýok! – diýipdir.
Onda Ependi:
– Aý, goýa, ýiten eşegiňi tapmak şeýle aňsat zatdyr öýdýärmiň? – diýip jogap beripdir.

## Nädip çyn adam bolmaly?

Bir gün Ependiden:
– Nädip çyn adam bolmaly? – diýip sorapdyrlar. Onda Ependi:
– Bilýänler geplände, pikir berip diňlemek gerek. Eger seniň gepiňi diňlemeýän bolsalar, öz agzyň diýýänini gulagyň eşitmegi gerek – diýipdir.

## Ependi Teýmirleňiň sowalyna jogap berýär

Zalym Teýmirleň alymlary, parasatly adamlary çagyryp:
– Men nähili adam, adylmy, ýa zalym? – diýip sorapdyr. «„Sen adyl» diýeniňem, „«Zalym diýeniňem» kellesini kesdiripdir. Alymlar oýlanyp-oýlanyp nätjeklerini bilmändirler. Şol wagt Ependiniň şöhraty dünýä ýaýran eken. Alymlar:
– Ependi, sen bize rehim et! Senden başga bize kömek etjek adam ýok. Bir tär tapyp, zalymyň gylyjyny Hudaýyň günäsiz bendeleriniň üstünden sowaweri! – diýip ýalbarypdyrlar.
Ependi:

– Bu işiň özi siziň oýlanyşyňyz ýaly aňsat bolmasa-da, hak Hudaýyň özi ezilenleriň kömekçisidir, belki-de, siziň ybadatyňyzyň saýasynda maňa bir çäre etmek başardar – diýipdir-de, ýüregini bire baglap, Teýmirleňiň köşgüne gidipdir.

Soralan sowala jogap bermäge taýyn bir adamyň gelendigini Teýmirleňe habar beripdirler. Ependi ýanyna gelensoň, Teýmirleň oňa adatdaky soragyny beripdir. Ependi:

– Saňa «adyl ýa zalym patyşa» diýip bolmaz. Zalym bizdiris, sen bolsa adyllyk gylyjysyň. Gudratly Hudaý seni jeza bermäge degişli bolan zalymlaryň üstüne iberipdir. Bilýäňizmi, „«Özüňi pes tutsaň, şelaýyn bolsaň, Hudaý seni ýalkar, emma buýrugyny bozany ol masgara edýär» – diýen bir aýat bar – diýipdir.

Teýmirleň hem, hut, şonuň ýaly jogaba garaşypdyr. Ependiniň ugurtapyjylygyna, akyl-paýhasyna syny oturan soltan ony öz ýanyna çekipdir. Näwagt şol şähere barsa, ony öz ýanyndan aýyrmandyr. Ähtimal, Ependiniň hormatyna bolsa gerek, ol şu şäherdäki, onuň töweregindäki ilatlara-da rehim edip, aman-nurbat beripdir.

Şeýlelikde, şol şäherliler Teýmirleňiň gylyjyndan hem onuň ýigrenji nökerlerinden dynypdyrlar.

## Dört adam sygarmy?

Ependi bir dul aýal alypdyr. Olar gije ýatanlarynda aýaly öňki ärini öwüp başlapdyr. Ependi bolsa öňki aýalyny öwüpdir. Ahyrynda Ependiniň gahary gelip, aýalyny depip, sekiden aşak ýykypdyr. Aýalynyň gapyrgalary döwlüpdir.

Aýaly kaza arz edipdir. Kazy Ependiden sorag edipdir. Onda Ependi:

– Dört adamyň bir sekä sygjak gümany barmy? Şonuň üçin hem aýalym sygyşman ýere gaçdy – diýipdir.

Kazy:

– Dört adam kim? – diýip sorapdyr.

Ependi:

– Dört adam diýenim: men, meniň öňki aýalym, şu aýal we onuň öňki äri – diýip jogap beripdir.

## Ependiniň eşegini gözleýşi

Bir gün Ependiniň eşegi ýitipdir. Ol eşegini gözleýärkä, gözüne urlan ýaly aýdyma zowladýarmyş. Oňa:

– Eşegini ýitiren adam bokurdagyny ýyrtara getirip, aýdym aýtman, gaýtam, aglaýarmyka diýýärdik welin, seniňki tersine-ow! – diýipdirler.

Onda Ependi:

– «Şu dagyň aňyrsynda eşegim barmyka» diýip, heniz hem az-kem umyt edýärin. Eger şo taýdan hem tapylmasa, meniň nähili uwlaýandygymy şonda görersiňiz – diýip jogap beripdir.

## Jaýyndan çen tutsaň

Bir gün Ependi şäheriň köçelerinde gezip ýörkä, ýaňy salnan ullakan bir jaýa gözi düşüpdir. Ol muňa haýran galyp, seretmäge durupdyr. Ependi bu jaýyň beýikdigine we owadanlygyna geň galypdyr. Bu jaýyň gapysynda duran hyzmatkärleriň biri:

– Näme, sen muňa geň galyp seredýärsiň? – diýip sorapdyr.

Ependi oňa:

– Alla janym, „«Bu nämekä?» diýip, oýlanyp durun – diýipdir.

Hyzmarkärler Ependiniň üst-başyna seredip, geýimleriniň sal-saldygyny, durkunyň-görküniň horaşajadygyny görüp, „«Aý, bu bir küşülje adam-la» diýip, pikir edipdirler-de, oňa degip başlapdyrlar.

– Munuň nämedigini bilmeýän bolsaň, bu-ýä degirmen – diýipdirler.

Onda Ependi samsyklyga salyp:

– Be, jaýyndan çen tutsaň-a, bu degirmeniň öňünde duran haýwanlar hem meniň eşegimiň kowmundan boljag-ow, onda? – diýip, hyzmatkärleriň özlerine tarap barmagyny çommaldypdyr.

## Kellesi-hä meniň eşegimiň kellesi

Bir gezek Ependiniň eşeginiň bezegli nogtasyny ogurlapdyrlar. Ol eşeginiň gulagyndan tutup, öýüne getiripdir. Birnäçe gün geçensoň, ol nogtasyny bir daýaw Müsür eşeginiň kellesinde görüpdir. Ependi geň galyp, eşegi başdanaýak synlapdyr-da:

– Beh, kellesi-hä meniň eşegimiň kellesi welin, munuň göwresi ýaman üýtgäpdirle – diýipdir.

## Ependiniň bergisini üzüşi

Bir gün Ependi penjireden köçä seredip otyrka, öz algydaryny görüpdir. Ol indi ýoňsuz wagt bäri bu adama bergisini üzüp bilmän ýören eken. Ependi onuň öz öýüne tarap gelýänini görüp, aýalyna öňden öwredip goýan bahanasyny ýatladypdyr-da:

– Keýwany, sen meniň diýşim ýaly, edip oňa aýt, belki, biz onuň günde-günaşa pisini aşyryp gelip durmasyndan dynaýmazmykak? – diýipdir-de, özi hem oňa görünmejek bolup, gizlenipdir. Emma ol uzak çydam edip oturyp bilmän, bularyň gürrüňlerini diňlemekçi bolup, gapynyň ýanyna gelipdir.

Şu ikarada algydar habarlaşmak üçin gapa gelipdir. Ependiniň aýaly gapyny açyp:

– Size näme gerek? – diýipdir. Algydar öz ýanyndan „«Meni şunça wagtyň içinde sesimden tanarça bolandyr-la» diýip oýlanypdyr-da, Ependiniň aýalyna ýüzlenip, gaty ses bilen:

– Men indi şol öňki iş bilen üçülenji gezek gelýän. Sizde asyl ynsap diýlen zatdan nam-nyşan ýok eken. Sen hany, ol ärsumagyňy bärik çagyr, meniň oňa birki agyz aýtjak-diýjek zadym bar – diýip, gatyrganyp başlapdyr. Emma Ependiniň aýaly hoşamaýlyga tutup, özüne öwredilişi ýaly söze başlapdyr:

– Wah, ol häzir öýde ýok. Eger bir zat aýtmaly bolsa, siz maňa aýdyň, men oňa gelende gylyny gymyldatmanjyk ýetiräýerin. Wiý, siz asyl şol biziň bergidarymyz ýaly-la! Dogrusyny aýtsam, siziň ondan ýaňa zeýrenjiňiziň jany bar. Ýöne, arman saňa berer ýaly hiç pul tapyp bilemzok. Siz darykmaň, biz az-azdan elimize

düşenjesini indiden beýläk hut, siziň üçin jemläp başlajak. Meniň adamym ynha, şu ýerden, edil gapyň agzynda bir çetili agaç ekmäge hyýallanýar. Ine, şol agaçlar ýetişerem welin, gapymyzyň agzyndan geçmäge öwrenenje goýunlar biri-birine süýkenişip, gysylyşyp geçerler. Olar näçe köp süýkendikleriçe, ýüň übtügi hem çetä şonça köp işilip galar. Biziň gapydaky çetili agaçlara ilişip galan ýüňleri ile azaryny ýetirmän ýygnarys, egreris, egren ýüňümizden keçe edip, bazara çykaryp satarys. Şeýde-şeýde bergimizi tutuşlygyna üzeris. Seniň bizden ýaňa ýasy ýanyň ýerde bolaýsyn, henize çenli kişiň hakyny iýen ýerimiz ýokdur – diýip jogap beripdir.

Algydar bulardan bu gezegem pul alyp bilmejegini aňypdyr. Ýöne, ol bularyň özüne bermeli karzyny üzjek boluşlaryny eşidip, biygtyýar gülmäge başlapdyr. Ependi bu gülkä çydam edip bilmän, aýalynyň ýeňsesinden kellesini görkezip:

– Haý, zaňňar, jübüň agraldy welin, gülkiň ýer ýarýar-ow! – diýip ýaňsylapdyr.

## Eşegiň üstünde bolmanyma şükür

Bir gün Ependi eşegini ýitiripdir. Ol hem eşegini gözleýärmiş, hem Hudaýa şükür edýärmiş.

– Sen näme beýle yzyny üzmän şükür edýärsiň? – diýip soranlarynda ol:

– Eşegiň üstünde bolmanyma şükür edýän, eger onuň üstünde bolaýan bolsam, men hem ýitip giderdim – diýipdir.

## Ýaşlygymy ýatladym

Ependi bir baýramçylyk güni şähere çykypdyr. Ýaş-ýeleňleriň oýnap-gülüp, göwün açyşlaryna syn edipdir. Şol wagt bir ýigit Ependiniň başyndan sellesini sypyryp alypdyr hem-de ýaý berip oturan ýaşlaryň arasyna oklapdyr. Ependi sellesini tutjak bolup, ondan-oňa selpäp daljygypdyr. Emma hernäçe jan etse-de, alyp bilmändir. Ependiniň bolşuna ýigitler gyzyl-gyran gülşüpdirler. Ependi olara:

– Oglanlar, indi besdir, sellämi beriň, men gaýtjak – diýip ýalbarypdyr. Olar muňa has-da gaty gülşüp, kese ýykylypdyrlar. Ependiniň zeýrenişi asla gulaklaryna-da ilmändir.

Ependi uzynly gün dursa-da, sellesini alyp bilmejegini duýupdyr. Ýolda barýarka, oňa iň gowy görýän dostlarynyň biri gabat gelip:

– Ependi, kelleýalaňaç nireden gelýärsiň? Hany, selläň nirede? – diýip sorapdyr. Ependi:

– Men ýaşlygymy ýatlap, çagajyklar bilen oýnap, kelläm gyzdy – diýipdir.

## Çykaran harjymy kimden almaly?

Bir gün Ependi bir topar bedene tutupdyr. Olary gowrupdyr-da, agzyny ýapyp, myhman çagyrmaga gidipdir. Ependi çykan badyna dostlarynyň biri gelip, gowrulan bedeneleri alypdyr-da, olaryň ýerine janly bedene salyp goýupdyr. Dostlary ýygnanyşypdyrlar. Ependi bolsa uly dabara bilen gazany orta goýupdyr. Gapak açylan badyna bedeneler pasyrdap uçup gidipdirler.

Ependi geň galyp:
– Eý, gudraty güýçli Taňrym, eýjejik guşlara jan bereniň-ä gowy zat welin, çykaran harjymy kimden almalydygymy-da aýdaýsaň! – diýipdir.

## Sen meniň halymy sora!

Ependi talyp wagtynda bir oba hüşür-zekat ýygnamaga gidipdir. Ol metjitde wagyz-nesihat aýdyp otyrka, Isa pygamber hakyndaky gürrüňi hem oňa goşup, «„Ol dördünji gat asmanda bolýar» diýipdir. Ependi metjitden çykanda bir kempir onuň ýanyna gelip:
– Men seniň wagyz-nesihatyň bir ýerine gyzyklandym. Sen «Isa „dördünji gat asmanda bolýar» diýdiň. Geregim, ol ýerde ol näme iýip, näme içip oňýarka? – diýip sorapdyr.
Ependi gaharlanyp:
– Päheý, akyly çaşan kempir. Ynha, meniň siziň obaňyza gelelim bäri bir aý boldy. Sen sorajak bolsaň, görgüli Ependiniň näme iýip, näme içip oňýanyny sora! Seniň bolsa dördünji gat asmanda mydama toý-tomaşada, merhemetde ýaşaýan beýik weliniň iýip-içenini soramak ýadyňa düşýär – diýipdir.

## Ependi hem agzy daňylgy golça

Bir adam Ependä agzy daňylgy golça beripdir-de:
– Men gelýänçäm, şuny aýap sakla! – diýipdir. Ependi ep-esli güne çenli saklap, ahyry bir gün golçanyň içinde näme bardygyny bilmegi ýüregine düwüpdir. Ol özözüne „«Alla janlarym, munuň içinde näme bolup biler?» diýip, golçanyň daňysyny çözüp ugrapdyr. Görse, oňa bal guýlan eken. Baly görüp Ependiniň agzy suwarypdyr. Ol bala barmagyny batyryp dadyp görüpdir welin, agzyna ýaraýypdyr. Agzy tagam tapan Ependiniň häli-şindi şoňa tarap barmagy uzap durupdyr. Ependi bally golça bilen gaty daryşandygyny diňe ony teýim-takyr edip arassalandan soň duýup galypdyr. Şondan birnäçe gün geçensoň, golçanyň eýesi dolanyp gelipdir. Ol Ependiden golçany gaýtaryp bermegini sorapdyr. Ependi ap-arkaýyn, hiç zatdan habarsyz bolan bolup, golçany eýesine beripdir. Emma golça eýesi ony gaty ýeňil görüpdir-de, onuň agzyny açypdyr. Görse, golçanyň içi takyrap ýatyrmyş.
Ol Ependiden:
– Ependi, hany, bal nirede? – diýip sorapdyr.
Onda Ependi:
– Näme-näme bolandygyna birin-birin gürrüň bermez ýaly, iň gowusy şony menden sorama – diýen bolýarmyş.

## Ependi deňňenä goşulýar

Günleriň bir güni Ependi öz dostlary bilen göwün açmaga çykypdyr. Olar bol suwly, baglarynda ir-iýmiş bişip oturan, öleňleri ýere-göge görk berýän, garaz, behişdi ýatladyp duran oba barypdyrlar. Ýigitler hezil edip dynç alypdyrlar. Ýanlary

bilen getiren zatlarynyň hemmesini işdämenlik bilen iýip gutarypdyrlar. Öýe gaýtmak wagty gelipdir. Emma bu gözel öleňlikden hiç kimiň gaýdasy gelmändir. Şeýdip olar ýene-de birnäçe gün şol ýerde galmagy ýüreklerine düwüpdirler.

Olaryň her haýsy deňňene üçin bir zat orta goýmagy maslahat edipdirler. Biri bug-lama bilen gutap meniň boýnuma diýipdir. Ikinjisi derisine dykylyp bişirilen guzy etini getirmegi boýun alypdyr. Üçünjisi bolsa, üzüm ýapraga dolanyp bişirilen dolama, peýnir, onsoň hem pyrtykal, alma, armyt ýaly gök-sök getirmegi boýun alypdyr.

Oturanlar «Ependi näme diýerkä» diýip garaşypdyrlar. Ependi dogrusyndan gelip:

– A-how, adamlar! Siziň şu deňňenäňiz üç aýlap dowam edäýse-de, menem şony taşlap gitsem, Alladan, pygamberden we ähli perişdelerden geljek gargyşy öz üstüme alýaryn – diýipdir.

## Bolsadyň ysy

Bir gün Ependiniň çorba iýesi gelipdir.

Ol:

– Wah, şu wagt narpyz atylanja çorba bolaýsa, hezil edip iýerdim – diýip «bolsady ekipdir». Birdenkä gapy açylypdyr. Goňşy aýalyň ogly eli okaraly girip:

– Meniň ejem syrkaw. Birazajyk çorba beräýiň-dä! – diýipdir.

Ependi muny eşidip:

– Wah, biçäre, eýýäm bolsadynyň ysyny alan eken-ow! – diýipdir.

## Sežde etmesinler

Bir gün Ependi şähere barýarka, ýolda kerwensaraýda düşläpdir. Ol saraýmany çagyryp:

– A-how, dost, bu jaýa atylan pürsleriň aram-aram gorkunç şatylamasy bar-la. Sen ussa çagyryp, agaçlaryňa bir seretdir – diýipdir.

Saraýman gülüp:

– Näme, pürsleri ahmal görýärmiň? Bitakat bolma, jaý örän mäkäm gurlandyr. Ýykylasy ýok. Jaý köne-de bolsa, pürsi berkdir. Ependi, sen bir parasatly adam. Dünýädäki ähli mahlugyň Hudaýa hamdy-sena[1] aýdýandygyny bilýänsiň ahyryn. Pürsleriň hem hamdy-sena aýdýan wagtlary şatylaýmajygy bardyr – diýipdir.

Ependi saraýmanyň gepe düşmez pekgeligini görensoň:

– Wah, onyň dogry-la. «Ýöne olar hamdy-sena kellesi gyzyp, sežde etmek üçin aşak egiläýerlermikä» diýip gorkýan – diýipdir.

## Dünýäniň ini-boýy näçe arçyn?

Bir gün Ependi köçeden geçip barýarka, ony ýolda duranlar saklap:

[1] Hamdy-sena – Allatagala öwgi.

– Ependi, sen bir alym adam, biziň jedelimizi çözüp ber, dünýäniň ini-boýy näçe arçyn? – diýip sorapdyrlar.

Şol wagt köçeden bir merhumy jaýlamak üçin mazarystanlyga alyp barýan ekenler. Ependi tabytda ýatan merhuma goluny uzadyp:

– Siziň bu soragyňyza ho-ol tabytda ýatan bende doly jogap berer, ol ýap-ýaňy dünýäniň eýlesini-beýlesini ölçäp bolupdyr, baryň, şondan soraň! – diýipdir.

## Çykyň, indi ýeke-ýekeden

Bir gün Ependi ýerzemine girip, bir zat gözläp ýörkä, tekjede duran içi soganly irigöz elek kellesine gaçypdyr. Onuň essi aýylyp, gözi garaňkyrapdyr. Gahary gelen Ependi bat bilen elegi depipdir. Ol diwardan gaýdyp geläge-de, dyzyna patylap degipdir. Ependi gazaba münüp, elegi aýlap-aýlap, ýere pylçap urupdyr. Batly urlan elek ýer bilen Ependiniň maňlaýy aralykda gatnaw edip duranmyş. Yzly-yzyna degen urga çydamadyk Ependi öýüne bakan düňk ýasapdyr-da, ullakan pyçak alyp gelip:

– A-how, elekler, çykyň indi gaýratyňyz bolsa, ýeke-ýekeden! – diýipdir.

## Kim güýçli?

– Allatagalanyň gudratynyň güýçlüdigine sen näme aýdarsyň?! – diýip, bir gün Ependiden sorapdyrlar.

Onda Ependi:

– Men özümi bilelim bäri-hä hemişe Allanyň diýeni bolýar. Eger Allanyň elinde güýç ýok bolsa, käte meniň hem diýenim bolsa bolardy – diýipdir.

## Karzdaryň saýyp ýörme

Bir gün Ependi köle balyk tutmaga gidipdir. Ol bäş-on sany balyjak tutup bilipdir. Ahyrda balyk tutmakdan ýadap, ýüregi takat bermän, öýüne gaýtmakçy bolupdyr. Şol aralykda oglanlar Ependiniň ýeňsesinden ogryn gelip, bir-birden onuň barja balyklaryny daşap gutarypdyrlar. Ependi balykly sebedini göterip, öýüne ugrajak bolýar welin, görse, sebetde bir balyk hem ýokmuş. Ependi köle ýüzlenip:

– Ine, seret, boş gelip, boş gidýärin. Erteki gün meni karzdaryň saýyp ýörme! Al, ynha, şuny hem sen alaý! – diýip, gaharyna sebedini hem kölüň içine zyňyp goýberipdir.

## Ependiniň keçjallygy

Ependi çaga wagtynda atasy näme diýse-de, gulak asman, öz göwnüne ýakanyny edip ýörüpdir. Atasy oňa diýenini etdirjek bolup, ähli zady tersine aýdyp başlapdyr. Ine, bir gün olar degirmenden gaýdyp gelýärkäler, köprüden geçmeli bolupdyrlar. Emma köprüniň üstünden eşek geçer ýaly däl eken. Atasy:

– Oglum, men köprüden geçjek welin, ýöne sen bir eşegi güzerden süräýmegin! – diýipdir. Ependi keçjallyk edip, eşegi güzerden geçirmekçi bolupdyr. Suwy ortalaberende, atasy unly haltanyň bir gapdala agyp barýanyny görüpdir. Ol:

– Oglum, halta menden taýa aganok, suwa-da gaçjak bolanok. Sen ýüküň beýle tarapyna süýşmän otur! – diýipdir.

Ependi:

– Ata, men indi uly adam ahyryn! Şu mahala çenli mydama seniň aýdanyň tersine etdim. Emma indi, edil şu sapardan başlap, näme diýseň, aýdyşyň ýaly etjek – diýipdir. Şeýdip, ol gozganman oturypdyr welin, halta bilen bilelikde güwläp suwa gaýdypdyr.

## Ependiniň eşek satyşy

Bir gün Ependi eşegini satmak üçin ony jellaba tabşyrypdyr. Bir hyrydar eşegiň ýaşyny biljek bolup, onuň dişini görmekçi bolupdyr. Eşek ol adamyň elini hatyladyp dişläpdir. Hyrydar gargynyp gidipdir. Az salymdan ýene bir hyrydar peýda bolupdyr. Ol eşegiň guýrugyndan tutup görmekçi bolupdyr. Eşek onuň hem döşi kessir ýeke patyny beripdir. Ikinji hyrydar hem döşüni tutup, gargynyp gidipdir. Jellap Ependiniň ýanyna baryp:

– Ependi, şu eşegiňi alan tapylar öýdemok. Onyň-a alnyndan geleni hatyladyp, ardyndan geleni patyladyp dur – diýipdir.

Onda Ependi:

– A-ho-ow inim, men-ä şony satmak üçinem getirmändim. Şu eşekden ýaňa görýän günümi «ilem bilsin» diýip getiräýdim – diýipdir.

## Kimiň ýaşy uly?

Ependi oglanka biri ondan:

– Kimiň ýaşy uly, seniňkimi ýa doganyňky? – diýip sorapdyr. Onda Ependi:

– Öten ýyl-a ejem doganymyň menden bir ýaş uludygyny aýdypdy. Şonuň üçünem bu ýyl biz ýaşyt bolýarys – diýip jogap beripdir.

## Sadaka barlygy çyn bolaýmasyn?!

Bir gün Ependi aýaly bilen otyrka, bälçiräp:

– Men şu gün obamyzyň ähli adamsyny aldajak — diýende, aýaly: „

— Aldap bilmersiň – diýipdir.

Şonda Ependi tamyň üstüne çykyp:

– Haý, jemagat, obanyň ýokary başynda hudaýýoly bardyr-la, ho-ow! Biriň galman, baraweriň-le, ho-ow! – diýip, bokurdagyna sygdygyndan gygyrmaga durupdyr.

Ähli adam onuň gepine ynanyp, aýdylan tarapa ugrapdyr. Töwerekde diňe Ependi bilen aýaly galypdyr. Uly iliň syrylyp gidenini gören Ependi:

– A-how, keýwany, hany gabyňy al-da, öňe düş! Sadaka barlygy çyn bolaýmasyn – diýip, özi hem şol tarapa eňipdir.

## Ependiniň mazarystanlykda bit gözleýşi

Bir gün Ependi mazarystanlykda köýnegini çykaryp, bitini çöplemäge oturypdyr. Şol wagt birden güýçli ýel turupdyr-da, onuň köýnegini galgadyp alyp gidipdir. Ependi hem köýneginiň yzyndan ýykan-sürşän bolup ylgapdyr. Edil şol halatda niredendir bir ýerden bir topar atly peýda bolupdyr. Olar bir çuw-ýalaňaç adamyň mazarystanlygyň içinde daşdan-daşa böküp, galgap ýörendigini görüpdirler. Bu tomaşadan atlylaryň özleri-de gorkupdyr. Olaryň atlary-da ürküp, horguryşyp, ýoldan çykypdyr. Soň olar birneme aýňalyp, özlerini basga goýan adama temmi bermekçi bolup, onuň üstüne eňipdirler. Atlylar Ependiniň yzyndan ýetip:

– Eý, tentek, mazarystanlygyň içinde bolup ýörşüň nähili? – diýip gygyrypdyr.

Onda Ependi:

– Ýigitler, men merhum. Ýalançy dünýäni ömürbaky taşladym. Bu ýere bolsa, täret kylmaga çykdym. Günüme goýsaňyz, ýene öz mazaryma girjek. Bu dünýäňiz bilen şärik zadym ýok – diýip jogap beripdir. Muny eşiden atlylaryň ýüregine dowul düşüp, patyrdyny berip gaçypdyrlar. Ependi hem atlylardan sag-aman sypanyna begenip, ýene-de köýneginiň yzyndan ylgap gidipdir.

## Ependi gysganç dostuny amana getirýär

Bir gün Ependi dosty bilen bile süzme satyn alypdyrlar. Ýaňy iýmäge başlanlarynda, dosty süzmäniň ortasyndan çyzyk çekip:

– Men öz tarapyma şeker sepjek – diýipdir.

Ependi:

– A-how, onyň-a gelşigi bolmaz. Meniňem süýji zat iýesim gelýär. Sepjek bolsaň, bar ýerine sep, bileje iýeli – diýipdir.

Dosty:

– Meniň şekerim az. Onsoň hem saňa şeker bergim ýok – diýipdir. Muňa Ependiniň gahary gelipdir. Elini horjunyna sokup, bir çüýşe çigit ýagyny çykarypdyr-da, süzmäniň üstüne eňterip başlapdyr.

Dosty:

– Päheý, duraweri, zalywat! Heý-de, süzmäniň üstüne ýag guýlarmy? – diýip gygyrypdyr. Onda Ependi:

– Saňa näme? Men öz paýyma ýag guýjak, gum guýjak, seniň nä işiň? Senem öz paýyňa halan zadyňy guý! – diýipdir.

Dosty:

– A-how, guýsaň-da, gury-guragrak zat guý, suwuk zat bar ýere akar ahyryn – diýende, Ependi:

– Ýeri, ýeri, ýaňrama-da, şekeri ortasyna dök! – diýipdir.

## Ependi jaý salynýar

Ependi özi üçin jaý salmakçy bolupdyr. Onyňka dostlary ýygnanypdyrlar-da, nähili jaý gurmalydygy barada her haýsy bir tüýsli maslahat beripdir. Her kim özüniňkini gögertjek bolupdyr. Käbir gyzma bolsa:

– Eger sen meniň aýdyşym ýaly salmasaň, onda men güýç bilen diýenimi etdirerin – diýip azgyrylypdyr. Ependi jedelleşmekden iripdir. Dostlarynyň göwnüni ýykmajak bolup, hemmesiniň aýdanyny edipdir. Jaý tama meňzemän, bir geň-enaýy üç burç zat bolup çykypdyr. Gurluşyk gutaran badyna Ependi jaýy görmek üçin dostlaryny çagyrypdyr. Ol:

– Ýeri, göwnüňizden turdymy? – diýip sorapdyr. Olar:

– Ýok, biz-ä halamadyk – diýip jogap beripdirler.

Onda Ependi:

– Beh, o näme beýle? Bar zat diňe siziň aýdyşyňyz ýaly edildi ahyryn. Bolýa-da, indi bir azar bermäň. Jaýy öz bilşim ýaly-da bir salyp göreýin – diýipdir.

## Suwly ýaýla

Ependi ilkinji gezek öz ýurdundan başga bir şähere düşende giň ýaýlany we köli görüp, geň galypdyr-da:

– Be, görüň-le, bu nähili mal bakar ýaly oňat ýaýla eken. Muňa bütin obanyň sürüsini sürüp getirseňem ýerleşjek. O-ho, muny gör-le, asyl muňa suw hem guýup goýaýypdyrlar – diýipdir.

## Ependiniň maslahaty

Bir adam Ependä: «„Tamyma gün düşenok» diýip şikaýat edipdir.

Ependi:

– Töwereginde gün düşýän ýeri barmy? – diýip sorapdyr. Ol adamdan „«Hawa» sözüni eşiden badyna Ependi:

– Tamyňy şo taýa göçür – diýipdir.

## Kim huşsuz?

Günlerde bir gün kazy Ependini myhmançylyga çagyrypdyr. Ol aşpezine üstüne injir sepilen süýji nahar taýýarlamagy buýrupdyr.

Nahar çekilipdir, emma injirli nahardan habar-hatyr bolmandyr. Ýassy namazy okalandan soň, kazy Ependä:

– Gurhandan Allany ýatlap, hizb oka, ruhumyzy bir şatlandyraly – diýipdir. Ependi „«Bismilla!» diýip, „«Wettiýni, wezzeýtuni[1]» süresini okap başlapdyr. Kazy oturan ýerinden:

---

[1] Bu ýerde gelýän «Wettiýni, wezzeýtuni» sözleriniň «tiýn» bölegi arapça injir diýmegi aňladýar. Ependi «tiýn» sözüni bilgeşleýin galdyryp okapdyr.

– Bu okanlaryň içinde «„tiýn» gelmedi-le, sen näme ýadyňdan çykardyňmy? – diýipdir. Ependi bolsa:

– Kimiň näme ýadyndan çykarany özüň gowy bilýänsiň-le – diýipdir.

Ependiniň sözüni oturanlar goldapdyrlar. Şeýdip, Ependi injirli naharyň orta äberilmegini gazanypdyr.

## Bizde üzümi güýz iýýärler

Ependiniň öýüne bir dosty myhmançylyga gelipdir. Ependi ony iýdirip-içiripdir. Onuň bile tä ýassyna çenli gürleşip oturypdyr. Ýatar wagty bolanda myhman:

– Biz tarapda ýatyljak bolnanda mydama üzüm iýilýär – diýipdir. Onda Ependi:

– Be, bizde beýle däl, bu taýlarda üzümi diňe güýz iýýärler – diýipdir.

## Huma derek howuz bolsa näderdimkäm?

Günlerde bir gün Ependiniň ýeke özi hammamda ýuwnup oturan eken. Başga adamyň ýokdugyna gözi ýeten Ependi suw saklanýan howza kellesini sokup, aýdyma gygyryp başlan. Onuň öz sesine gaty göwni ýetipdir. Ependi hammamdan gaýdyşyn patyşanyň ýanyna sowlup, özüniň örän gowy sesiniň bardygyny aýdypdyr.

Oňa:

– Hany, onda birki nama gaçyr – diýipdirler.

Ependi içi suwly hum getirmegi talap edipdir. Ol kellesini huma sokup, aýdyma gygyran. Bu çirkin sese gahary gelen patyşa getirilen humy başaşak agdaryp, tä suwy gutarýança, Ependini gamçy bilen ýençmegi buýrupdyr. Her gezek gamçy degende Ependi: „«Hudaýa şükür» diýip gygyrýarmyş. Sebäbini soranlarynda:

– Wah, huma derek howuz soramanyma şükür edýän – diýipdir.

## Howluganym üçin

Ependi bir öýde toý bolýanlygyny bilip, bir kagyzy epläp, bukjanyň içine salypdyr-da, göni toý bolýan ýere eňipdir.

Ondan:

– Ýeri, näme habar? – diýip soranlarynda. Ol:

– Men toý eýesine hat getirdim – diýip jogap beripdir. Ependi haty öýüň eýesine berip, saçagyň başyna geçip, howlukmaç nahar iýmäge başlapdyr. Öý eýesi:

– Bu kagyza hiç zat ýazylmandyr ahyryn? Boş-la bu?! – diýipdir. Onda Ependi:

– Howlukmaç bolamsoň, hiç zat ýazyp ýetişmedim – diýipdir.

## Ependi tirýegiň güýjüni synaýar

Ependi «tirýek keýp berýär» diýip eşidipdir. Ol bu keýpi barlamak üçin attaryň[1] dükanyndan tirýek satyn alypdyr. Tirýekden az-kem atyp, hammama gidipdir. Ham-

[1] Attar – atyr we ýakymly ysly otdan edilen dermanlary we ş. m. zatlary satýan adam.

mamda otyrka, ol şeýle pikir öwrüpdir: „«Ine, saňa ýalan gep. Keýp nirede, beýleki nirede. Iň bärkisi başyňam aýlanok. Ýa meni attar aldaýdymyka? Gel, onuň ýanyna baryp, anygyna ýeteýin».

Ol hammamdan çuw-ýalaňaç ýagdaýda çykyp, attaryň ýanyna gelip:

– A-how, seniň bu tirýegiň keýp berenok-la! – diýip sorapdyr. Onda attar:

– Keýp bermese bermeýän bolmagy-da ahmal. Ýöne, ol seni ýaňy eneden dogan ýaly-ha edipdir – diýip jogap beripdir.

## Seždäniň sebäbi

Bir gün Ependi bagyndan öýüne barýarka, birden ýer titräpdir. Ol derrew eşeginden düşüp, sežde etmäge durupdyr. Dostlary onuň näme üçin sežde edýändigini sorapdyrlar.

Ependi bolsa:

– Ýeriň bu sarsgyny bilen biziň külbämiz kül-peýekun bolandyr. Öýdekäm titrän bolsa, ol meniň myžžygymy çykarardy. Juda bolmanda bir ýerime kesek gaçyp, o dünýä ugrardym, ýa-da telbe bolardym. Ine, seždäň sebäbi şu – diýipdir.

## Ependiniň sadalygy

Ependi jübüsini şetdalydan doldurypdyr-da, öňünden çykan dostlaryna jübüsini görkezip:

– Kim meniň jübimde näme bardygyny bilse, men oňa ullakan şetdaly berjek – diýipdir. Oňa:

– Seniň jübiňdäki şetdaly – diýipdirler. Ependi geň galyp:

– Muny size haýsy päleket aýtdy? – diýipdir.

## Ýaradanyň parzyny bermän, bendesinden karz dileýärsiň?!

Ependi zeýtun iýmişini satýar eken. Onuň öýüne bir aýal gelipdir-de, iýmişiň bahasyny sorapdyr. Emma bahasyny ýokary görüp, söwdalaşmaga başlapdyr.

Ependi:

– Eşidýärmiň, bu bir hälki gögele ýa-da zaýa zeýtun miwesi däl. Ol hakyt bişen sapagyndan düşen hem-de yhlas bilen taýýarlanan iýmişdir. Eger ynanmasaň, dadyp gör. Şonda gowudygyny bilersiň. Beýle süýji iýmişi ömrüňde-de dadyp gören dälsiň. Ol agzyňda eräp gitmese, maňa aýt. Mundan çykýan ýagam iň bir gowy ýagdyr. Muny agzyna alan adam dilini dişlemese ýagşy. Alyň, dadyp görüň, noş bolsun – diýipdir.

Ol aýal:

– Sen meni tanamaly. Men şu öýüň aňyrsyndaky köçede ýaşaýaryn. Siziň öýňüziň ýanyndaky bagyň eýesiniň aýalydyryn. Meniň ärim bilen siziň araňyz gowudy. Şonuň üçinem sen maňa ynam edýän bolsaň, iýmişiňden nesúe ber – diýipdir.

Ependi:

– Päheý, onuň işi haýyr-la. Seniň göwnüň näme islese, şol bolar – diýipdir. Şondan öň «Bir dadyp gör» diýip, oňa zeýtun iýmişinden uzadypdyr.

Emma ol aýal:

– Üç ýyl mundan ozal oraza wagtynda syrkawladym. Şonda ýedi günläp oraza tutup bilmedim. Häzir bolsa gyşyň gysga günlerinde men şonuň kazasyny dolup ýörün – diýip, iýmişi datmakdan boýun gaçyrypdyr. Ol bu sözi agzyndan gaçyran badyna Ependi:

– Gyzym, sen zeýtun iýmişini nesúe almakçy bolýarsyň. Ýaradanyň parzyny berjaý etmän, ony birnäçe ýyllap ýadyndan çykaran adam, bendesine bermeli karzyny-ha ýadyna-da salmaz – diýip, oňa zeýtuny nesýe bermändir.

## Kellesini alyp gitsin!

Ependi özüne il ýüzüne ýasama hormat goýýan bir atlyrak adamyň irginsiz çakylygyna çydaman, bir gün onuňka myhmançylyga ugrapdyr. Myhman ýerine ýetiberende, öý eýesiniň penjireden jyklap duranyny görüpdir. Öý eýesi Ependiniň gelýänini görüp, derrew gizlenipdir.

Ependi gapa baryp:

– Eger zähmet bolmasa, öý eýesini çagyryň. Men onuňka görme-görşe geldim – diýipdir.

Gapynyň aňyrsyndan:

– Hojaýyn ýaňja çykyp gitdi. Ol siziň geleniňizi biläýse, öýde bolmanyna gaty gynanar – diýen ses çykypdyr.

Ependiniň gahary gelip:

– Aýby ýok. Ýöne siz oňa aýdyň. Indikide öýden çykanda penjireden jyklap, görene göz bolup durmaz ýaly, kellesinem ýany bilen alyp gitsin. Ýogsam, çagyrylanlaryň biri sögermi, nädermi? – diýipdir.

## Möjegi gyssama!

Günlerde bir gün Ependi daga odun ýygmaga gidipdir. Odun baryny ýygyp gaýtmakçy bolanda, daňan ýerinden eşegini tapmandyr. Görse, eşegini bir möjek öldürip, etini çekeläp duran. Şol wagt bir tarapdan bir adam çykyp, uly galmagal edip, ol möjegiň söbügine düşen. Möjegem ýapyýokary zymdyrylyp ugrapdyr. Muny synlap duran Ependi:

– A-ho-ow, ýagşy ýigit, möjegi beýle gyssamaweri! Dok möjek ýapyýokary ylgap, daljygaýmasyn! – diýip gygyranmyş.

## Bazar bolmazdy

Bir gün Ependi bazaryň köçelerinden geçip barşyna gaty sesi bilen:

– Haý, halaýyk, düýä ganat berilmänine şükür ediň-le ho-ow! – diýip gygyrypdyr.

Onda bir adam:

– Eger düýä ganat berläýende näme bolardy? – diýip sorapdyr.

Ependi:
– Bazar bolmazdy, gaty köp harapçylyk bolardy – diýipdir.
– O nähili harapçylyk? Bazar näme üçin bolmazdy?
– Äl, bolsa-da tüntaw ekeniň-ow, inim. Eger düýä ganat biten bolsa, ol uçmaly bolarmydy?
– Bolardy.
– Ol haýsymyzyň tamymyzyň üstüne gonsa, tamymyz ýykylarmydy?
– Ýykylardy. Ýöne onuň bazara näme dahyly bar?
– Aý, akmak, her gün işiň tam ýykyp, tam salyp ýörmeli bolsa, bazara kimiň eli degjek?

## Ependiniň hyrydary aldaýşy

Şäherde üzüm nahalynyň bahasy gaty arzan eken. Bu arzançylyk bada-bat alyjylara ýetipdir. Alyjylaryň biri Ependiniň ýanyna gelip, nahalyň bahasyny entek hem aşak düşürmäge kömek etmegini sorapdyr. Ependi muny eşidip, nahal satýanyň ýanyna baryp bir zatlar hümi-sümi edipdir.
Netijäniň näme bolandygyny bilmek üçin hyrydar gelen badyna Ependi:
– Baryny aýdyşyň ýaly edendirin. Ýöne, birneme hysyrdy boldy. Nahal eýesiniň başyny-gözüni aýlandyryn. Garaz, seniň garaşyşyňdan hem beter yhlas etdim. Bulary diňe seniň hatyraň üçin etdim. Neneň, bolupmy? – diýen. Hyrydar begenjinden ýaňa towsaklamaga başlapdyr.
Şol ýerde Ependi:
– Öz bähbidimem unudan däldirin. Gaty görüp dagy edäýmegin – diýipdir.
Ol adam:
– Aýdýanyň näme, heý-de bir gaty görerinmi? – diýipdir. Haýsy, akmak öz bähbidini unudar. Hany aýt, nämejikler etdiň?
– Nahallar mugta barabar bolansoň, baryny özüm satyn alaýdym.

## Öňünden görlen çäre

Ependi jaý salnanda:
– Düşeme tagtalary üçege kak, üçek tagtalaryny-da düşemä kak – diýip, ussa tabşyrypdyr.
Ussa munuň sebäbini sorapdyr welin, Ependi:
– Men basym öýlenjek – diýip jogap beripdir.
– Ýeri, öýleneňde näme? – diýip, ussa geňirgenipdir.
Onda Ependi:
– Adam öýlenenden soň öýdäki zatlaryň barynyň agdar-düňder bolýanyndan seniň habaryň ýokmy? Men, ine, öňünden şonuň aladasyny edip ýörün – diýipdir.

## Biz ulumsy däldiris!

Ependi bir gürrüňçilikde özüniň keramatlydygy bilen öwnüpdir. Oturanlar:

– Biz seniň keramatyň baryny näbileli? – diýipdirler.

Ependi:

– Ynha, men haýsy daşy ýa-da agajy çagyrybildigim besdir, derrew ýanyma geler – diýipdir. Muny eşidenler:

– Bolýar, onda, hany şu garşyňda ösüp oturan agajy ýanyňa çagyr – diýipdirler. Ependi aýratyn bir owaz bilen:

– Eý, sen, nazarkerde agaç, meniň ýanyma gel! – diýip gygyrypdyr. Emma Ependi agajyň ýapragynyň-da gymyldamaýandygyny görüp, gahar edip, oňa tarap ýönelipdir. Ependä:

– Hany, agajy getirip, aýagyňa ýykyldyrjakdyň-la – diýenlerinde ol:

– Aý, biz-ä, çagyranymyzda gelmese, üstüne özümiz baraýýas, ulumsylyk edip duramzok – diýipdir.

## Ependi kaza we täjire nähili jogap beripdir

Günlerde bir gün baş kazy, täjir hem Ependi üçüsiniň başy jemlenipdir. Kazy dagy hem bir gep tapyp, Ependini ýanajak bolup:

– „«Köp geplän-köp ýalňyşar» diýen nakyl bar. Ýeri, Ependi, wagyz-nesihat edeniňde seniň hem ýalňyşan wagtlaryň bolupmydy? – diýipdir. Ependi oýlanyp durman:

– Hawa, tagsyr, bir gezek Gurhandan aýat okamda: «„Kazylaryň ikisi-de otda» diýmegiň deregine: „«Kazy otda» diýäýipdirin. Soňky gezek has uly ýalňyşlyk goýberdim: «„Ýalançynyň jaýy dowzahda» diýmegiň deregine: „«Täjirleriň jaýy dowzahda» diýipdirin. Täjir: «„Degme» diýdim-ä» diýen manyda kaza seredipdir. Ýene-de kazy:

– Bize seniň hötdäňden gelme ýok. Sen isleseň weli, dana bolup bilýäň. Bir görseň hem „şeýtana sapak beren mekir ýa-da gözi gyzyl öküz ýaly baryp ýatan göhert hem samsyk – diýipdir. Onda Ependi kaza dikanlap seredip:

– Ýok, tagsyr, beýle däl. Birinji aýdanyň heňe gelmänem duranok. Ýöne, mekir diýeniň ynandyryjy däl. Mekirlik üçin baş kazy bolmak gerek. Onsoň hem şu täjiriňki ýaly malym-pulum bolmasa, nädip samsyklyk edeýin? – diýipdir.

## Kerkiniň gyýny

Ependi çaga wagtlarynda beýleki oglanjyklar bilen harabaçylykda oýnaýan eken. Ýoldaşlaryndan biri bir jüp ädik tapypdyr. Oglanlar onuň eýlesine-beýlesine seretmäge başlapdyrlar. Emma onuň nämedigini bilip bilmändirler. Olar ädigi Ependä görkezipdirler. Ol sähelçe-de säginmän:

– Päheý, sizem-ä, şuny bilmän näme, kerkiniň gyýnydyr bu – diýipdir.

## Ependi oýanyp, äýnek dileýär

Gijäniň bir wagty Ependi uly basga galyp aýalyny oýarypdyr-da:

– Hany, heleý, tizräk bol-da, äýnegimi äber – diýipdir.
Aýaly äýnegini äberip, oňa näme bolanyny sorapdyr.
Ependi:
– Düýşümde örän geň-enaýy zatlar görünýär welin, käbirini äýneksiz seljerip bilemok – diýipdir.

## Ependiniň gyzyna beren öwüdi

Bir gün Ependi gyzyny durmuşa çykarypdyr. Atbaşçy ugrap, eýýäm arany açan eken. Ependi olaryň yzyndan kowup başlaýar. Birhaýukdan soň demi-demine sygman sojap, olaryň yzyndan ýetipdir. Gelniň daşyny gabap oturan aýallary eýläk-beýläk itişdirip, gyzynyň alkymyna süsdürilip barypdyr. Töwerek-daşyndakylaryň hemmesi geň galyp seredip duran ekenler. Ependi bolsa gyzyna:
– Gyzym, tikin tikeniňde iňňä sapak sapaňsoň, ujuny düwmekligi ýadyňdan çykaraýmagyn. Ujuny düwmeseň, ol derrew iňňeden sypar. Eliňdäki iňňe bolsa, boş galar – diýip öwüt beripdir.

## Ependi näme üçin puly gowy görýär?

Bir gysganç adam Ependiden:
– Sen puly gowy görýäňmi? – diýip sorapdyr. Ependi hem:
– Hawa, gowy görýän, sebäbi pul adamyny her bir ynsapsyz bahyla mätäç bolmakdan halas edýär – diýip jogap beripdir.

## Ependiniň bag ekişi

Ependi öz bagynda gündizlerine agaç ekip, gijelerine bolsa, eken nahallaryny sogrup, öýüne alyp gaýdýar eken.
Ondan:
– Ýeri, Ependi, bu näme etdigiň? – diýip sorapdyrlar.
Ependi:
– Bilip bolmaz, näwagt-näzamana. Ýadyňa-oýuňa gelmeýän zatlar bolup dur. Şonuň üçin «Garybyň maly gözüniň alnynda» – diýleni dogrudyr – diýip jogap beripdir.

## Gadyr-gymmatyny oňat biler

Ependiden näme dileseler, dilenen zady şol gün bermän, ertesi gün berýär eken. Onuň näme üçin beýle edýändigini soranlarynda Ependi: «Berýän zadymyň gadyr-gymmatyny oňat bilsinler» diýip şeýle edýärin – diýip jogap beripdir.

## Samsyk ogry

Ependi gijäniň bir wagty tamyň üstüne münen ogrynyň aýak sesine oýanypdyr. Ependi ogry eşider ýaly edip aýalyna:

– Öten agşam men öýe gelenimde gapymy näçe kaksam hem sen eşitmediň. Onsoň üçege çykyp şu dogany okadym-da, aýyň şuglasyndan asylyşyp, jaýyň içine girdim – diýipdir.

Ogry otýakara gulagyny tutup, Ependiniň okan dogasyny sözme-söz ýat tutup, ony çalasynlyk bilen okapdyr, soňra eli bilen aýyň şuglasyndan ýapyşan şekilli hereket edip, ýuwaşlyk bilen aşak düşmekçi bolupdyr. Emma ol otýakardan güwläp aşak gaýdypdyr. Ependi zähresi ýarylan ogrynyň ýanyna atylyp barypdyr-da, onuň kekirdeginden ebşitläp tutup:

– Keýwany, çaltrak çyra getir. Men ogry tutdum – diýip gygyrypdyr.

Ogry ejizläp:

– Gyssanma, rehim et! Seniň dogaň şeýle gudratly eken, şeýle paňkelle bolanym sebäpli, aňsatlyk bilen seniň eliňden sypyp bilmerin – diýipdir.

## Utanjyma bukuldym

Günlerde bir gün Ependiniň öýüne ogry giripdir. Ogry öýüň içini elek elän ýaly edipdir, emma ogurlap alar ýaly hiç zat tapmandyr. „«Belki, şu sandygyň içinde bir zat bardyr» diýip, ogry pikir edipdir. Ol sandygyň içini açyp görse, onuň içinde Ependi oturanmyş.

– Sen asyl bu ýerdemiň? – diýip, zähresi ýarylara gelen ogry ondan sorapdyr.

– Hawa, öýmüzde ogurlara hiç zadyň ýokdugyna utanjyma sandyga giräýdim – diýip, Ependi jogap beripdir.

## Jahyl wagtyň hem alyp barýan galaň ýokdy

Günlerde bir gün Ependi ata münmekçi bolupdyr. At juda daýaw bolansoň, ol näçe jan etse-de, münüp bilmändir.

– Wah, garrylyk köseýär-dä! – diýip Ependi dillenipdir. Soňra töweregine göz aýlap, hiç kimiň ýokdugyny anyklanyndan soň öz-özüne:

– Aý, jahyl wagtyň hem alyp barýan galaň ýokdy-la! – diýip, aýdanynyň üstüni ýetiripdir.

## Goý, olaryň özleri göçsün!

Bir sebäp bilen birnäçe adam Ependiniň üstünden kaza arz edipdirler. Kazy Ependini çagyryp:

– Käbir adamlar seni halanok. Sen nirä-de bolsa bir ýere göçmeli bolarsyň – diýipdir.

– Ýok, men olary halamok. Goý, olaryň özleri nirä göçesleri gelse, göçäýsinler. Olar köplük, baran ýerlerinde oba bolup oturyp biljekler. Men bolsa ýeke, garrapdyryn. Indiden soň men nirä göçeýin! – diýip, Ependi jogap beripdir.

## Ependiniň ýaý atyşy

Ýaz aýlarynda Teýmirleň öz esgerlerini meýdana çykaryp, olara ýaý atmakda türgenleşik geçirmekligi buýruk beripdir. Ol Ependini hem ýany bilen alyp gidipdir. Ýolda barýarkalar, Ependi:

– Wah, ýaş wagtlarym meniň neneňsi ok atandygymy siz gören bolsadyňyz? – diýip öwnüpdir.

– Eger siz ýaş wagtyňyz oňat atan bolsaňyz, şu wagt hem siziň okuňyz nyşanadan sowa geçmez – diýip, Teýmirleň Ependä ýaý bilen üç sany peýkam beripdir.

Ependi ýerliksiz öwnendigi üçin özüne gargan hem bolsa, peýkamlary alyp nyşanadan atmakdan başga çykalga galmandyr. Ol „«Eger nyşanany urup bilmesem, Teýmirleň biderek öwnenimi inime siňdirmese gerek. Näme etmeli!» diýip, içinden pikir öwrüpdir.

Onsoň Ependi hilä baş urmaly bolupdyr.

– Duşmanlaryň goşun başlygy şeýle atardy – diýip ilkinji oky atypdyr, peýkam nyşana degmändir.

Teýmirleň ýerine düşen degişmä ýylgyrypdyr.

– Şäher häkimi hem beýle atardy – diýip, Ependi ikinji oky atypdyr. Peýkam ýene-de nyşanadan sowa geçipdir.Teýmirleň gaşyny çytypdyr.

Ependi aljyraňňylyga düşüp, üçünji oky atanda degişme sözleri aýtmagy hem ýadyndan çykarypdyr. Üçünji peýkam säwlikde nyşana degipdir. Ependi ýeňillik bilen uludan dem alypdyr-da:

– Tagsyr, Ependi bolsa şunuň ýaly atardy – diýipdir.

## Çydamly janawar

Ependi gyşyň örküjinde özüniň gallasynyň azalyp ýörenini duýupdyr. Onsoň ol: «„Eger eşegiň iýmini birneme kemeldäýsem neneňsi bolarka?» diýip, oňa öňki berýän iýminden az-owlak kem beripdir. Görse, eşegi ozalkysy ýaly dikgirdäp ýör.

Aradan ep-esli wagt geçensoň, ol ýene-de onuň iýmini kemeldipdir. Eşek ýene-de öňki katdyny saklapdyr. Muny gören Ependi onuň arpasyny azaldyp, ýarpa getiripdir. Dogrusy, eşek janawar şonda bir ýuwaşan ýaly bolupdyr. Emma Ependi onuň bolşuny iýminiň kemelendigine ýormandyr. Kem-kemden Ependiniň gözi öwrenişip, eşegiň şol öňki guratlygydyr öýdüpdir. Bir aý töweregi wagt geçensoň, ýarpyny-da doly bermän, ony ýene-de kemeldip başlapdyr. Eşek sortduryp ugrapdyr. Soňabaka uzak wagtlap ýatmany çykarypdyr. Ahyryn saman iýmekden hem galypdyr. Şol döwürlerde Ependi oňa ýekeje goşawuç arpa berýän eken.

Bir gün irden Ependi ýataga barsa, eşegi ölüp ýatyrmyş. Ependi muny görüp:

– Wah, wah-ýeý, janawar, oraza tutmagy ýaňy öwredip barýardym welin, arman ölüm ara sokuldy-da – diýip gynanypdyr.

## Hakyky suwy dadyp gör

Bir gün Ependi deňziň kenarynda gezip ýörkä suwsap, şor suwdan birazrak dadypdyr. Şor suwdan suwsuzlygy ganmag-a beýle-de dursun, gaýta öňküden hem beter bokurdagy gurap, ýüregi bulanyp ugrapdyr. Ol birazajyk öňe gidip, süýji suw tapypdyr. Ependi ondan mazaly ganypdyr. Soň goşawujyny dolduryp, getirip deňze döküpdir we deňze ýüzlenip:

– Ner kimin agzyňdan ak köpük saçyp, çyrpynyp durma-da, me, hakyky suwuň nähili bolýandygyny dadyp gör! – diýenmiş.

## Ädikçiniň hataryndan

Bir gün Ependini toýa çagyrypdyrlar. Ol täze köwşüni geýip toýa barypdyr. Gapynyň agzynda onda-munda dagaşyp ýatan köwüşleri görüpdir, emma ol köwüşlere hiç kim esewan bolmaýar eken. Ependi köwşüni çykaryp, ýaglyga düwüpdir-de, goltugyna salypdyr.

Otagyň içinde myhman kän eken. Onsoň Ependä hem oturmak üçin ýer görkezilipdir. Ependi goltugyndaky düwünçegi hem aýyrman, halynyň üstüne çöküpdir. Gapdalynda oturan adam:

– Goltugyňyzdaky seýrek duş gelýän kitap bolsa gerek? – diýip sorapdyr.

– Elbetde, şol – diýip Ependi dillenipdir.

– Eger gizlin bolmasa aýdyň, onyňyz nähili kitap, ylmyň haýsy ugrundan?

– Aý, söwda ugrundan-laý...

– O-ho-ow, siz ony seýrek kitaplar satylýan ýerden aldyňyzmy? Ependi:

– Ýok. Men ony ädikçileriň hataryndan satyn aldym – diýip jogap beripdir.

## Ependi we aýy

Günlerde bir gün Ependi dagyň içi bilen barýarka, äpet bir aýy görüpdir. Ependi şol bada agaçlyga tarap gidipdir-de, bir beýik armyt agajyna dyrmaşyp çykypdyr. Aýy gelip agajyň aşagynda ýatypdyr. Ependi ep-esli wagt garaşypdyr, emma aýy gitmändir. Ahyry aýy arkaýynlyk bilen armyt iýmek üçin agajyň aşaky şahalaryna münüpdir. Aý aýdyň bolany sebäpli aýynyň armytlary alyp agzyna dykýandygyny Ependi synlap otyrypdyr. Aýy öte bişen armytlary gözläp, ýokaryk dyrmaşdygyça, Ependi ondan gaçyp, agajyň çür başyna çykypdyr.

Ependiniň kalbyna howsala aralaşypdyr. Şondan soň edil gyzzyrma tutýan ýaly galpyldap başlapdyr. Ol: «Meniň başymda gorkunç ölüm bar» diýip, sandyr-sandyr edýän eken. Aýy bolsa garabaşyna gaý bolup, aýyň ýagtysyna öte bişen armydy saýlaýar eken. Ine, birden ol bir armydy Ependiniň edil alkymyna eltip synlapdyr. Ependi armyt özüne hödür edilýändir öýdüp:

– Tagsyr, taňryýalkasyn! Men armyt iýýän däldirin – diýip, gorkudan ýaňa zörledipdir.

Aýy bu jynssyz sesi eşidip, nämäniň-nämedigine düşünmän, oturan şahasyny omrup, arkanlyga tarap aşak gaýdypdyr. Ependi bir seretse, aýy ýere ýazylyp ýatyrmyş. Şonda-da ýere seretmäge onuň bogny ysmandyr.

Ertesi irden seretse, aýynyň heniz hem şol bir ýatyşymyş. Ependi ony ölendir hasap edipdir. Her halda ätiýajy elden bermän, agaçdan sallanyp, aýagynyň burny bilen ony yralap görüpdir. Dogrudan hem, onuň ölendigine gözi ýetensoň, pyçagyny çykaryp, «„Bismilla!» diýip, ony soýmaga başlapdyr.

Şähere tarap bazara barýan daýhanlar onuň bir iş bilen meşgul bolup duranyny görüp, Ependiniň beýle äpet aýyny öldürip bilşine geň galyşyp:

– Baý-ba-ýow! Beýle aýynyň penjesine düşäýseň, süňňüňi saklap bolmaz – diýşipdirler.

Ependi bolsa, göýä diýersiň, üýtgeşik bir zat bolmadyk ýaly:

– Aý, bu ýerlerde aýylar köpelipdir. Olary öldürmeseň, armytlaryň hemmesini iýip, adamlara zat goýjak däl – diýip, parhsyz äheňde gürläpdir. Soňra bolsa mekirlik bilen ýylgyrypdyr.

## Üzüm çybygy

Ependi üzüm çybyklaryny oturdyp ýören eken. Muny gören dostlarynyň biri:

– Olar haçan ýetişer, haçan hasyl berer? Seniň özüň-ä olardan bu golaýda üzüm dadyp bilmersiň? – diýipdir.

Onda Ependi:

– Rast aýtdyň! Ekenlerinden-ä iýdik, indi adamlar ekenlerimizdenem iýsinler-dä – diýip jogap beripdir.

## Kyrk sowala bir jogap

Günlerde bir gün şähere ady belli jedelçi pelsepeçi gelipdir. Ol:

– Siziň şäheriňizde iň alym adam kim? – diýip, adamlardan sorapdyr.

Oňa Ependini görkezipdirler.

Pelsepeçi oňa:

– Ependi, meniň saňa kyrk sowalym bar. Sen bir sözde şolaryň hemmesine jogap bermeli hem-de meniň düşünmeýän zatlarymy düşündirmeli – diýipdir.

Ependi biparhlyk bilen:

– Beýle bolsa aýdyberiň – diýip, onuň berýän soraglaryny üns berip diňläpdir-de:

– Bilemok – diýip jogap beripdir.

Şeýdip ol garşydaşyndan üstün çykypdyr.

## Ependiniň hasap ýöredişi

Teýmirleň şäher häkiminiň hasabat işini derňän wagtynda bahana arap, ony salgyt pullaryny iýmekde aýyplapdyr. Teýmirleň onuň hasap depderini ýyrtym-ýyrtym edip, olary zorluk bilen şäher häkimine iýdiripdir. Soňra ol Ependini çagyryp, oňa salgyt ýygnamak işi bilen meşgul bolmagy buýrupdyr.

Älem hökümdarynyň buýrugyna garşy bolmak, öz boýnuňa özüň syrtmak atan ýalydy. Onsoň Ependi täze wezipede işläp başlapdyr.

Aradan bir aý geçensoň, Teýmirleň Ependini ýanyna çagyryp, salgyt hasabyny talap edipdir. Ependi hasap depderiniň deregine, ýüzüne san bary ýazylan çöregi oňa uzadypdyr.

Teýmirleň gaharly ýylgyryp:

– Bu näme etdigiň? – diýip, ondan sorapdyr.

– Eý, hökümdar! Siziň sadyk guluňyz hasaby çöregiň ýüzüne ýazyp ýöredäýipdir, sebäbi siziň sadyk guluňyzyň aşgazany gurat bolmany üçin, diňe şular ýaly zatlary özleşdirip bilýär – diýip, Ependi mysapyrlyk bilen jogap beripdir.

## Ine, seniň daýyň ýaşaýan ýeri

Günlerde bir gün Ependi öýlerine gelende, öýünde bir nätanyş adamynyň oturanyny görüpdir.

– Sen kim bolarsyň? – diýip, Ependi sorapdyr.

– Men Hudaýyň ýegeni – diýip, ol jogap beripdir. Ependi emaý bilen onuň goltugyndan tutupdyr-da, ony metjide alyp gelip:

– Eger sen Hudaýyň ýegeni bolsaň, onda, ine, şu seniň daýyň ýaşaýan jaýy – diýip, ony taşlap gidipdir.

## Ölendigini özi habar berdi

Günlerde bir gün Ependi bir zatdan gaty gorkup ýykylan eken. Şonda ölendirin öýdüpdir. Ol şol ýatyşyna uzak wagtlap turmandyr. Emma ony galdyran adam bolmandyr. Wagtyň geçmegi bilen Ependi gaty ajygypdyr. Onsoň ol öýüne gelip nirede we neneňsilik bilen ölendigi barada aýalyna gürrüň beripdir. Garnyny doýransoň, ýene-de şol öňki ýerine gelip, edil öňküsi ýaly hem ýatypdyr. Aýaly ses edip, saçlaryny ýolup:

– Ärim ekin meýdanynda tarpa-taýyn jan beripdir – diýip, goňşy-golamlaryna habar beripdir. Gaýgy-gama gark bolan goňşy aýallar:

– Näme bolup ölüpdir. Onuň ölenini kim habar berdi? – diýip soranlarynda:

– Wah, betbagt Ependiniň ýanynda kim bolar öýdýäňiz? Onuň özi gelip habar berip gitdi – diýip, aýaly jogap beripdir.

Ol şu sözleri aýdansoň, ählisi Ependiniň «„ölen» ýerine eňipdir.

## Ol aýdan zadyny edýändir

Bir gün Ependi şähere barypdyr. Ol ýerde hem bir şäherli bilen tanyş bolupdyr. Şäherli:

– Ependi, sen meniň göwnümden turduň. Ýör, gideli, oturarys, gürrüň ederis, men saňa duz-çörek hödür ederin – diýip, ony öýüne äkidipdir.

Olar gidipdirler. Öý eýesi saçak ýazyp, edil aýdyşy ýaly, Ependiniň öňünde bir döwüm çörek bilen bir çümmük duz goýupdyr.

Şol wagt bir gedaý gapa gelip, sadaka bermeklerini sorapdyr. Husyt öý eýesi äpişgeden kellesini çykaryp:

– Hany, jähennem bol, şu ýerden, «jähennem bol» diýilýär. Eger çykaýsam, böwrüňi garaldaryn – diýipdir.

Ependi hem oňa penjireden:

– Eý, bende! Sen muňa beýleki adamlar ýalydyr öýtme. Ol oýun edýän däldir. Öz sözüniň üstünde durýandyr. Ol aýdýan zadyny edýändir – diýip gygyrypdyr.

## Atasyz molla

Bir gün oba mollasy Ependä:

– Ependi, sizem ataňyzyň ruhuny ýatlap, janly öldürip, hudaýýoly berseňiz oňat bolardy – diýen.

Onda Ependi:

– Molla aga, ilki özüňiz bir ataňyzy ýatlap, sadaka berseňiz, soňra bizem senden görelde alardyk – diýipdir.

Onda molla:

– Ependi, sen-ä akmak ekeniň, näme meniň molladygymy bilmeýäňmi? – diýipdir.

## Oraza günleri

Oraza tutulýan günleri Ependi açlygyna çydaman, gündiziň günortany saçagyň başyna geçip, nahar edinipdir. Muny goňşusy görüp:

– Ýeri, molla Ependi, näme Hudaýy äsgermezlik edýärsiň, o dünýäde jogap bermeli borsuň – diýipdir. Muňa Ependiniň gahary gelip:

– Kimmişin o dünýäde jogap berjek, o dünýäde jogap bermeli bolsa, ilki sen bermeli. Sen gündizine on sagat oraza tutýan bolsaň, men gijesine on dört sagat tutýaryn – diýip jogap beripdir.

## Adym Hudaýguly welin...

Günlerde bir gün Ependi Buharanyň bazarynda aýlanyp ýörkä, emiriň ýasawullary:

– Sen kim bolarsyň? Özüň-ä bu jelagaýlaryň adamy däl ýaly? – diýip sorapdyrlar. Ependi hem:

– Men – Hudaý – diýip jogap beripdir.

Ýasawullar:

– Häý, dinden çykan päleket, sendenem bir Hudaý bormy? – diýip, urup-urup usurgadypdyrlar, soňra-da süýräp, emiriň köşgüne eltipdirler.

Emir ondan:

– Eý, dinden çykan, Hudaýyň adyna ysnat getirýän senmi? – diýip sorapdyr.

Ependi:

– Tagsyr, meniň adym Hudaýgulydyr. Emma siziň ýasawullaryňyz adymyň birinji ýarymyny – „«Hudaýy» aýdyp, „«gulusyny» diýmäge ýetişmänkäm, urup ýykdylar – diýip, şikaýat edipdir.

Emir gahar-gazaba münüp, Ependini alyp gelen nökerleriň hersine kyrk dürre urmagy buýrupdyr.

## Orazam bozular-da...

Ependi mekdepde okaýarka, gaty ýakymsyz eken. Bir gün ol ýakymsyzlyk edip, beýleki oglanlaryň okamagyna päsgel berýän eken. Oraza aýynyň bir güni mollasy Ependä:

– Ependi, garagolluk etme, bolmasa taýak iýersiň – diýipdir.

Onda Ependi:

– Molla aga, taýak iýsem, orazam bozular-da – diýipdir.

## Tapawudy ýok

Ependi kazyçylyk edýärkä, bir sopy onuň ýanyna gelip, arz edipdir.

– Pylan metjidiň sopusy geçen gije gelip, metjidimizden namazlyklary ogurlap, öz metjidinde goýupdyr.

Ependi:

– Metjidiň ikisem Hudaýyň öýüdir, onsoň namazlyklar haýsy ýerde bolanda-da tapawudy ýok – diýipdir.

## Molla galmazdy

Bir gün Ependi ýol bilen gidip barýarka, öňünden bir topar çaga bilen bir molla çykypdyr. Ependi molladan:

– Çagalary nirä alyp barýaň? – diýip sorapdyr.

Onda molla:

– Çagalara Hudaýdan ygal dilegini etdirjek, Hudaý çaganyň dilegini eşitgiç bolýandyr – diýen.

– Eger çagaň dilegini Hudaý diňleýän bolsa, bu wagta çenli ýeriň ýüzünde bir molla-da galmazdy – diýip, Ependi gidiberipdir.

## Laýa goşjak

Ependi saman ogurlamaga baranda, sakçy onuň ogurlygynyň üstüne gelip:

– Aý, Ependi, munuň gowy däl – diýende, Ependi:

– Aý, zeleli ýok, men muny laýa goşjak ahyryn! – diýip jogap beripdir.

## Özüm gaýdyberdim

Bir gün Ependi biriniň bagyna üzüm ogurlamaga baranda, eýesi ony görüp:

– Eý, Ependi, bu işiň saňa gelşenok – diýende, ol:
– Aý, başga-da iberere adam tapmamsoň, özüm gaýdyberdim – diýip jogap beripdir.

## Arkaýyn bolaý

Bergä batan bir adam Ependiniň ýanynda:
– Şu bergilerimi üzüp bilsem, onsoň Ezraýyl janymy alsa-da owarram – diýen. Ependi:
– Sen bergileriňden dynýançaň, Ezraýyl garrap, seň janyňy almaga ýarasam ýok-la, ondan ýaňa arkaýyn bolaý — diýip oňa göwünlik beripdir.

## Ependi we ogry

Ependi bir gün bazara baranda jübüsindäki puluny ogurladaýypdyr. Töweregine garanjaklasa, bir adam aýagaldygyna gaçyp barýar eken. Ependi onuň söbügine münýär. Gündiziň güni ele düşjegine gözi ýetensoň, ogry Murgap derýasyna özüni urup, aňyrsyna ýüzüp geçipdir. Ependi ýüzüp bilmänsoň, bialaç, bärki kenarda durmaly bolupdyr. Ogry pul eýesiniň derýadan geçip bilmejegine gözi ýetensoň, o kenarda arkaýyn oturyp, puly sanamaga başlapdyr.
Ependi durup bilmän:
– Eý, halypa, pul-a aldyň welin, sanyberi dogrumy? – diýip gygyrypdyr.

## Wah, aňňyrmadygyna gynanýan

Günlerde bir gün Ependiniň eşegi ölenmiş. Ol muňa gaty gynanyp aglanmyş.
Dostlary Ependä:
– Ependi, ölen bir eşek bolsun, onuň üçin hapa bolma. Jemlenip ýene-de birini satyn alyp bereris – diýenmişler.
Onda Ependi:
– Wah, dostlar, men eşegiň ölenine gynanamok. Onuň ömründe otdan doýup, uzyn sesine aňňyrmadygyna gynanýan – diýenmiş.

## Kim akmak?

Bir gün Ependi eşegini satmaga bazara eltip jellaba tabşyrypdyr. Jellap eşegi bazarda gezdirmäge başlan. Ol:
– Ýorga eşek aljagyň gel how, üsti rahat, ýola düşende üstünde çaý içip oturmaly, özem ulygyz ýaly, ýuwaş, ýaş, sagdyn... – diýip taryplamaga durupdyr. Hyrydarlar üsti-üstüne gelip: „«Kim ýokary?» baha goýjak diýşip, eşegiň bahasyny ýokary göterip başlanlar. Ependi jellabyň eşegini taryplaýşyny hem-de hyrydarlaryň basa-bas bolşuny görüp:

– Be-ýeý, eşegim şeýle taýsyz oguşýan. Gel, muny ile ýetirmän, özüm satyn alaýyn-la – diýip oýlanypdyr. Ol hyrydarlaryň beren bahasyndan hem ýokary diläpdir. Şunluk bilen eşek ahyry Ependiniň elinde galmaly bolan. Ependi eşegiň bahasyny jellaba sanap beripdir-de, eşegi alyp gaýdan. Ol bazarda bolan wakanyň barysyny agşam çaýyň başynda aýalyna gürrüň beripdir.

Aýaly Ependiniň gürrüňini diňläp:

– Wiý, hakydam gursun, şu gün menem bir geňsi zadyň üstünden bardym. Öýümiziň gapdalyndan gaýmak satýan geçip barýan eken. Men ony görenimden sakladym-da, bärik çagyrdym. Ol maňa gaýmak çekip berende, men bildirmän, ýuwaşlyk bilen tereziniň üstünde öz bilezigini goýdum-da, gaýmakly käsäni alyp, öýe bakan düwdenekläýdim – diýipdir.

Ependi munuň gürrüňini diňläpdir-de:

– Alla ikimize kuwwat bersin! Men daşardan, senem içerden, garaz, ikimiz iki ýerden şeýdip, öýümizi bir düzedeli – diýipdir.